ULUGYZ (Şirinjemal Geldiýewa)

— Eje...

Düşelgä ýetip gelýän gyz sakga aýak çekdi. Onuň utanjyndan gulaklaryna çenli gyzardy.

Gaýmaklap duran ýuwkajyk dodaklary tirpildedi. Gyzyň ýagdaýyndan bihabar çaga ylgawyny

ýazdyrman, ony mäkäm gujaklady. Aýallaryň biri kömege ýetişdi.

— Diliňe döneýin, eziz bala! Dürje eje-dä, şo!

Dürjemal çagajygy gujagyna aldy. Sessiz-üýnsüz bagryna basdy. Ýüzüni çaganyň döşjagazynda

gizledi.

Şeýdip ulugyz eje boldy.

Dürjemal jorasynyň agysyny aglasa-da, ölümine ynanmady uzak wagtlap göwnüne Nurnabat

gyzjagazyny göterip, döleleriniň aňrysyndan ýyljyraklap görünäýjek ýaly bolup duýuldy.

Nurnabadyň şol bir gatnaýan ýodajygyna seretdi ýördi. Jorasyndan oňa ýatlamalar bilen diňe

janlyja ýadygärlik galdy.

Bir gün giçlik Dürjemal işden gelşine, Nurnabadyň gapysyny ýapdy-da, öýlerine sowuldy.

Nurnabadyň tamdyrynda çörek bişirip duran aýal bedresindäki suwy gahar bilen köçä serpip

goýberdi-de, hüňür-hüňür etdi. Dürjemal kilwanyň aýalynyň özüne bir zat kakdyrýandygyny

aňdy-da, ökje ogurlady.

— Doýa garny doýmadygam, irbärisiräp çaga eklejek. Iräýipdiris halys. Ine-gana çörek bişirjek

gümanyň ýok. Gedaý ýaly ellerini serşip ömür gapdalyňda. Eýgereňokmy, elt -de ber-dä, şähere!

Kilwanyň aýaly öňem bir gezek awusyny pürkensoň, içi kitüwli gyz gahary geldi-de, bu gezek

geçirimlilik edip bilmedi yzyna öwrüldi:

— Diliňi ýyg! Gedaýam, ogram sizden öňe geçýän däldir. Gedaý diläp alýandyr, bermeseň,

gider. Siziň nädip alýanyňyzy  bilmän durandyr öýtmegin! Bolduň meň başyma zatly heleý. Ilden

bir utan! Ogurlap almak, iliň daban azabyny iýmek, iň erbedi şoldur!

— Nirede meni ogurlykda tutduň, haýasyz! Gyz halyna heleý çykan salaty. Duruber bakaly,

ojagaz diliňi damagyňa gidermesem, kimiň ogry, kimiň dogrudygyny aýtdyrmasam meňem

adam bolmadygym. Kemally bolsaň, är alardy. Beýdip çem gelen ýetimi boýnuňdan asyp entäp

ýörmezdiň. Hol, ilerki köçede-de barmyş bir ýetim. Ýygna şonam!

Çöregini ýanbaşyna alyp siltenjiräp ugran aýalyň tä öýlerine barýança sesi galmady.

— Diliň gursun, ýalan sözlände agzam gyşaranok munuň – diýip, Dürjemal ýüregi dolup

özbaşyna gürledi.

Agtygynyň ýüzüni ak tam edip gelişini geňirgän garry atasy tirsegine daýandy-da Dürjemala

çiňerildi.

— Eýgilikmidir, guzym?!

Garrynyň başujunda oýnap oturan gyzjagaz düwdenekläp, onuň aňyrsynda bukuldy. Gorkusyna

eljagazlaryny ýüzüne tutup, barmaklarynyň arasyndan jyklady. Gahary gelip duran gyzy bu

ýagdaý gowşatdy. Onda-da Mährini ýanyna çagyrdy.

— Hany, gel ýanyma!

— Urýaň-a!

— Urmaýyn.

Gyzjagaz gorkujygyna ýaýdanjyrap Dürjemalyň gapdalyna gelip durdy. Gyz onuň gulagyndan

ýuwaşja çekdi.

— Ol gün men saňa näme diýdim. Çykdymy eýýäm ýadyňdan. Tamdyryň başyna barma

diýmedimmi?

— Meni Hesel äkit-dä!

— Allatma!

Gyzjagaz özüne ynam edilmedigine namys etdimi, onuň dodajyklary müňküldedi. Gözüniň

owasy ýaşdan doldy.

Durjemalyň atasy başyny ýassykdan galdyryp, agtygyna gamly hem aladaly seretdi. Ol indi bir

ýyl bäri düşege baglanypdy.

— Çaga azar berme, oglum! Şu gün şonda günä ýok. — Ol şeýle diýdi-de, sermenekläp

ýassygynyň aşagyndan bir barmak çörek tapyp, ony Dürjemala uzatdy.

Gyz Mähriniň gulagyny goýberip, çöregi onuň eline tutdurdy.

— Şuny kimden alan bolsaň, derrew eltip gel!

Gyzjagaz içi-içine sygman sojap durşuna bir nana, bir-de Dürjemala seretdi. Gultundy. Onsoň

aglamjyrap gapa ýöneldi.

Şundan soň, Dürjemal goş haltasyny ýerde goýup, ýygyp gelen ajybalgazyny düýbemäge oturdy.

Mähri yzy bilen öwrülip geldi. Onuň elinde çörek ýokdy. Aradan üç gün geçensoň bu hakda

gürrüň berdi. Ol çöregi hiç kimiň eline bermän, pejiň üstünde goýupdyr-da, sesini çykarman

yzyna dolanypdyr.

Kilwanyň gyzy çöregi göterip Mähriniň yzyndan ylgapdyr.

— Gelme! – diýip, Mähri aýak çekipdir-de, gygyrypdyr.

— Alaý-da – diýip, gyz çöregi uzadyp, özelenip ýalbarypdyr. Muňa Mähriniň hasam gahary

gelipdir-de onyň döşünden itip goýberipdir.

— Sen gowy däl, gowy däl. Öň-ä beren bolýaň, yzyndanam Dürje ejeme aýdan bolup. Bar git,

git öýüňize!

— Men-ä Dürje ejeňi göremogam – diýip gyzjagaz müýnürgäpdir.

Gyz yzyna dolanýança, Mähri duran ýerinden bytnamandyr.

Mähri gelşine Dürjemalyň ýüzüne bakman, atasynyň aňyrsyna geçip, torsarylyp oturdy.

— Gel ýanyma – diýip, Dürjemal başyny galdyrman ýuwaşja aýtdy.

— Juk, sen maňa käýýediň.

— Sen käýidýäň-dä meni, Mähri jan!

— Dilemedim diýdim -ä. Ynanaňok-da sen.

— Indi almagyn, Mähri jan. Gel, men seni ogşaýyn!

Mähri bytnamadam.

Öňem bir gezek Mähri tamdyryň başyna barypdy. Şol gezek hut emenip barypdy. Şonda

Dürjemal ony silterläpdi. Yzyndanam gyzjagaza ýüregi awap aglapdy. Şondan soň, Mähri

tamdyryň başynda görünmändi.

Dürjemaldan çekindimi nämemi, kilwanyň aýaly öwrülip Nurnabadyň tamdyrynda çörek

bişirmedi.

Bir gün Dürjemaly başlyk çagyrdy.

Gyz howsala düşdi. „Mähri üçin çagyrýandyrlar. Ony menden aljakdyrlar”.

Hossarsyzlaryň çagalar öýüne alnyp gidilýändiginden gyzyň habary bardy. Çaky dogry çykdy.

Başlygyň jaýynda del adamlaram bardy. Ol özüne berlen soraglaryň hemmesine şol bir jogaby

berdi. Çytylyp hem gyzaryp, aşaky dodagyny dişläp, oturşyna „Mährin-ä bermerin” diýdi oturdy.

Oturanlaryň Dürjemaldan beletdikleri üçin onuň jogaby myhmandan özgesini geňirgendirmedi.

Etrapdan gelen wekil başyny galdyryp, on sekiz ýaşasa-da gyzyň entek çagalyk alamatlaryndan

şeýle bir saplanmadyk erjel hem sadalaç ýüzüne içgin seretdi. Soň bir ýakymly ýylgyrdy.

Yzyndanam: „Sen-ä gönümel ekeniň, jigim” diýdi.

Başlygam, beýlekilerem närazy bolansoň, wekil ýerinden galdy-da, Dürjemalyň ýanyna geldi.

Oňa hoşamaýlyk bilen şeýle diýdi:

— Jigim, sen gaýdyber. Biz habar tutup durarys.

Dürjemal ýerinden gozganmady-da, gözüni tegeläp nätanyşa seretdi. Wekil gyzyň howsalasyny

şol bada aňdy-da, nagt jogap berdi:

— Jigim, arkaýyn bolaý! Göwnemeseň aljak bolup durmarys. Kömegem bereris.

Dürjemal ýöräp däl-de, uçup gaýtdy.

Gyzyň Mährini „alyp giderler” diýen  bükküldisi aýryldy. Hossarlar-a daşgynrakdygyndanmy,

gyz ulalýança gara bermediler. Ertesi Dürjemal işden gelende, jorasy Heseliň ejesi käýinip öýe

girdi. Ol bir käse bulamak getiripdir.

— Üç bolup ýalbaryp iýdirip bilmedik, dikdüşdi munyň, Dürjemal! Iýesiniň gelýäninem bilip

duryn.

Mähri utanyp ýere bakdy, Heseliň ejesi çykyp gidýänçä, käsä elini uzatmady.

Agyr iş, ýeter-ýetmez gün, ysmaz keseline ýolugan garry atasy bilen tutaklaşyp, Dürjemal agyr

ýyllary, galyberse-de, gül ömrüniň ajaýyp pursatlaryny arka atdy. Dürjemalyň kakasyndanam

habar-hatyr bolmady. Urşa gidişi-gidişi boldy. Ejesinden bolsa gyz ir galypdy. Dürjemala

öýlenjek bolup azar berenem, gyzy tüýs ýürekden söýüp, agyr ýyllarda oňa duýgudaşlyk

edenlerem boldy. Gyz bir adama baş galdyrmady. Şol agyr ýyllarda Dürjemal -a Mährä,

gyzjagazam oňa ysnyşdy. Mähri gyzyň garry atasyna-da güýmenje boldy.

Gyzjagazyň semene bukuşyny welin, Dürjemal soň-soňlaram ýatlady ýördi.

Bir gezek Mährä goňşularynyň biri bir käsejik semene beripdir. Gyz ony göterip garry atasyna

tarap ýönelipdirem. Birdenem kürtdürip durupdyr. Yzyna seredipdir. Garry gyzyň bolşuny

geňirgäp „Mähri jan, otur, otur-da iýäý özüň” diýipdir.

— Ata, seň iýesiň gelenok hä! – diýip, gyz birhili naýynjar sorapdyr.

— Ýok, ýok iýäý-gyzym – diýip, garry ýene ýalbarypdyr.

Mähri käsäni gap böwürde goýupdyr. Üstüne-de köneje ýaglygyny ýapypdyr. Onsoň uludan bir

demini alyp, çykyp gidipdir. Soňam telim gezek käsäni barlapdyr. Ýa şol semenäni gorap

şeýdipdi, ýa-da iýesi gelipdir. Hemişe Dürjemal işden gelende onuň garasyny gördügi öňünden

ylgaýan çaga bu gezek öýe eňipdi. Semeneli käsäni ýaglygy bilen goltugyna gysypdy. Gapydan

howlukmaç çykjak bolup, sekä büdräp ýykylypdy. Käse iki bölünip, semenesi guma garylan

çaga gynanjyndan şol gije zat iýmändi. Hernäçe özelense-de, Dürjemal ony köşeşdirip

bilmändi...

...Urşam gutardy. Ýeňiş habary Dürjemallaryňam obasyna – Tejen derýasynyň demirgazygynda

gumy etekläp oturan „Bereket” obasyna-da baryp ýetdi. Ol çöken göwünleri galkyndyrdy.

Obadan urşa giden ýigitleriň ýek-ýarymy gelşip başlady. Her kim tapanjasyndan gazanyň

gulagyny gyzdyrdy.

Dürjemal bir gün işden geldi-de, ilki Mährileriň gapysyny, soňam öz gapylaryny syryp süpürdi.

Daşarda gazan atardy-da, edil toýa taýýarlyk görýän ýaly, düýnkije soýduran çebişiniň gylla

ýaryny gazana atdy. Şu gytçylykda näme üçin şeýdendigine gyzyň özem düşünmedi.

Mähri öz gapylaryndady. Gyzjagaz gurjak oýnap „gelin edinjek” bolup başagaýdy. Onuň

atbaşçylary ugruksa-da, gelnalyjysy ýola düşüberenokdy. Bary-ýogy dört „aýaldan” ybarat

gelnalyjylaryň birine bürenjek ýetenokdy.

— Mähri jan! – ýuwaşja aýdylan mylaýym hem nätanyş sese gyz başyny galdyrdy. Üstüne

abanyp duran nätanyş esgere gözjagazlaryny gyrpman seretdi.

— Meni tanamadyňmy? Kakaň-da, men Mähri jan!

Ýigit çommaldy-da gujagyny gerdi. Ýerinden galan Mähri ýadyrgap götinjekledi. Ýöne

gidibermedi-de, ýigidi tanajak bolýan ýaly, gözüni aýyrman oňa seretdi. Birdenem ökjäni

göterdi.

— Dürje eje, Dürje eje, kakam gelipdir!

Odun döwüp duran Dürjemal tisginip gitdi. Mährijik onuň gujagyna doldy.

Dürjemal dikeldi. Gapylaryna ýetip gelýän ýigide gözi düşende, süňňüni saklap bilmedi.

— Gurgunmyň, Dürjemal! Sag-aman işleşip ýörsüňizmi? Obalaram saglykmy? – diýip, ýigit

gyzjagazyny gujagyna gysyp, boz-ýaz bolup saňňyllap duran gyzdan soraşdyrdy. Onsoň jogabada garaşman, „Biziňkiler görnenok-la? Işden gelişmedilermikä?” diýdi.

Gyzyň ýüzünden bir zat aňjak bolýan ýaly, oňa galagoply seretdi. „Biziňkileriň” kimdigine

düşünen Dürjemal ýuwdundy-da, gürrüňi başga tarapa sowmak bilen boldy.

— Bar-da kakaň gujagyna, Mähri jan, salamlaş-da!

Gyz Mähriniň kellejigini sypap ony ýuwaşja itdi.

Çaga kakasyna seredip goýberdi-de, ýene gyza gysyldy.

— Ilki sen bar-da, Dürje eje!

Dürjemal gulaklaryna çenli gyzardy. Ýigit hiç zada düşünmedi. Hamana diýersiň iki göwrä

daňlan ýaly, öýe gidibermegem, iň bärkisi Dürjemalyň özi ýatladýança, onuň atasy bilen

görüşmegem unudyp, gelen ýerinde doňdy durdy.

Dürjemalyň boýurganyp durşundan, gyzjagazynyň oňa gysylyşyndan bir zat syzan Arslanyň

haňlap ýatan jaýlaryna aýagy ädilmejek boldy. Ol mähriban obalaryna aýak basanda, öňi bilen

özüni ýyljyraklap Nurnabat garşylar öýdüpdi. Onuň göwnüne Nurnabat henizem özüni fronta

ugradan ýerinde, edil gapylarynyň agzynda agras hem şeýle mähir bilen gözlerini balkydadyp

seredip duran ýaly bolup duýuldy. Söwer ýaryny arzuwlap, şu pursatlara ýeten ýigit gapylarynda,

bolmanda Nurnabadyň aýak yzlaryny görmekçi bolýan ýaly, onuň duran ýerine öwran-öwran

seretdi. Her halda mert ýigit ajy hasratyny daşyna tegelenen obadaşlaryna duýdurmazlyga

çalyşdy. Obadaşlarynyň baryny, ýoguny, dost-ýarlaryny ýekän-ýekän soraşdyryp çykdy.

Mähri bilen öwrenişmek welin Arslana ýeňil düşmedi.

Arslan fronta gidende Mähri has kiçijikdi, tokarjady. Ol az-kem ösüpdir hem inçelipdir. Ol indi

ejesine has çalym edýärdi. Mähriniň ýaý ýaly gaşlary, gyýylyp duran garamyk ýaly gözleri

Nurnabadyň gyzydygyny aýdyp durdy. Ýöne onuň akja ýüzüne görk berýän ýaňajygyndaky

garaja haly Nurnabatda ýokdy.

Mähri ilki-ilkiler Dürjemalsyz öýlerine-de gelmedi. Häli-şindi baryp durmaga bolsa gyz çekindi.

— Bolubersin, azara galma. Halan ýerinde ýatsyn! – diýip, Mährini öýlerine öwrenişdirjek

bolup, dert-azara galýan Dürjemala her gün aýtsa-da, gyzy gitse, Arslan öýlerine sygmady.

Ýekesiredi, muny welin Dürjemala duýdurmaýandyryn öýtdi. Emma gyzyň synçy gözleri ýigidiň

kalbyndaky hasraty okap ýördi. Hatda Arslanyň gyzjagazyny özüne öwrenişdirjek bolup, kä

halatlarda onuň özi bilen desdeňje gurjak oýnaýanlygyna çenli beletdi. „Ulugyza” pürenjek atany

üçin Mähriniň kakasyndan öýkelänligindenem habarlydy. „Oglanly öýde ogurlyk ýatarmy?” Şol

gün Mähri gurjaklarynyň ähli goşlaryny goltujagyna gysyp, onuň öz aýdyşy ýaly „Arslanlardan”

göçmegi ýüregine-de düwdi. Ýigit gyzjagazy saklady-da: „Mähri jan, dur entek, gurjaklaryňy

goý, gel, ikimiz ýaraşaly” diýip, ýalbardy.

— Juk, - diýip, gyz ýüzjagazyny kese sowup, başyny ýaýkap gidibermek isledi. Arslan gyzynyň

öňüne geçip, ýene ýalbardy. Islese bileje gurjak oýnajakdygyny aýtdy.

— Şumatmy? – diýip, Mähri çiňerildi.

Kakasy başyny atdy. Gyz welin jykyr-jykyr güldi. Şol wagtam bir okara unaş göterip, Dürjemal

gapydan girdi. Geçisi ýaýran Mähri hemmesini oňa gürrüň bermäge howlukdy.

— Dürje eje, — Dürjemalyň gelse-de, oturmaýandygyna belet gyzjagaz, onuň gidibermeginden

ätiýaç edip öňüne geçdi – Dürje eje, dur entek, kakam bar-a hakyt şumat gurjak oýnaly diýýä-dä!

Samsyjak-da hä, Dürje eje! Gije näme gurjak oýnalýamy diýsene!?

— Gyzym, sen-ä kakaňy masgara etjek – diýip, syrlary paş bolan Arslan elini süpürip durşuna

müýnürgedi.

Ýigide ýüregi awasa-da, gyzyň näme üçindir oňa degesi geldi. Ol Mähriniň elini ýuwup, naharyň

başynda oturtdy-da, şeýle diýdi:

— Aşyňy iýip bol-da, baraý, Mähri jan! Kakaňam oýun oýnasy gelse, gülki bolup ýörmez ýaly,

aşyk torbamyzy öňüne döküýeris.

Ýagdaýlar entek öwerlik bolmasa-da, gijesini gündiz edip işlän aýal-gyzlaryň, uruş gutarandan

soň birneme arkalaryna ýel çalyp ugrady. Erkek adamlaryň käbiri ýene öňki işlerine gaýdyp

geldi. Agyr işler ençeme ýerde gelin-gyzlaryň ellerinden alyndy. Obada işçi güýjüniň

ýetmezçilik edýändigi entegem duýulýardy.

Dürjemalyň meýdan işine gara daňdandan gidip ýassynlar dolanyp gelýän wagtlary az

bolanokdy. Arslanam öýe gyzdan öň köwlenenokdy. Ol traktor sürýärdi. Ýigide geläýen

uçurragynda öňki buhgalterlik işini berjek bolupdyrlar. Ol özüne başga işiň berilmegini sorapdy.

— Aýallar işleýän bolsalar, işläbersinler. Traktorçy ýetenok. Bolmanda, oglanlar okaşyp

gelýänçäler, maňa şony beräýsinler. Ony öňem sürüp görüpdim – diýipdi.

— Şol ýatyşyna Dürjemalyň atasy ýazyň başynda ýurduny täzeledi. Bu kümeçilige göçülmeziniň

öň ýanyndady. Şonuň üçin hem Dürjemal Mähri bilen bugdaý oragyna beýlekilerden giç gidipdi.

Kümeçilikde Dürjemal Mähri bilen, Arslanyňam ýeke özi ýaşaýardy. Mähriniň kakasyna

özlerinden has kyn düşýändigini Dürjemal syzýardy. Şonda-da Mährini eltip gaýdaýmasa, ýa

onuň özi kakasyny küýsäp baraýmasa, ýigidiň özi gyzyny idäp gelenokdy. Ýigidiň bu bolşuna

Dürjemal öz ýanyndan öýkeleýärdi, kä wagt bolsa özüne hormat goýlup şeýdilýändigine

düşünýärdi. Düşündigiçe-de, Arslany sylaýardy.

Bir gezek Arslan işden gelip ýaňy öňüne çaý alanda, oba ýaşulularynyň birki sanysy gapydan

girdi. Ýigit bu ýaşulylar bilen hut öz deň-duş ýigitleri ýaly öwrenişip gidipdi, ysnyşypdy. Onsoň

onuň dünýäsi giňedi. Belki, bu günem olar ýigidiň göwnüni açmaga gelendirler. Gören

eşidenlerini gürrüň bererler. Biri geçmişe gider, biri geljekden söz açar. Süýjüdip gürrüň

bermäge-de baý ökdedirler-ä! Wagtal-wagtal bolsa Arslan bilen obadaşlaryna dahylly

gürrüňleriň ençemesini ederler, maslahatlaşarlar. Ýöne şu gün ýaşulularyň oturyşlaryndanam,

gep uruşlaryndanam, olaryň möhüm bir iş bilen gelendiklerini Arslan aňdy.

— Makul bilseň, ogul, biz-ä goňşyňyza gudaçylyga baraýsak diýýäris – diýip, olaryň biri ýigidiň

garaşmaýan soragyny orta atdy oturyberdi. Beýle mesele bilen özüne ýüz tutulaýar öýtmedik

ýigit laňňa galdy. Tirseginiň aşagyndaky ýassygy beýläk oklap goýberdi soň dymyp esli oturdy.

— Sylanyňyz üçin sag boluň, ýöne... ýigit ýene sägindi – beýtmek, ýagşylyga ýamanlyk bolar?!

— Seň näme diýjek bolýanyň-a bizem düşünýäris ogul. Ölçerip-dökülip onsoň maslahat

salynýandyr bu zatlar. Özümiz-ä şony ýamanlykdyr öýdüp düşünjek däl-dä! Onsoňam şol

maşgalaň senden aýry göwni bardyr öýdemizok.

— Diýseňizem, gaty gelşiksiz – diýip, Arslan özüne uslyp bilmese-de, ýaşulynyň sözüni böldi.

Ýene nämelerdir diýmek isledi. Emma onuň sözüni agzyndan aldylar.

— Sen razymy ýok, şony aýt, oglum. Maşgalany razy etmek biz bilen. Biz senden şony soraýas.

Arslan sesini çykarmady.

Gijäniň bir wagtyna çenli otursalaram ýaşulular ýigitden şol bir ýaýdanmaç jogaby alyp

dagadylar.

— Päheý-de welin, sendenem köp bilýändir bular. Özümize şoň ýaly maşgala üçirip ýüz tutsalar,

arkan gaýyşyp oturjak däl-dä! Düşünse, ol maşgala çem gelene dözer ýaly maşgalamy bir. Şuňa

bir zat bolarmyka? – diýip şol daşyny gallaşyp ýörüs. Aslynda ol maşgalanyň şunda göwni

bolmasa, şeýder perzendini bagryna basar ýörermi? Düşünäýmel-ä bu zatlara bir. Onsoňam „Il

oňlasa, atyňy soý” diýipdirler. Biri-birine mynasyp bolmasa, bizem ýalbarjak durjakmy? Bir

kemi baý ýigit däl – diýip, ýaşululardan gatyrgananlaram tapyldy.

Arslanam şol gije ýatmady. Onuň göwnüne bu habar Dürjemalyň gulagyna ýetirilene döndi.

„Sen bir çaga Dürjemal. Meň ýanymda sadaja çaga. Ýigrimi bäşe ýetemok, emma ýüz ýaşan

adamdyryn men. Üç-dört ýylyň içinde görmedik elhençliklerim, geçmedik ýolum, basmadyk

ýerim galan däldir. Her ädimim kalbyma ençeme ýyllaryň möhürini basandyr. Ýüregem galan

däldir mende. Ýöne ol elhençlikleri ynsan görmesin! Her kim öz iline-gününe guwansyn!

Onsoňam iki adamdyryn men, Dürjemal. Ikidirin. Nurnabat jahanda ýogam bolsa, ol meň üçin

diridir. Durmuşdyr. Soňky gün Arslan ýürek ýylysy bilen çoýup bilmese, gam çekersiň”. Arslan

daňa golaý uka gitdi.

Ýigit bilen ýaşulularyň arasynda bolan gürrüň bolşy ýaly, günübirin Dürjemalyň gulagyna ýetdi.

Arslan onuň öňünde bir gez beýgeldi duruberdi. „Sylanyň üçin sag bol, Arslan! Menem sylaýanda. Ýaşululary öýkeletmegin! Düşünseň, olaram çem gelene maslahat salybam, aladasyny

edibem duran däldirler. Sylansoň sylaýandyrlar” diýip, gyz öz-özüne gürrüň berdi.

Bir gün Dürjemal hemişekilerinden ir oýandy. Ol çaý oturdyp ot ýakdy-da, odun almak üçin on

ädim beýle ýanyndaky salmajyga tarap ýöneldi. Ýetmänem aýak çekdi. Dürjemalyň şundan iki

ýyl öň oturdan bägülleriniň birinde edil penje ýaly bir gyrmyzy gül ertiriň salkynjak şemaljygyna

başjagazyny yrap, özüni gijeňläp otyrdy. Gyz güle hyrydar seredip durdy. Onsoň baldagyna elini

ýetirdi. Ony ynjytman ýoldy-da, döşüne gysdy. Ysgady. Şol wagtam içerden gözlerini açalakýumalak edip, Mähri çykdy. Ol Dürjemaly gözlän bolmaga çemeli, ýüzüne düşüp duran

galpagyny erjellik bilen bir gapdala serpdi. Şonda-da onuň ukudan açylmadyk gözleri zat

saýgarmady. Ol maňlaýynda duran Dürjemaly görmän „Dürje eje!..” diýip gygyrdy.

Gyzjagaz şeýle bir gülkünçdi, hem eýjejikdi. Onuň gysgajyk gyrmyzy köýnegi–Dürjemal ony öz

köne köýneginden gurnaşdyryp tikipdi – dyzyna zordan ýetýärdi. Döşjagazlaram, aýajyklaram

açykdy. Saçjagazlary bulaşykdy. Dürjemal ony gujagyna gysdy-da, iki ýaňagyndanam ogşady.

Onsoň saçjagazlaryna timar  berip, häki güli eline tutdurdy.

— Gulak as, Mähri jan, eglenme-de, şu güli kakaňa eltip ber. Düşündiň gerek! Başga hiç kime

beräýmegin.

— Ol maňa käýýärä? – diýip, gyzjagaz gözjagazlaryny bir enaýyja süzdi.

— Dürje ejem iberdi diýseň, käýýemez.

Ir bilen şu gülüň kakasyna nämä gerek bolandygyna düşünmedik gyz eginjigini ýygyrdy. Dek

düýn iki sany güli ýolany üçin kakasy oňa käýýäpdi. Elbetde, Mähriň edişi ýaly, olary gunçasy

beýlekisi bilen ýoluşdyrmaly däldir-dä, iň owadanyny ýolmalydyr-da!

Heniz ýorgandanam çykmadyk ýigit geňirgendi.

Mähri kakasynyň başujunda bir geňsi bolup ýylgyryp durşuna güli oňa uzatdy. Gyz şu wagt

şeýle bir ejesine meňzeşdi welin, Arslanyň ýüregi jigläp gitdi. Nurnabat ýylgyranda onuň

ýukajyk dodaklary ýaňyja çyzylan gunça çalym edýärdi.

Arslan gyzyny gujagyna gysyp, onsoň güli ysgap gördi:

— Mähri jan, gülüň üçin sag bol! Ýöne sen näme üçin beýle ir turupsyň-la!

— Sen ýatag-a, kaka. Biz häli turduk. Dürje ejem-ä çaýam gaýnatdy eýýäm – diýip, gyzjagaz

gapa baryp, köwşüni geýip başlady.

— Öýkelejek. Gezmäge gelip, kakaň bilen çaý içmän gitjekmi – diýip, Arslan güli çüýşejige suw

guýup içinde oturtdy-da, çyra goýulýan tagtajygyň üstünde goýdy.

— Kakamam gelsek, öýkelän bolýar. Işe gijä galýas-a biz?!

Gyzynyň gürrüňine Arslanyň gülküsi tutdy -da, ýene oňa degdi. Bu gezek gyz jogap bermedi-de

gözüni gyrpman güle seretdi. Onsoň şeýle diýdi:

— Kaka, öýkeleme, bolýamy? Men agşam gelerin-ä. — Ol köwüşjigini süýräp çykyp gitdi.

Şol agşam Dürjemal suwly bedrä ýapylan gapagyň üstünde Mähriden iberen gülüni görüp haýran

galdy. Gül çüýşejigiň içinde edil öňküsi ýaly, açylyp bir penje bolup oturdy. Işden geleli bäri bir

ýerde karary ýetmän, ýüregi bükgüldäp duran gyzy birden gam basdy.

Dürjemal howpurgap gapdalynda ýaňyja uka giden Mährini dözmese-de yralap oýardy. Gyssady,

ýalbardy. Güli kakasy iberipmi ýa özi getiripmi öwran-öwran sorady. Mähri bir bada hiç zada

düşünmedi. Soň bolsa gyz näme diýse başyny atdy oturdy.

— Kakaň iberdimi, almadymy „Dürje ejeňe ber” diýdimi?

Mähri başyny atdy-da, kellejigini ýassyga goýdy. Bu ýagdaý Dürjemaly ynjatdy.

Gyz Mähriniň saçjagazlaryny sypady-da, başyny ýassyga goýup, namys edip aglady. Gül iberip

ullakan bir telek iş edendirin öýütdi. Her gün del zat taýynlanda nahary öňüne almanka Arslana

iberýän Dürjemal bu gezek alňasamady. Bu ýagdaý gyzjagazyňam göwnüne degdi. Onuň eli

çanaga uzabermedi.

— Mähri!

— Hym.

— Näme iýeňok?

Gyzjagaz göwünli-göwünsiz tabaga elini uzatdy. Bokurdagyndan zat geçmedik Dürjemal

ýerinden galdy. Başga tabaga nahar guýdy. Gyzjagazyň ýüzi açyldy. Böküp ýerinden galdy.

Ejesiniňem hyýallanýandygyny duýup, hasam begendi. Emma ol çabydyny ýüküň üstüne

zyňansoň, ýüzjagazyny sallady-da özi gitdi.

Mähri kakasyna nahar getirse-de, yzyna gaýtmaga howlukmady.

— Degme, kaka, iýibersin ýekeje özi. Öňä gitjek diýýä. Soňam gaýytmadyk bolýa.

Çanagy saçagyň bir gapdalynda goýup, Arslan gyzyna çiňerildi.

— Dürje ejem öýkelek bolupdyr – diýip, Mähri dik duran ýerinden kakasyna içini dökdi. —

Menem öýkelejek näme! Güljagazy zyňanjasam bardyr. Gül gowuja-da, kaka. Öň-ä ýolan bolýa,

soňam zyňyp goýberýä!

Gyzynyň gürrüňlerine geň galan Arslan, ony eginjiginden basyp aşak oturtmakçy boldy.

— Juk – diýip, Mähri başyny ýaýkady.

— Mendenem öýkelediňmi?

— Juk.

Arslan gyzynyň garşysynda çök düşüp oturdy-da, onuň başyny sypap, hoş sözler bilen

köşeşdirmek isledi. Dürje ejeden öýkeläp bolmaýandygyny, gülüň bolsa guransoň

zyňylýandygyny düşündirdi.

— Gurama-da ol, gowuja-da – diýip, Mähri ýeň bermedi. Dodajygyny kemşerdip, aglarly

göründi. Gyzyny ýalbaryp köşeşdirip bilmejegini duýan, hemem „eneli gyzy" ýaraşdyrmagy

göwnüne düwen ýigit geýnip durşuna Mähriniň öz üstünden düşdi.

— Sizden menem öýkelejek. Güli öň-ä beren bolýarlar, soňam ogurlap alyp gidýärler.

Çüýşejigimem çilipsiňiz.

Gyzjagaz müýnüni bildi-de dodagyny müňküldedip, ýarym ýylgyryp kakasyna äňetdi.

Dogrudanam, şeýle owadanja güliň Arslanlarda durmagyny gysganyp Mähri agşamara, kakasy

heniz işden gelmänkä alyp gidipdi. Ýigit Mähriniň elinden tutup ýola düşdi.

— Sen menden öýkeläňok gerek, kaka?! – diýip, gyzjagaz gapylaryna ýetip barýarka, aladaly

sorady.

— Men-ä senden öýkelämogam.

— Ýaňy onda diýdiň-ä!

— Wiý ýogsa-da!

Ýigit güldi. Ol eýýäm unudypdy. „Gül ogrusy” bolsa kakasy henizem öýkelidir öýdüp, uly alada

galan eken.

— Gül ýolmagyn, Mähri jan! Şonda kakaňam, Dürje ejeňem öýkelemez.

Gyz aýak çekdi-de, kakasyna çiňerildi:

— Kakamy? Şony näme men ýoldum–maý! Dürje ejem ýol-da! Onsoň kakaňa eltip ber – diýdidä!

Arslan üçin ýyldyrym çakyp, bütin dünýä ýagtylyp gidene döndi...

„Ajap bägül, artykmaç sen, Dürjemal” diýip ol ýuwaşja pyşyrdady.

Dürjemal bolsa häzir iki sany wepaly ýüregiň gapylaryny alyp duranlygyndan-da bihabar tukat

otyrdy.

Arslan tarpa-taýyn aradan çykdy. Lukmanlar onuň ölümine bedeninde galan ok sebäp bolupdyr

diýdiler. Ajy hakykat akyljygy ýetip başlan Mährini bir entetdi. Kakasynyň jesedi içerden

çykarylanda, gyz elde-aýakda saklatmady, okdurylyp gelip kakasynyň üstüne özüni zyňdy.

Töwerekde duran ýaşuly, ýaş kiçi ýürejigi ýanyp duran gyzyň elenişine seredip bilmän ýüzlerini

öwürdiler. Gyzy zordan diýen ýaly tutaklap içerik saldylar. Mähri her näçe özelense-de, onuň

kakasyny göterip iň soňky ýoluna alyp gitdiler. Şeýdip iki sany ynsanyň arasynda şeýle eý

görülýän Mähri ata mährinden jyda düşdi.

Dürjemala Arslan bilen bir maşgala bolup ýaşamak miýesser etmedi. Emma gyz ýigit bilen

ysnyşan eken. Şeýle ýumşak, mähriban adamdan jyda düşen Dürjemal dünýä sygmady. Ýigidiň

gezen meýdanlary-da, girip çykan, ýaşan öýi-de, gyza häli-şindi onuň didaryny ýatlatdy durdy.

Ýigidiň keşbi gyzyň gözüniň öňünden hiç gitmedi.

Arslan barka ol hossarly ýaly eken. Belki-de ol, gyzyň daşyny gallap gezendir. Hemişe öýde

tapdyrmaýan Mähriniňem oýun bilen kän seri bolmady. Dürjemalyň gapdalynda ýüzjagazyny

sallap, boýunjygyny burdy oturdy. Bir gün bolsa ol çaý içip, u ludan-uludan dem alyp oturan

gyza sorag berdi:

— Dürje eje, kakamy indi ýekeje gezegem görüp bolmazmy? Indi olam atam ýaly gelmezmi?

Dürjemalyň bokurdagy doldy. Ol Mähră näme jogap berjegini bilmedi. „Geler” diýip, aýtsynmy,

ýa „gelmez” diýip, Mährijigiň umydyna palta ursunmy? Ol gyzyň gulpajyklaryny sypady-da:

— Mähri jan, eşideňokmy näme! Halha Hesel dagy seni çagyrýar, bar, bir salym oýnap gel –

diýdi.

Gyz göwünsiz ýerinden galdy.

Aý, gün geçip durdy. Aýralyk diýmeseň, Dürjemaldyr Mähriniň özboluşly asuda durmuşlary

bardy. Näletli urşa ençeme gurban beren iki ýetim, biri-birine söýget bolupdy. Mähriniň

kakasynyň dolanyp gelmejegi hakdy. Ýöne Dürjemal öz kakasyndan umyt edýärdi. Ony

düýşünde görýärdi. Görüşýärdi. Görüşmegem oňuna ýorup, kakasyna garaşýardy.

Uruş gutaryp esli ýyl geçenem bolsa durmuş haýallyk bilen gowulanýardy. Dürjemaldyr Mähri

ýag iýip, ýüpek geýmeseler-de, soňabaka hor-homsam bolmandylar. Dürjemal otursa oturyp,

tursa turýan Mähri okuwdan soň, meýdan işine gidip, ejesine kömekleşýärdi.

Dürjemal obalaryndan bir ýigide durmuşa çykdy. Ýöne nätanyş adamy Mähri göwünjeň kabul

etmedi.

Ýagdy uly tutum etmese-de, dost-ýarlaryny, deň-duşlaryny çagyryp, kiçeňräk toý tutdy. Toý

sowulýança, Dürjemalda sabyr takat galmady. Uzynly gün özüni edil iňňäň üstünde oturan ýaly

duýdy. Gyzjagazlaryň telimisini Mähriniň yzyndan iberdi. Emma Mähri olaryň biri bilenem

gelmedi. Dürjemal gyzyň bolşuny akylyna sygdyryp bilmän kösendi.

Sebäbi ol toý güni ir bilen Dürjemalyň ýatsa-tursa oýuna gelmedik zadyny etdi. Dürjemalyň gösgöni ýüzüne bakyp onuň yzyna düşüp gitmejekdigini aýtdy. Yzyndanam siltenjiräp çykyp gitdi.

Duýdansyz ugra ýüregi jigläp giden gyz Mährä ýeke agyzam söz aýtmady. Töwereginde

adam  bolandan soň ony gaýtarjagam bolmady. Ýöne gyzyň damagy dolup, gözýaşy saklatmady.

Märeke daganyna mähetdel, Dürjemal Ýagdynam alyp, Mähriniň yzyndan gaýtdy.

Ýagdyny daşarda goýdy-da, özi gapydan içerik boýnuny uzatdy. Gap böwürde eplenipjik ýatan

Mährä gözi düşüp, ýüregi jigledi. Mähri düşeginem ýazmandyr, ýassygynam almandyr. Ejesiniň

köne donuny ýassanypdyr-da, kakasynyň köne şinelini ýapynyp uka gidipdir.

Dürjemal gyzyň başujynda oturdy. Onuň saňňyldaýan eli emaý bilen Mähriniň başyny sypady,

yzyndanam şineli gysymlady.

— Meni bagyşlaweri, Arslan!

Ol gözýaşa boguldy-da, esli salym gymyldaman oturdy. Gapyda Ýagdy göründi. Dürjemal oňa

üm bilen „git” diýen yşaraty etdi.

Dürjemalyň oturşyna, Ýagdy dözmese-de, häzir ol boýun egmelidigine düşündi.

Mähri basyrganyp, gözüni açman, kimdir birini gözledi. Eli Dürjemalyň goşaryna ýetenden soň,

oňa gysmyljyrady. Sojap bütin göwresi bilen dem aldy-da, soň ynjaldy.

Dürjemal emaý bilen gyzyň başyny galdyrdy.

— Mähri, Mähri jan, tur köşek, gideli!

Dürjemalyň sesine Mähri ýalpa gözüni açdy. Ol bir bada hiç zada düşünmän, gözlerini tegeläp,

bir Dürjemala bir-de daş-töweregine seretdi. Soň dikelip oturdy. Ýene bir gezek gyza göz

aýlady-da, soň başyny ýerden galdyrmady.

— Mähri jan!

Gyz Dürjemaly gepletmedi:

— Ýalbarma, maňa, gitjek däl diýdim-ä!

Boz-ýaz bolan Dürjemal:

— O näme üçin gitjek däl. Ol näme diýdigiň Mähri? – diýip, gyzy gyssady.

Mähri jogap bermedi.

Dürjemal onuň bilen edil uly adam ýaly gepleşdi.

— Bu seniň diýjek sözleriň däl. Beýdip, Dürje ejeň göwnüne degmegin! Aýyp bolar. Seni ýalňyz

goýup, men ol taýda ýaşap bilmen-ä. Seniň göwnüň synan ýerde, Dürje ejeň orun almaz.

Mähri ýerinden galdy-da, sessiz-üýnsüz gapa ýöneldi.

Göwni galan Dürjemal gyzynyň yzyndan çykdy.

Mähri kilwanlara tarap tutdyryp barýardy.

Dürjemal onuň yzyndan seredip durşuna pyşyrdady:

— Mährim, saňa ne döw çaldy? Sen menden aýrylyp nirä gitjek...

Dürjemal Mährisiz yzyna dolanmaga namys etdi.

Şol gije Dürjemalyň ukusy tutmady. Oňa başga bir pikir-de ynjalyk bermedi. Ol şundan birki gün

öň Mährini gözläp kilwanlara baranda, olarda Arslanyň daşgynrak garyndaşlarynyň birini

görüpdi. Syr bildirmese-de, Dürjemal onuň şolarda oturanyny halamandy. Onsoň goňşularyndan

çaltyrak çykmak bilen bolupdy. Oýlanyp otursa, şol günler Mähri okuwdan çykyp öýlerine

wagty bilen köwlenmändi. Dürjemalyň buýran ýumuşlaryna-da göwünjeň ýapyşmandy.

Şonda ol Mährä käýýäpdem: — Öňem aýtdym, ýene aýdýaryn, ertirem kilwanlara sowlaýsaň,

men saňa gaty käýýärin, Mähri. Her zadyň çaky ýagşy. Men-ä işime ýetişip bilemok. Senem

seňkildäp oýnajak ýörjekmi?

Dürjemal oýlandygyça gyzy goňşularyndan gabandy.

— Ol çagany nädip yryp borka! – diýip, Dürjemal uzynly günläp içini gepledip oturan soň,

agşamlyk adamsyna ýüzlendi.

Dürjemalyň gyzyl çog bolup içerini bezäp oturanyna begenip iki bolup bilmän ýören

Ýagdynyňam gelni özi bilen bolmansoň, ynjalygy gaçypdy.

— Näme maslahat bereýin. „Gurt çagasyndan ekdi bolmaz” diýip, bize görä has parasatly

adamlar aýdypdyrlar.

— Mähri meň üçin gurt çagasy däldir. Akylly-başly maslahat berersiň öýütdim. Ýagdaý şu

boljak bolsa, heran-haçan duzlamaga wagt tapardyň. Şol çaga şu içerden girip çykmasa,

Dürjemalyň uzak takatynyň ýetmejekdigini aýdaýyn.

Elbetde, Ýagdy bu sözi geliniň göwnüne degmek üçin aýtmandy. Ol Dürjemalyň ýokuş

görendigini duýup gynandy.

— Her gün arzuwlap şu güne kynlyk bilen ýetdim. Indem „Ýer gaty bolsa, öküz öküzden görer”

etmäli. Gideli, ýalbaraly diýseň, men bar. Göwnemese, urup-sögüp alyp gaýdyb-a bolmaz.

Ýogsa-da, sabyr et, birki gün. Şol çagaň göwni sende bolsa, gitjek ýeri bolmaz. Seň şu kökenek

bolşuň bilen ol çaga ýüzüňe gelmeli däl welin,  ilçilik-dä, her hilisi bar, seredip otursaň, kimdir

biri onuň başyny aýlandyr.

Ir bilen kilwanyň gyzy Dürjemaly çagyryp alyp gitdi.

Dürjemal ýoldanam gitmän, obanyň içi bilen çarkandakdan, çukurdan gönüleşdirip haýdap gitdi.

Ol kilwanlaryň gapysyndan howlukmaç ätledi. Emma törde oturan adamlara gözi düşüp, depe

saçy üýşdi. Salamy beýlekinem unutdy. Birhili bedeninde ýakymsyz galpyldy duýdy. Kilwanyň

aýalynyň janyganyna seretmän, giren ýerinde gap böwürde çommalyp, özüni edil tikeniň üstünde

oturan ýaly duýdy. Myhmanlar owarram-la! Dürjemalyň olara berjek jogaby nagt -la! Ýöne onuň

göz guwanjy myhmanlar bilen äbede-jüýje bolup bir çanakdan nahar iýip otyrdy. Ol Dürjemalyň

ýüzüne-de seretmedi. Dürjemaly galpylda salanam şudy.

Içerde bir bada hiç kimden ses çykmady.

— Mähri janyň-a, hossarlary geläýipdir, Dürje! – diýip, kilwanyň aýaly bir haýukdan soň, söz

açdy.

— O niräň hossarymyş? Şu wagta çenli biz-ä Arslanda garyndaş bardyr öýütmändik – diýip,

Dürjemal ýüz görmän göwnündäkini aýtdy. – Senem ony bilmän duraňok. Şu günki gün

arabozarlyk edip ýürek bulamaň näme?

— Waý-eý, özüňiz gürleşiň, özüňiz oňşuň, işim bolmaz – diýip, kilwanyň aýaly ýüzüni turşartdy.

Bu söz myhmanlaryň-da çetine degdi. Törde oturan garaýagyzdan deşli, murtlak ýigit gaşlaryny

çytdy. Ýüzüni  myrtar egşitdi. Çemçesini süýtli okara söýedi-de, süpürinjiräp birki gezek

ardyndy. Onsoň batly-batly gepläp, soňundan aýtjagyny öňünden aýtdy:

— Gelin, bu taýa garyndaş dawasyny açmaga gelmedik. Biz ýöne häki geňeş diýlensoň,

adamçylyk edip sala salaýdyk. Ýanyňda ýat bar. Indi biz bu çagany hossarsyz ýaly edip, yzyňa

düşürip goýberip bilmeris. Beýtsek, il-günem unamaz.

— Garyndaş diýilýänem şuň ýaly ýerde gerekdir-dä, keýgim – diýip, murt bilen gelen ýaşuly

sypaýçylyk etdi.

— Dogrudyr. Ýöne şu garyndaşlar Nurnabat ýogalanda-da bardy. Haýsysy gapysyndan

garapdyr. Ýa ýekeje sapar şu çaganyň halyny sorapdyrlar.

Ýaşuly gaýdyp geplemedi.

— Sen bize akyl satma, gelin – diýip, Dürjemaldan bir müçe kiçidigine garamazdan, murt,

„gelin” sözüne bat berip gürledi. — O zaman her kimiň öz çagasyna bir eli ýetdimi?

— Eliň ýetmän na urşa gidip gan dökdüňmi?

— Gan dökülmese-de, der dökülendir.

— Dogrudyr. Der dökensiň – diýip, Dürjemal ýüzüni keseräk tutup, ýaňsyly gürledi.

Murt ardynjyrady.

— Heleý bilen iş salyşsaň, çekeleşer oturarsyň.

— Sen tetelli bilen çekeleşen çekeleşsin! – diýip, Dürjemal Murtuň sözüni agzyndan aldy. – Men

bizar, ýöne Mährimde adamyň dahyly bolmaz. Mährim ýady-ýakyny saýgararça bolandyr. Çem

geleniň yzyna düşüp gitjek kemakyl çaga däldir.

Sözüni soňlap Dürjemal gyzyň göwnündäkini ýüzünden okajak bolup, oňa siňňin-siňňin seretdi.

Mähri ýüzjagazyny kese öwürdi oturyberdi.

Süňňi gowşap, der basan Dürjemal özüne bu ýerden diňe çykyp gitmegiň galandygyna düşünip,

ýerinden galdy.

— Öňem-ä näbelet däldim welin, bolsa-da nämedigiňizi tanatdyňyz. Aýlasaňyz aýlaberiň

çaganyň başyny. Ýöne bilip goýuň, Mähriň Dürjemaldan aýrylyp gitjek ýeri ýokdur. Menem

akmak däl, kemala getirip aňsatlyk bilen eliňize berip goýbermen. Dürjemaldan ýokarda

kanunam bardyr!

— Kanun çagany diňleýändir – diýip, murt Dürjemalyň yzyndan gygyrdy.

Öýlerinde Dürjemal özüne orun tapmady. Gözüne bütin dünýä dar göründi. Murtuň sözi

ýadyndan çykdy. Mähriniň keşbi welin ýadyndan çykmady. Dürjemal ondan erbet ynjady. Uly

adamdan öýkelän ýaly ö ýkeledi. „Seni şeýle eý görsemem, enelik mähri bilen çoýup

bilmändirin-dä. Men saňa ene süýdüni bermesemem, el süýdüni bermänmidim, Mähri jan!

Dürjemalyň eli işe barmady. Täze içerisem gözüne görünmedi. Ýagdy bilenem hoşy bolmady.

Şol günleriň dowamynda gyzjagaz onuň hyýalyndanam gitmedi, ýanyndanam aýrylmady.

„Arma, Dürje eje!” diýip gapdalyndan çykaýjak ýaly boldy durdy. Çaý gaýnatsa, çäýnekleri

getirip içerden çykyp gelýär. Sygyr sagsa, süýt bişirip otyr. Ine-de, ol hemişekileri ýaly çaga

gürrüňlerini tapyp çaý başynda Dürjemaly güldürip oturandyr. Gije Arslan düýşüne girdi. Ol

hemişekileri ýaly bir Mährä, bir Dürjemala degip, içerini ala-ýaz edip oturanok.

— Saňa näme bolýar, Arslan! – diýip Dürjemal ondan adatdakysy ýaly ýuwaşja sorady.

„Mährim, hany ol görnenokla?!” „Alyp gitdiler diýýärmiň?” men ony diňe saňa ynanypdym-da”.

Dürjemal hopugyp oýanyp, başyny ýassykdan galdyrdy. Göýä ol heniz hem Arslan başujynda

oturan ýaly, daş-töweregini garanjaklady. „Toba, toba” diýip ýakasyna tüýkürdi. Ýene başyny

ýassyga goýdy.

— Maňa bir zat diýdiňmi?

— Ýok-la!

Dürjemal Ýagdynyň goşaryny zyňyp goýberdi-de, beýlesine agdaryldy.

Dürjemal şol gün ir bilen oýandy-da, adamsyna şeýle diýdi:

— Men öňi bilen-ä başlygy görjek. Näme maslahat berýärler. Kömek bermeselerem gidiberjek

etraba. Şol çagada adamyň dahyly bolmaz.

Agşam işden geleýin. Bile öteýderis.

— Ýüregim gysýar, dogrusy, meň-ä agşama-da takadym ýetenok.

Ýagdy sesini çykarmady.

Ýagdy işe gitdi. Dürjemal şaýyny tutdy. Emma ir bilen gapyda uly gopgun turdy. Aç göle boşap

güjükleriniň gaharyny getiripdir. Garagol göle öýe girmäge hyýal eden bolmaga çemeli.

Dürjemal göläni daňyp öýe girdi. Ol iç işikde kölege görüp gapa seretdi. Diňşirgendi. Gapyda

kimdir biriniň durandygyny duýdy. Ýüregi gopdy. Syçyrap ýerinden turdy. Gapyda Mähri ýere

bakypjyk müýnürgäp durdy.

— Bala, eziz bala!

Dürjemal hamsygyp Mährini bagryna basdy. Ýüz-gözünden, başyndan yzyny üzmän ogşady.

Soň gözýaşlaryny gyňajynyň çowy bilen süpürdi-de, ýene bir gezek Mährini gujagyna gysdy.

Başyny sypap hyýalynda bolandan soň, Arslan özlerine seredip begenip duran ýaly: „Buşluk,

Mährim geldi, eşidýäňmi buşluk!?” diýip pyşyrdady.

— Mährem kimdir birini görjek bolup töweregine garady. Muny duýup Dürjemal:

— Kakaňa, kakaňa, buşlaýan Mährim, kakaňa. Ikimiziň bolan ýerimizde Arslanam bardyr,

balam! – diýip, dillendi.

Süňňi ýeňlän Dürjemal gyzjagazyň gelenini buşlap, bütin oba aýlanyp çykmaga-da taýýardy.

Dürjemal barmaly ýerine baryp, bir ýerde gapy bolsa kakyp, Mähridenem razylygyny alyp, soň

adam azar bermez ýaly gyzy öz adyna geçirdi. Gyzlyga aldy. Şondan soň Mährä-de „eje”

diýdirdi.

Mähri kakalygyndanam uzak ýadyrgamady. Ejesi oňa iki sany ogul jigi sowgat berdi. Jigileriniň

adyny-da Mähriniň özi dakdy. Ejesine meňzäpjik duran görmegeýje ak bäbege Akmyrat, kiçisine

Nurmyrat dakdy. Nurmyrat garaýagyzjady. Ýöne ol ýuwaşja hem tokarjady. Jigileri Mährä

güýmenje bolýardy. Dürjemal bolsa hojalyk işleri bilen gümrady. Ol gyzynam deň-duşlaryndan

kem geýdirmejek bolup dert-azara galýardy. Mähri ikirjiňlenende ylalaşmadyk wagtynda ol

„Mähri jan, gyzym, seni il görýär, onsoňam geýjek, gezjek wagtyň maňa seniň könäňem bes”

diýip ony gepletmezdem. Mährini deň-duşlarynyň giden ýerinden hem alyp galmady. Giden

ýerinden „Ir geldiň, giç geldiňem diýmezdi. Oňa asyl iňirdemek geregem däldi. Ol bir ondamunda, bolgusyz ýerde görnüp ýören maşgala däldi. Toý-tomgy bolaýmasa, gyzlaryň biri

çykaýmasa, ýa-da kä ýarym täze gelniň ýanyna işini alyp oturmaga gidäýmese, öýlerinden

çykmasy bolmazdy.

Bir gezek Hesel Mährilere el işini alyp oturmaga geldi. Obalarynda toý bardy. Hesel toýa

ýetişdirmek üçin fabrik ketenisiniň oklaryny ýörmeýärdi. Ketenini kakasynyň magazinden

alandygyny almadyk bolanlygynda ýene atlaz köýnegini geýip gitmeli boljak ekenligini Hesel

begenip gürrüň berdi. Mähri jorasynyň öwnüp oturşyny geňräk gördümi, dulda ik egrip oturan

ejesiniň ýüzüne seredip-seredip goýdy. Şol wagtam gyzyň kakalygy işden geldi. Bu günler gazy

gazmaga gidensoň, onuň argynlygy ýüzünden bildirip durdy.

Dürjemal adamsynyň öňüne çaý goýdy-da:

— Dükan açyk bolsa, gidip gelsene, nahary soň iýäýeris-dä – diýdi.

— Näme gelipdir?

— Mährä bir köýneklijek keteni getir.

— Pul bamy oňa?

Dürjemal sesini çykarmady. Dogrusyny aýtsa, bir zat alynmaly bolsa Ýagdynyň eşigini

täzelemelidi. Märekä çykmaga eşigi ýokdy.

Ýagdy çaýyny içdi-de, getirmese aýalynyň goýmajagyny bilip ýerinden galdy. „Pul al” diýip

ýüzüni asyp durşuna gapyda dillendi. Birdenem onuň Dürjemala awusyny pürkesi geldi.

„Görmeýämiň, otlasaň tütejek däl. Şu eşik bilen men ile çykar ýalymy? Gyzyň bolsa fabrik

keteni geýjekmiş”. Emma ol aýalynyň hiç wagt eşik diýip azar bermändigini, özüniň getirip

beren ýeke-täk öýmesinem Mährä daňandygyny ýatlap sesini çykarman çykyp gitdi. Ýöne

Ýagdy häzirem, öňem aýalynyň şol kesir gyzy näme üçin şeýle eý göryändigine düşünip bilmedi.

Ony özünden ileri tutýandyr öýdüp oýlananda bolsa ahmyr etdi.

— Eje, näme beýtdiň. Görýäň-ä onuň penjegi egninden gaçypdyr. Men näme saňa keteni diýip

azar berdimmi? – diýip, Mähri ýüzüni sallady.

— Mähri jan, olam penjeksiz galmaz. Nesip eden güni alar geýer. Sen onuň aladasyny etme.

Işjanly Ýagdy agyr işlerde-de işleýärdi. Ir gidip, giç agşam gelýärdi. Gyrkym ýa bede diýip uzak

ýatymlyga gidýän wagtlaram bolýardy. Onuň gözüni açyp göreni gara zähmetdi. Näme buýrulsa

ýüregi bilen topulýardy. Özünem şoňa görä obada-da hormatam bardy.

Eline bir köpük düşse-de öýe getirip, bu meselede Dürjemalyň elinem idemezdi. Ýöne Dürjemal

iş agzasa Ýagda ýakmaýardy. Ýogsam onuň bir özüniň gazanjy bilen hojalygy aýlamak kynrak

bolýardy.

Bir ýyl-a Dürjemalyň nähoşlap işe ýarawlygynyň ugry bolmady, soňam arasy ýygyja iki çaga

ony eýikdirmedi. Birneme daýanan soň Dürjemal ekip-dikip, der döken meýdanlary küýsedi.

Şu günem Dürjemala açyk dillenmäge bahana boldy. Aýalyndan göwni galan Ýagdy dükandan

gelşine nahar iýmän, töre geçip düşeksiz zatsyz gyşardy. Eneli-gyz biri-biriniň ýüzlerine

seredişseler-de, içerde geplän bolmady.

Çagalaryny ýatyryp, adamsyny oýaran Dürjemal düşek salyp durşuna dillendi:

— Sen maňa nähak gaharlanýaň, Ýagdy. Menem gidip-gelip dursam, häki bir gapdalyňdan

goltgy boljak. Çagalaryňam tüýs iýjek-geýjek mahaly. Görýäň-ä uly-kiçi işleşip ýör.

Ýagdy sesini çykarmady. Muny razylygyň alamaty diýip düşünen Dürjemal bir hepdeden

meýdan işine gitdi.

— Bu öýde her kim bir kelle – diýip agşamlyk işden gelen Ýagdy hüňürdedi. — Bolýar-da

eliňizden gelenini aýamaň, menem bir gün haklaşaryn.

Dürjemal adamsynyň soňky sözüne ýylgyrdy. „Biz bilen nähili haklaşjak-ka!” Görsene „siz”

diýşini. Maňa gaharlansa-da, Mährini gapdalyndan goýanok.

Gyzynyň okuwa yhlas edişini görende Dürjemal onuň irde-giçde dillenjegini bilýärdi. Ýöne

adamsynyň muňa nähili garajagy belli däldi. Kä mahal göräýmäge giň, paýhasly Ýagdyny

sähelçe zadam darykdyryberýärdi. Şonuň üçin hem wagty gelýänçä bu hakda adamsynyň

ýanynda dil ýarmazlygy göwnüne düwdi.

Bir gezek Arslan gyzjagazy bilen dostlarynyň biriniň öýlerine gezelenje çykmagy ýüregine

düwüpdir-de, Dürjemallara geldi. Şonda Dürjemal ýigidi ugruna goýman düşege geçirdi. Unaş

bişiripdi, Arslanyň bolsa öler jany gurt owlup gatyklanan noýbaly unaşdy. Üstesine Mährem

„işlidi”. Ol hatda kakasynyň gelenine-de üns bermän, pişijegi bilen başagaýdy. Gapynyň

arasynda galyp pişigiň aýagy agyrypdyr. Mähri bolsa matajyk bilen pişigiň aýagyny şeýle bir

yhlasly özi-de usullyja saraýardy welin, Arslan oňa tä sarap bolýança höwes edip seretdi.

— Dürjemal, lukmany daşdan gözläp ýörmän, bir ýeriň agyrsa size geläýmeli eken – diýip,

Arslan şonda hoştap ýylgyrdy. Onsoň gyzyna ýüzlendi:

— Mähri jan, ullakan gyz bolaýsaň Dürje ejeňe ýalbargyn, ol seni okadyp, lukman gyz edip

ýetişdirsin!

„Wah, özi asyl biz bilen hoşlaşyp ýören ekeni-dä! Bu günleri görjek däl ekeni-dä!” diýip,

Dürjemal şu wakany ýatlanda gamlandy.

Adamsynyň gyzyny göwünjeň ýola salmajagyny Dürjemal duýýardy. Onda-da ol Mähriniň

göwnüni ýykandan, Ýagdydan gep çekip gezenini müň paý gowy görjekdi.

Dürjemalyň bir häsiýeti bardy. Ol möhüm bir zat bolaýmasa, ownuk-uşak hojalyk işleri üçin

adamsyna sala salyp, ýa geňeşip durmazdy. Ýöne göwnüne makul gören işini, adamsy ylalaşsynylalaşmasyn gaýra goýmazdy. Gygyryşmaýardam, çekeleşmeýärdem, sessiz-üýnsiz ediberýärdi.

Mährinem ol şeýdip ýola saldy.

— Hol ilerki Annak goturyň gyzy okuwa gidýärmiş. Kakasy däl, ejesem diş-dyrnak garşy.

Zalym, bela ýaly atsaňyzam gitjek diýýärmiş. Okuwa-da ökde diýýärler özüne. Senem şondan

galma, gyzym. Öýdäki bilen özüm oňuşaryn.

— Men Annak goturyň gyzy däl-dä, eje! Okajak dälem diýemok. Onsoňam seň ýüregiň etdende, başganyňky demirdenmi? Seni bu ýerde gep ýassygy edip, men o taýda arkaýyn okap bilmen.

— Onyňdan bahana bolmaz. Mährim — diýip, Dürjemal gyzynyň gürrüňine garşy çykdy.

Beýdip özüňi horlap ýörme-de, git-de dyn!

Gyz geplemedi.

Näme-de bolsa ol adamsyna sala salyp görmegi ýüregine düwdi. Dogry-da, töwalla alýan bolsa,

Ýagda Dürjemaldan ýakyn adam ýok. Sylag hormatam iki taraplaýyn bolýandyr-da. Ar-namys

diýlen zat bolsa Dürjemala-da, Mährä-de, belki Ýagdydanam has beterräk gerekdir. Ýöne

Dürjemal adamsyndan şol bir jogaby eşitdi.

— Şu okuwly gürrüňiňi goý, bir zat diýlende düşünerler. Näme etjek ýüz gezek gaýtaladyp?!.

Aýdyp bilmän telim günläp ýaýdanyp gezenine jany ýandymy ýa adamsy öz eňegini tutup

degnasyna degdimi—ir bilen Dürjemal içini boşatdy:

— Meni daňyp atdy-la, bu daňyp atmyş, şu adamlary elsiz-aýaksyz, dilsiz-agyzsyz mahluk hasap

edýärmikä? – diýip, daň atýança kirpikli gözüni çalyşman, ölçerip-döküp çykan Dürjemal yzly–

yzyna suňşurdy. — Bolsa boluplar geçsin adamym. Entek ygtyýarymy elimden aldyran ýerim

ýokdur. Ol-a dogr-u, nädogry edenini edip ýörmeli, bizem kaýyl bolup gezibermeli-dä! Dürjemal

dymyp ýörse-de, hemmesine düşünýändir, ýöne geçirimlilik edýändir. Erkek hökmünde, şu

maşgalaň başy hökmünde sarpasyny sakladym, sala saldym. Bilmedi. Indem, ynha Dürjemaly

diriligine ýuwdaýsyn. Oňa gerek abraý bize-de gerek. Iberjek men şony okuwa Dürjemal

geýindi-de, alňasak çykyp gitdi. Diňe Ýagdy däl Mährem ejesiniň bolşuna geňirgendi. Aýalynyň

bir hyýala münenini bilip ynjalygy gaçan Ýagdy işine jür bolansoň, ol gelýänçä garaşyp bilmedi.

Dürjemal öwrülip geldi-de, Mährini gyssap başlady.

— Bol, gyzym, taýýarlan! Häzir daýyň maşyny geljek. Etraba äkider, otla-da mündürer.

Bolmanda-da, şu dikdüşdi bilen bir işiň başyny tutjak gümanyň ýok. Menem elinden gelse,

tünekden çykarjak däldi-dä.

Dürjemal hem gepleýärdi hemem gyzyna gerekmejek goşlaram howlukmaç orta zyňýardy.

Mähri bolsa ortarada dikilgazyk bolup durdy. Dürjemal ony görýärdi. Ýöne gyzy kesirligine tutar

öýdýärdi. Oňa „akylly bolgun, gowuja okagyn” diýip tabşyrýardy. Özem bu nesihaty Mährä

bermegiň artykmaçdygyna düşünip şeýdýärdi. Näme-de bolsa, bir zatlar aýtmak, gyzyny bir

agyzam gepletmezlik üçin şeýdýärdi. Ejesiniň bolşuna Mähriň hem-ä gülküsi tutdy, hemem

nebsi agyrdy. Ýöne onuň aýgytly netijä gelendigine, häzir raýyny ýykaýsa, ynjajakdygyna

düşündi-de, ejesine boýun boldy.

Mähri gitse-de, gitdi welin, şäherde ýüregi gysdy. Aşgabadyň gözel görkem, şowhunam Mährini

imrindirip bilmedi. Entek şäher görmedik oba gyzyny biri-biriniň üstüne abanyşyp duran gat-gat

jaýlar, şäheriň gohy -galmagaly darykdyrdy. Ol alaň-açyk meýdanlary, ejesini, deň-duşlaryny

küýsedi. Ulaga münende ejesiniň gapylarynda durup, uzak wagtlap gözüni aýyrman seredişi, iň

soňky aýdan sözi ýadyna düşdi.

„Mährim, eziz bala, yzyňy alada etmegin, okagyn! Gerek zadyňy ýazaýgyn”. Şonda Mähri

aglady. Ejesi welin gözüne ýaşam aýlamady. Mertliginden şeýtdimikä? Ýa Mährini

gynandyrmajak boldymyka?

Mähri bilen bir jaýda ýaşaýan gyzlar kitaplaryny göterişip bagyň kölegesine çykyşyp gitdiler. Ol

krowadyndan galmady. Gijara howpurgap lukmançylyk institutynyň howlusyndan çykdy-da,

ýüzüni günorta tutup, dik baýyra çykýan köçäni alyp, tä Aşgabady etekläp oturan baýyrlara çenli

gitdi. Ol gatlyşyp barýan garaňkynam, sap-sary bolup ýatan belentli-pesli depelerde adam

garasynyň ýokdugynam, gorky-ürkinem bilmän, iň belent baýyra çykdy. Aşgabat tamdyr ýaly

gyzyp ýatanam bolsa, baýyrlaryň arasynda gizlenen aramja şemal gyzyň ýüzüne çaldy. Belki

şemaljyk Köpetdagdan gelendir-de, ýörite Mähriniň göwnüni açmak üçin öwsendir. Beýikli-pesli

depeler, uzaklara hol Köpetdagyň düýbüne çenli ýazylyp ýatan giňişlik, görkana şäher gyzyň

göwnüni birneme galkyndyrdy. Ol bir beýigiň çür depesine çykdy-da çommalyp oturdy.

Gapdalynda şygyrdy peýda bolmadyk bolsa, onuň bu ýerde näçe oturjagy belli däldi. Gaýdanda

welin, Mähri iki-üç günde okamadyk temalaryna daň atýança göz gezdirmegi ýüregine düwdi.

Jaýa girenden Mähriniň öňki hyjuwyndan zat galmady. Ýene şol bir pikirler gyza ynjalyk

bermän başlady. Kakalygy ejesiniň başynda nähili gopgun turuzdyka? Ejesi nätdikä? Näder?

Hemişekileri ýaly iňirdisinem, gykylygynam, aşak bakar, sessiz-üýnsiz diňlär oturar. Çykyp

giderem welin, uludan bir demini alar. Adama içini dökmez, zeýrenmez „Iliň kellesini agyrdyp

nädeýin” diýer. Mähriniň ejesi kakalygyndan irde-giçde bir iňirdi eşitse., diňe Mähri sebäpli

eşidýär. Ejesi Mähriniň ýatsa düýşüne girdi, otursa-da hyýalynda boldy. Aşgabada gelip on güne

golaý wagt geçenden soň düýşünde ejesini gamgyn halda gördi. Mähriniň ejesi hemişeki oturýan

ýerinde başyny aşak salyp ik egirip otyr. Birden kakasy gapydan girýär-de oňa topulýar...

Mähri howpurgap oýandy.

Ýagdy şol gün hakykatdanam Dürjemalyň göwnüne erbet degdi. Ol işden gelende aýalynyň

aýagy bişen towuk ýaly bir ýerde durman, girip-çykyp zowzuldap ýörşünden içerde bir

üýtgeşikligiň bolandygyny aňdy.

— Hany, Mähri?! – diýip, ol oturyp-oturman sorady.

Uzynly gün alada edip ýeňse damary taýaga dönen Dürjemal birden ýaryldy.

— Şol-a Aşgabada okuwa gitdi. Özünem elim bilenjik elinje ugratdym – diýdi.

— Hymm, özüm iberdim diýsene. Sen-ä iş bitiripsiň, heleý han! Agyryňa çydasaň müň ýaşa! Şu

öýde haçana çenli seň diýeniň gögererkä? Seň üçin meni asýan bolsalar, ertire goýmasynlar. Seň

ýaly heleýli bolanyňdan, heleýsiz öteniň ýüz paý gowydyr.

Ýagdy aýalyna iňirdäp täsir etmerin öýütdimi ýa-da özüni sylanmaýan adam hasap etdimi, kim

bilýär?! Ol giren ýerinde asylgy duran ýüpi aldy-da gap böwürde hamyr etjek bolup ber-başagaý

bolup oturan aýalyny eli ýadaýança saýgylady.

Eli, boşansoň, hemişekileri ýaly, ýene öýden çykyp gitdi.

Uly gaýda deňizde galyp, nähilidir bir gudrat bilen kenara düşen adam kimin Dürjemal ýeňil

dem aldy. Ol ullakan bir günä edip minut saýyn hüküme garaşýan günäkär ýaly, şu günini zordan

arka atypdy. Dürjemalyň teni awasa-da, içki harasady şol wagt gowşady. Ertesi welin onuň ten

awusy ýadyna düşmedi. Nämedir bir zat egninden basdy. Oýlandygyça özüniň erbet

kemsidilendigini duýdy. Adamsyndan ynjady, onuň ýüzüne seretmäge namys etdi. Çagalaryndan

utandy. Bu welin ýekeje käse çaýy aýalyndan aýry içmegi iňňän kyn görýän Ýagda diýseň ýokuş

degdi. Şol güniň ertesi ol Dürjemal özüne çaýam bermez öýdüpdi. Emma Dürjemal aralarynda

hiç zat bolmadyk ýaly, otur-tur bilen girip-çykyp ýördi.

Ýagdynyň yzy süre ol-da işe gidýärdi Dürjemal işden adamsyndan ýarym sagat öň geldi. Şol

arada nahar atarybam, mallara seredibem ýetişdi.

Agşamlyk Ýagdy bir käse çaý içip, Dürjemalyň uzadan naharyny öňüne çekdi. Içiňi ýakaýyn

diýen ýaly Dürjemal şol bada çykyp gitdi. Ol gapdalynda oturan bolsa, Ýagdy onuň ýüzüni asyp

oturmasy bilenem oňuşjakdy. Ol iki çemçe owurtlasa-da soňkulary onuň bokurdagyndan

geçmedi. Çagalaryny çagyrdy. Olaryň ikisem naharlydyklaryny aýdyp, bir-ä çykyp gitdi, birem

keçäniň üstinde ýüzün düşüp surat çekip başlady. Näler diýesi gelse-de, kiçisine „ejeňi çagyr"

diýmäge Ýagdynyň dili aýlanmady. Alyp ýatan işem ýokdur welin, şol sermener ýörer. Bir agyz

garbansa şu adamlar öýi alyp oturjak däl, gitjek. Goňşularyň çakylygyna-da sowulmadym. Şuň

göwni diýip, şeýtdim. Muň welin geldiň, gitdiň azaryna-da däl. Öýke-kinäňem bir soňy bolar-a".

Çanagy beýläk aýryp Ýagdy sortduryp oturdy: „Iýdirmejek bolsaň bişirip nätjek" diýip, ol ýene

aýalyna içinden igendi. „Bilgeşlin edýä! Naýynsap, içerik girende-de „Nädýäkä şu" diýip,

gözünem bir aýlanok. Şu adamlaryňam ýamanlygy ýog-a. Her kim öňünden gaçýa! Gepe

galmajak bolýar. Gyz maşgala bir gara ýakyn-a. Soňky gün diliňi gysga etse, bir çeti baryp ýene

özüne degjek. Düşünýän zadyna dikdüşdilik etse, janyň ýanýar. Ýogsam şuňa, heý, meniň elim

galjakmy!”

Ýagdy aýalyndan öýkeläp birki gün nahar iýmezligi göwnüne düwdi. Suwjyk degişmäni-de, ol

başarmady. Onsoňam Dürjemala degip bir gör-dä! Häzir-ä ol öýkeli, başga wagtam ýüzüňi

sypanok. Öňräk Ýagdy çagalarynyň barlygyny unudyp, onuň goşaryndan tutanda Dürjemal tas

ýarylypdy. Özem utanan Ýagdy, üstesine aýalynyň iki oýnam şerebelije sözünem eşidipdi.

Ýagdy içinden müň mertebe ötünç sorasa-da, daşyna çykarman diňe wagtal-wagtal gabagyny

galdyryp aýalyna seredip goýberdi. Dürjemal welin başynam galdyrmady, adamsyna

barmysyňam diýmedi.

Dürjemalyň yhlasy ýele sowruldy. Bir gün agşam işden gelende alnynda gyzyny görüp

allaniçigsi boldy.

Dürjemal ýeke agyzam geplemedi. Getiren otuny mallaryň öňüne dökdi. Sygyr sagyp geldi,

gaýnatma atardy.

Ejesiniň dymyp ýörmegi Mährini darykdyrdy. Şu bolup ýörüşinden onuň özi üçin-de, ejesi üçinde, näme diýjek bolsa, diýip dynany gowydy. Hem-ä Mähriniň bükgüldisi aýryljak. Howsalasy

kemeljek, hemem ejesi içini boşatjak.

Kakalygam diňe gabagynyň aşagy bilen bir gezek nazaryny aýlap goýberdi-de olam sesini

çykarmady.

Mähri daşarda gazanyň aşagyna ot salyp oturşyna, girip-çykyp ýören ejesine sabyrsyzlyk bilen

garaşýardy.

Ikiçäk galdylar. Ejesiniň keşbi Mährini düýrükdirdi.

— Ekzameniň haçan?

— Ýene iki günden.

— Taýýarlandyňmy?

Gyz sesini çykarmady.

— Meni käýitmejek bolsaň, agşamky otly bilen gelen yzyňy ýel çalmanka ugra! Gelmäni bildiň,

gitmänem oňararsyň!

— Eje!

— Hytdy-pytdyňy bes et!

— Dürjemal turup gitdi-de, eşegini gaňňalady. Gyzyny eşege mündürip, çemodanyny öňüne

berdi.

— Gidiber, häzir yzyňdan özümem ýetýän.

Dürjemal guşagyny guşanyp çykdy-da, pyýada ýol bilen gönüläp gyzynyň yzyndan ugrady.

— Seňňem bir janyňa haýpyň gelsin, öljekmi bir ýerde ýykylyp, bolman-da ulag bir gözle –

diýip, adamsy gapydan oňa gygyrdy. Aýaly aýak çekmän soň, Ýagdy zordan onuň yzyndan

ýetdi.

— Okuwyňyzam gursyn, gyzyňam. Saňa çäre boljak däl. Kemally aýal boýy ýeten gyzyny ýary

gije otla mündürip tüneginde ýaýnap oturarmy?

— Meň-ä şonsuzam aladam ýetik. Seňki artykmaç, peýdaňam gerek däl, zyýanyňam – diýip,

Dürjemal ýangynly gürledi.

Ýagdy kontura tarap sowuldy-da:

— Içerki ýola çyk, ulag ibererin – diýip, ýene aýalynyň yzyndan gygyrdy.

Mähri okuwa girip bilmän geldi. Jany ýanan Dürjemal muny diňe gyzyndan gördi.

Günortan arakesmede meýdan düşelgesinde oglanlar çaý-nahardan kökläp, keçäniň üstüne

süýndüler. Kimisi gazete ýapyşdy. Kimisi žurnallara, iki sany ýetginjek küşte gyzdy.

Töwereginiň janköýerleri bilen. Gyzlaryňam Heselden özgesi tikine güýmendi. Teletin

ýuwsesini barmagyna ötürip Mähri, Hesele ýaplandy. Jorasynyň myssa ýylgyranyny görüp hasda ornaşdy. Hesel kitap okamasyny goýdy-da, öwrülip Mähriniň gulagyna çawuş çakdy:

— Ýigitleriň birine ýaplanaýsaňyz nädýär, akyllym!

— Çagyr ýaplanaýyn. Keseki däl, öz obamyzyň ýigitleri.

Jorasynyň kakdyrmasyna düşündi-de, Hesel Mähriniň böwrüne hütüledip goýberdi. Yzyndanam

„Göroglyny” ýapdy-da pyşyrdady:

— Mähri jan, ýigidi alar-da, obamyza göçer geläýerin.

Aýallaryň biri Heseli gyssap jibrindi:

— Okasana keýgim, agzyňa bakdyraýdyň-la...

„Gurt agzasaň, gurt geler” diýen ýaly, şol gün agşam işden çykyp barýarkalar gyzlaryň

garşysyndan iki sany ýigit çykdy. Olaryň biri bugdaý reňk, ýüzi-gözi gülüp duran daýanykly

ýigit. Ol maňlaýyndaky ujypsyzja saçyny arkanlygyna darap, akgaýma tahýa geýipdir. Beýlekisi

başaçyk. Onuň arkan daralan goňrasrak tämiz saçy ýüpek ýaly lowurdap dur. Ýigidiň güne

ýanmadyk ak ýüzi-de, geýnişi-de şäherden gelendigini aýdyp dur. Egninde ap-ak köýnegi, diýseň

arassa, gowy ütüklenen goňras jalbary bardy. Özi-de uzyndan diýseň suratlydy, agrasdygy-da

duýulýardy.

Ýigitleriň ikisem salam berdiler-de, aýak çekdiler.

Jorasynyň aljyrap özüni ýitirendigini gören Mähri olaryň biriniň Heseliň halaýan ýigididigini

güman etdi.

— Armaň-da — diýip, bugdaý reňk ýigit Heseliň geçip gidibermeginden ätiýaç edýän ýaly

ýyljyraklap onuň öňüni gabalady. Hesel aýak çeken soň, Mähri ony goýup gidibermegiň ugruny

tapman, ýoldan çekildi -de saklandy.

— Akmyrat, dost, seňňem gökdäki dilegiň ýerde gowşaýanam bolsa ähtimal ugruny tapmasaň,

özüňden gör! Häzir menden-ä kömek ýok — diýip, hälki ýigit edil Mähriniň garşysynda

çekinjiräp duran ýoldaşyna degdi-de, soňam Hesele ýüzlendi.

— Hesel, ýüzüňi asmasana! Aýtmasaňam düşünýän, ýedi ýoluň üstünde gyz bilen ýigidiň

gepleşip durmagy gelşiksiz, baryp ýatan bidüzgünlik. Ol Akmyrada garap, gözüni ümläp

goýberdi-de adamlaram geçişip gidibermeli welin... işleri tükenen ýaly, şol seredişip durlar —

diýdi.

Hesel ýigidiň ýalan sözleýänini bilse-de, çekinjiräp töweregine garady.

— Utanma, Hesel! Biz häzir iki däl-de dört. Şonuň üçin hem Allatagalanyň özi-de geň-taň

görmek hukugyndan mahrum. Ýigit şundan soň dostunyň özüni mejbur edip alyp gaýdandygyny,

toýlarynda bolup bilmejekdigini Hesele gürrüň berip durka-da, töweregindäkileri öz ugruna

goýmady. Akmyradyň üstünden düşdi.

— Oňa sered-ä, her kim öz bähbitjigini bilýär. Synlamaly gyzyň ol däl-how, bärde!

Mähri gyzardy. Akmyrat bolsa hezil edip güldi.

— Gideli-le, how, ýogsam senden gowsy çykjak däl — diýip, Akmyrat dogrudan hem haýsy

tarapa seretjegini bilmän durşuna ýoldaşyny gyssady.

— Goýberseler gidersiň-dä. Ýoluň üstünde saklap durmaga utanaňokmy, hakyllym, biri göräýse

nätjek?!

Bu gezek gyzlaryň ikisem ýylgyrdy.

Mundan artyk saklaýsa, Heselden igenç eşitjegini bilip, ýigit ýoldaşyna tarap ýöneldi.

— Ikimizdenem oňňullyk çykjak däl, gideli!

Ýigitler çepe, gyzlaram saga sowuldy. Edil şol wagtam Mähriniň kakalygy gyzlaryň deňinden

ýetip geçdi. Ol göräýmäge hiç zada üns bermedik kişi bolsa-da, ýigitleri göz astyndan synlady.

Kakalygynyň bimahal peýda bolmagy Mährä ýaramady. Hemişe iň bolmanda „armaň” diýmän

oňmaýan adam, bu gün sessiz-üýnsiz geçip gitdi.

Muny Heselem duýdy. Mähri bolsa içinden bigünä Hesele igendi. „Ýeri, gitse gidipdir-dä dosty,

yzyna köwlenmän oňjakmyşmy. Bu gün görmese ertir görjek ekeni-de! Ýedi ýoluň üstünde

sataşyp ýörmegi aýpdyram öýdenoklar. Hawa-da, gyz utanmasa, ýigit çekinermi diýsene”.

Hesele igense-de, Hojamyradyň wäşiligine, beýleki ýigidiň salyhatlylygyna pisindi oturan Mähri

jorasynyň ýap-ýaňy beren soragyna nagt jogap berdi.

— Haladym.

— Eýlekisini nähili gördüň?

— Oňa esewanam etmändirin.

Hesel güldi.

— Näme ýalan sözleýäň?!

Mähri diňe ýylgyraýdy.

Hesel ol ýigit hakynda bilýänlerini gürrüň berdi. Ol ýakynda Sankt-Peterburgda okuwa giripdir.

Gutarsa uçarman bolmalymyş. Özünem gyzyl ýaly ýigitmiş. Bir bagtlynyň-a bagtyndan çykar —

diýip, Hesel aýdanlarynyň üstüni ýetirdi.

— Şeý diýsene.

— Näme ýaňsylan bolýaň?! Birden öz bagtyndan çykaýmasyn?! Gözüň-ä aýryp bilmediň,

keýgim!

Jorasynyň kinaýalyja sözi Mähriniň çetine degdi:

— Synlan synlawersin, biz-ä synlaşyp-saýlaşyp ýörmegi oňarjagam däl.

Heselem Mähriniň gürrüňine görä jogap gaýtardy.

— Synlajagam, saýlajagam jorajygym, saňa-da şony nesihat berýän. Mähri sesini çykarmady.

Mähri lukmançylyk institutyna girip bilmän gelensoň göwnünde baram bolsa, okuw diýmäge

ýaýdandy. Ejesine dözmedi. Mährileriň obasynda okuwa gidýänem azdy. Ataly ussanyň gyzy

gidipdi. Olam gybatçylara bir salym güýmenje boldy. Etmedigini etdirdiler, diýmedigini

diýdirdiler. Telim ýigit bilen gaçyrdylar. Etdi–goýdyň soňy puç bolansoň ahyram ýadap

goýdular. Şu ýagdaýlaram Mährini oýlandyrdy. Ol meýdan işini bolsa ýaňy görmeli däl.

Okaýarka-da, okuwdan boş wagtlaram kömekleşýärdi. Alsynda dogup-döräp içinde ýaýnan

ajaýyp meýdanlary, ala-ýaz adamlar gyza egsilmez şatlyk berýärdi. Ýaltanmany, ýadamany

bilmeýän Mähri üçin deň–duşlaryna ýomak oklap, özi bilen tas boýdaş gowaçalary çürtmekden,

traktorlaryň zenzelesine, daş-töwereginiň gowruna, boýdaşlarynyň gülküsine diň salyp, pagta

ekmekden, otamakdan, mele suwuň ýapjagazlara, gowaçaly pellere lummurdap akyşyna syn

etmekden lezzetli zat ýokdy.

Ter güli ýadyňa salyp ösüp barýan derek boýly Mähri köpüň gözünde-di. Onuň ak ýüzüne bezeg

berýän garamyk ýaly gözleri-de, gyýylyp duran gaşlary-da, çürüje eňegindäki garaja haly-da köp

gözleri egleýärdi. Emma bu ýygra gyza lak atybermäge her kimiň bogny ysanokdy.

— Galyň bende gyz çykarjak däliňe-de gulak asanoklar. Şol dökülişip durlar. Ilde-de gyz bardyr

welin — diýip. Dürjemal özem bilmän bir gün adamsynyň ýanynda zeýrendi.

— Dökülseler berme-de, sakla-da otur — diýip. Ýagdy ýüp işip oturşyna kineli aýtdy. Biri bilen

goşuny getirerine garaşýansyň.

Adamsynyň jogaby Dürjemalyň göwnüne degdi.

— Seňňem gyşyk gürrüňiň galjak däl. Geňeşmedigim bolsun!

— Şu adamlaram bir zada göz ýetirmän aýdanok how! Saňa gep nokatla diýseň. Oturan ýerinde

gyzyň edip ýören işinden habaryň ýok — diýip, Ýagdy aýalynyň nazaryndan ýüzüni sowup

gürledi.

Dürjemal iňňän geň galyp adamsyna howsalaly çiňerildi:

— Näme işleýämiş?

— Ony gyzyň özünden sora!

— Menden bidin gyzym adimem ätmez!

— Äden bolsa bildiňmi? Gatnadyp durma-da, berip goýber ilerkilere. Ýa olaram tanaňokmy?

Gyzyňam agyrjak däl. „Okaýsa” diýdiň. Ol görgüliler şoňa-da razy. Başy bogulsyn, goý,

okabersin! Başga saňa näme gerek. Şol içerde oňa „edenine däl” diýjek tapylmaz. Ýada bereňde

ondan gowy boljakmy?

Ýagdynyň „ilerkiler” diýýäni Dürjemalyň daşkyrak garyndaşlarynyň biridi. Olar Mähri berilse,

obada sürüji bolup işleýän ortanjy ogluna gelin edinjekdi. „Köp ýalbartma, Dürjemal, ber Mähri

jany maňa! Şüýl elimiz bilenjigem okuwa eltip geleli? Ýa sen bize-de ynanaňokmy?” diýip, her

gelende ýigidiň ejesi ýalbardy. „Özleri oňlamasa men „pylan” diýip bilmen” diýip, gyzynyň

göwnünden habarsyz Dürjemalam gutarnykly jogap berip bilmedi.

Adamsynyň kakdyrmasy Dürjemaly iňkise goýdy. Mähri birine göwün beräýdimikä? Kimkä ol?

Nähili adamka? Şol ilerkiler bolandygynda-ha adamsy agzamaly däl.

Dürjemal haýal etmän gyzy bilen gürleşip görmegi ýüregine düwdi. Adamsy çykandan, igini

göterip gyzynyň ýanyna ugrady.

Mähri goňşy otagdady. Gyz ýeke bolsun, iki bolsun, şonda oturaýanyny kem görenok. Ýöne

Mähriniň ýanynyň gelin-gyzsyz wagtam az bolýar. Şol jaýda agşamlaryna gyzy -gelni üýşüp tikin

tikýär. Jorap örýär. Üýşüp-üýşüp gopuz çalýar.

Dürjemal girende gyzynyň ýeke özi eken. Mähri jigilerine jorap örüp otyrdy. Jaýyň tämizligi

içerdäki zatlaryň ýerbe-ýerligi Dürjemalyň göwnüni göterdi. Aslynda gyzly içeriniň howasam

ýazyň howasyny ýadyňa salýar. Görmegeý Mähriniň gyýarak bakyp oturşynda birhili üýtgeşik

gudrat bar. Onuň ýakasy bir garyş bejerilen köne ketenisem tüýs Mähriniňki. Belki, şu köýnek

täzekä-de oňa edil häzirkisi ýaly gelşen däldir. Sebäbi köne keteni Mährä öwrenşipdi. Ony sada

görkezýärdi. Mähriniň iňňeden çykma gültahýasam ak ýüzüne, gyýma gaşlaryna gelişýärdi...

Mähri kimedir birine näz edýän ýaly, owadan gözlerini süzüpdir-de, gabagyny galdyrman,

halkalary ol çişden beýlekisine geçirýärdi. Sülük ýaly barmaklarynyň hereketine göz ilenokdy.

Nepis sungata meňzäp gül öwsüp oturan Mährä ýigid-ä däl, aýal maşgala-da gözi gitmän seredip

biljek däldi.

Mährä aňk bolup duran Dürjemaly ýakymly duýgy gaplap aldy-da, onuň gyzlyk döwrüni ýadyna

saldy „Balam, hernä bagtyň bolsun-da” içini gepleden Dürjemal gyzynyň ýanyna geçdi.

— Geleniň gowy bolaýdy, şumat ýanyňa baraýyn diýip oturşymdy. Çabydyma jähek çalyşaý

diýjekdim.

— Gyzyň  sülük ýaly barmaklarynyň hereketine guwanyp Dürjemal öýler ini Mährisiz göz öňüne

getirjek bolup çalyşdy. Başarmady. Mähri onuň ýüreginiň örki. Iki dünýäsiniň – görüp, duýup

ýaşap ýören daşky hem içki dünýäsiniň bezegi. Ömrüniň bahary. Şol baharam şu gyz bilen

baglanyşykly. Ol günleriň her sagady, her minudy ajy hem süýji ýatlamalardan doly. Mähriniň

ejesem, kakasam çagalykda bileje oýnan deň-duşlarydy.

Dürjemal uludan dem aldy-da, gyzyny gözüniň görüp duran ýerine çykarmaklygy makullap, özözüni köşeşdirdi. Mähri geler durar. Girse-çyksa-da, gözüniň alnynda bolar.

Ejesiniň ýöne oturmaga gelmedigine gyz düşündi.

Jähek çalyp oturşyna Dürjemal ýaýdanjyran gyzyna söz gatdy.

— Ilerkilerem -ä, özüň bilýäň, at tezegini guradanoklar, keýgim. Bir bendeleri gatnadyp

durmagam uslyp däl.

Dürjemal muny diýse-de diýdi welin, matlaby ilerkilere jogap bermek däldi. Gyzynyň

göwnündäkini bilmekdi.

Dogrusyndan gelse, ejesiniň häzirki söz aýdyp oturan ýigidini „halamok” diýmäge onuň dili

aýlanjak däldi. Özüne saýla diýläýende-de obada şondan edepli, ezber ýigidi saýlabam

bilmejekdi. „Tanamok” diýibem biljek däldi. Mähri ony sylaýardam, hormatam goýýardy. Muny

Dürjemalam bilýärdi, beýlekilerem. Ýöne ýigidiň telim gezek gürleşjek bolup synanyşyndan

özünden başganyň habary ýokdy. Ýigidiň özüne bir zat aýtjagyny duýan badyna, Mähriniň reňk i

üýtgäp gidýärdi. Näme üçin beýle bolýandygyna özem düşünenokdy. Ýekeje söz aýdaýsa,

Mähriniň ýaryljagyny aňyp, ýigidem batyrlyk edip bilenokdy. Häzirem Mähri oňaýsyz ýagdaýa

düşdi. Dogrusyny aýtsaň, ejesiniň şu gürrüňi gozgamanyny gowy gördi. Şonuň üçine m basymrak

başyndan sowmak niýeti bilen, göwnüne gelenini aýdyp goýberdi:

— Özüňiz oňlasaňyz, sorap oturmaň-da, göwnüňizdäkini ediberseňizläň, eje!

Gyzynyň agzynyň ugruna aýdyp goýberen sözüni Dürjemal ýokuş gördi.

— Gyşyk gürrüňiňi goý-da, sala salnanda, adam ýaly jogap ber. Dürjemal elindäki sapaklary

gaçyrdy. – Bumat ejeň oýun ýadyna düşenok. Gönüle-de göwnüňdäkini aýt. Ejeňden zat

gizleme.

— Eje, bolşuň bir tüýsli. Men näme gizläpdirin?!

— Ony özüň gowy bilýänsiň!

— Meň-ä üýtgeşik bilýän zadym ýok... Näme diýjek bolsaň, gönüle-de diýäý, eje. Kelç-külçümi

gören bolsaň, ýa birinden bir zat eşidenem bolsaň. Eger iň bärkisi şol „ilerkileriň” bilenem

gepleşýändir öýdüp müňkür bolýanam bolsaň, onam aýt!

— Ejeň göwni üçin razylyk berip otyrsyň-da onda. Olarda göwnüň ýok-da?!

— Göwnüm bolup-bolman siz oňlasaňyz...

— Men onda çem geleniň habaryny alsam razylyk beräýjekmi?

— Ejesi ynanmasa-da, gyzy ejesine ynanýandyr. Çem gelene berilmejeginem bilýändir.

— Ýaramaz adama iterilip goýberilmejegine akylyň çatýandygyny menem bilýän. Ýagşy adam

köpdür dünýäde. Ýöne gowynyň gowudan parhy bardyr. Bu zatlara indi akylyň ýetmelidir.

Berdilerem-dä, ysnyşyp gidiberseň-ä bir gowy, gitmeseň göwnüňem başga bolsa, soňky gün

onuň gowulygyndan saňa peýda ýokdur. „Özüňiz oňlasaňyz bor”. Muny diýmegin. Bu akylly

adamyň diýjek sözi däldir. Şu sözi indi men seň agzyňdan eşitmäýin.

Şu meseläni hökman şu gün çözmegi göwnüne düwen ýaly, Dürjemal soňam tüketmedi. Ahyr

soňun-da garyndaşlarynyň habaryny almajakdygyny aýtdy.

Belki-de, ejesiniň beren öwütlerini makullandyr. Belki-de, olaryň hemmesine düşünenem däldir.

Ýöne «ilerkilere» beriljeginiň özüne täsir etmeýşi ýaly, berilmejegi hakyndaky gürrüňem gyzda

täsir galdyrmady.

Ýöne ejesine beren jogabynyň ýalňyşdygyna gyz soň düşündi.

Gök gübürdäp ýagyş ýagyp, bütin älemi suw-sil etdi. Işden gelýän Mähri süllümbaý ezildi.

Şonda-da keýpi kök gyz, bady gaýdyşan ýagşyň şybyrdysyna keýp edip, çaga ýaly iki ýana

ylgaberesi geldi. Ýagyş damjalarynyň daş-töwerekdäki zatlara degip seslenýän owazy Mährin iň

kalbynda ýakymly duýgy döretdi. Ol ýyljyraklap töweregine höwesli bakyp barşyna, haýsydyr

bir aýdyma ýuwaşja hiňlendi. Birdenem gyzyň ädimleri haýallady, sesi kesildi. Hesselleriň

deňinde bir ýaş ýigit ýoluň gyrasynda bytnaman durdy. Ýigidiň garanjaklap durşundan özünden

bir zat sorajak bolýandygyny aňdy. Ol sowlup geçmegiňem ebeteýini tapmady. Ýigidiň indi diňe

özüne seredýändigini bilibem aljyrady. Hatda ýoluň gyrasyndaky töňürtgäni görmän, oňa

büdredi.

— Ýoluňyza seredeweriň. Aýagyňyzy bir agyrdaýmaň!

Ýigit Mährä lak atdy-da, yzyndan gyzyň sowlup geçibermeginden ätiýaç edip, entek ýanyna

golaýlamanka oňa ýüzlendi:

— Maňa Hesselleriň öýleri gerekdi welin, şu töweregi salgy berdiler. Sagdamy, çepdemi bilmän

durşum.

— Garşyňyzdaky ýaşyl gabsaly jaý-da şolaryňky.

— Olaryň hersi öz ugruna gitdi.

Ýigit tanyş ýüze meňzedi. Onuň göze ýakymly keşbem, boý syratam tämizden ykjam geýinşem

gyza kimdir birini ýatlatdy. Birdenem bir zat hakydasyna geldi-de Hesellere ýetip barýan ýigidiň

yzyndan seretdi. Heseliň uçarman bolmaly diýýän ýigididigini çaklady. Hesel ýakynda durmuşa

çykypdy. Hojamyrat onuň adamsydy. Ol indi birki gün bäri gaýynlaryndady. Heselleriň

jaýlarynyň üstüni bejerýärdiler. Ýaňky ýigidem dostuny küýseýändir - de, gaýdyberendir öýdüp

Mähri öz ýanyndan çak etdi.

Ýigidiň nurana keşbi, gülümsiräp durşy öýlerine barandan soň hem, gyzyň gözüniň öňünden

gitmedi.

Şu wakadan ep-esli wagt geçenden soň, Mähriniň durmuşynda uly özgerişlik boldy. Bir gün

işden gelen gyz gapylarynda nätanyş adamlary görüp yza tesdi. Dur anlaryň biri saçyndan ak

giren syratly aýaldy. Beýlekisi ak sakgally, ýüzi nurana daýaw adamdy. Nätanyşlaryň ikisiniňem

nazary gyza gönükdi. Mähri öýe girjeginem yzyna öwrüljeginem bilmän aljyrady. Birdenem, tez

maral ýaly, keýerjekläp yzyna gaçdy.

Sygyr sagyp gelen Dürjemal gyzynyň yzyndan seretdi-de, myhmanlaryny öýe çagyrdy.

Mähri Hesellere sowuldy. Heselem gezmäge gelipdir. Jorasynyň işden gelerine alňasap oturan

eken. Ol Mähriden düşege geçmänkä ornaşykly oturar ýaly, ejesine duýduryp gaýtmagyny haýyş

etdi. Mähri dogrujasyny aýtdy.

— Öýde myhman bar, barmaga utanýan. „Myhmanyň” sawçydygyna Hesel şol bada düşündi.

Oňa jorasyna degmäge bahana tapyldy.

— Aparjaklar diýsene.

Hesel jorasyna saçak atdy-da, ejesi çykyp gidensoň myhmanlaryň kimdigi bilen gyzyklandy:

— Näbileýin men. Gören zatlarym däl – diýip Mähri jogap berdi.

— Hesel ilgezeklendi.

— Sen otur entek, jora jan, men olary tanar geläýerin.

Ol Mähriniň garşylygyna garaman, çykyp gitdi. Salym geçmänem geldi:

— Anjaýyn.

Hesel Mähriniň üstünden düşüp başlady:

— Piliň gulagynda uklap ýören ogşyýak. Nirede duşuşyp, nirede tanşyp ýörsüň, gyz?! Wah, sen

hakda soradylaram-a, şonda-da güman etmändirin. Bolsa-da sorajak adamyny bilipdirler. Aý,

kimden soranlarynda-da seni ýamanlajak adam tapylar öýdemok-la.

Mähri sözüni bölmedik bolsa, Hesel entegem gürlejekdi.

— Nämeler samrap otyrsyň, men-ä seň kim hakynda parsylaýanyňa düşünýän däldirin.

— Şeý diýsene. Gözüm bilen görüp gelemsoň, ýalan sözläp sypmarsyň, keýgim. Bolsa-da,

ýeserje ekeniň. Duýdurmanjyk seret-le, ýigit dagam däl -dä. Akylymy, syraty diýermiň. Ýönemöne ýigidi saýlamajagyňy öňem bilýärdim-le. Oňarypsyň. Onda-da ne oňarmak, bagtyň bolsuň,

jan jora!

Hesel çaý demläp, nahar gyzdyryp ýörşüne jorasyna ýürejigi bilen bagt arzuw etdi. Mährem

ondan kem oturmady.

— Toba, ynha bir başa gelen musallat. Men-ä, şolaryň ogullarynam, özlerinem tanap baramok.

Tanajak bolup nä derdim.

— At oýnatmasana.

— At-a sen oýnadýaň. Niräň ýady üçin boýnumdan ildiň-le?

Hesel geň galyp öweldi, ýigidiň özi Mährini görendir-de halandyr diýen pikir kellesine geldi-de,

öz ýanyndan ýigidi ýazgardy. Gyzyň meýlini bilmän adam iberäýmek bor ogşyýa. Bolmanda iki

barmak hat ýazyp duýduraýmaly. Akmyradyň halany bilen bar zat çözülenok ahyry. Akyllybaşly gyz görmän, tanaman bütin obaň bilen sawçy gelende bir razylyk berjekmi? Akmyrat

aslynda bir ýygra ýigitdä. Setanda-seýranda öýe geläýse-de, Hojamyrat bolmasa, jaýa salyp

bolmaz. Giräýdigem, geplemez-de, şol dymar oturar. Özümiz-ä ulugyzam bolup görüpdik welin,

şoň ýaly utanmagy, çekinmegi bilmändiris. Aslynda Mähri ikisi bir adam-la. Bularyň

häsiýetleriniň beýle meňzeş bolaýşyny. Her halda ýigide igense-de, Akmyrat tarapyndan Mährä

söz aýdyjy gelinmegine Hesel begendi. Şonuň üçinem ol jorasyny ol ýigit bilen içgin tanyşdyrdy.

— Ýadyňa sal, biziň toýmuzyň öň ýanynda ikijigimiz işden gelýärkäk, Hojamyrat bilen ýene bir

ýigit öňümizden çykypdy. Dosty diýip  aýdypdym.

Gürrüňiň kim hakynda gidýändigini Mähri eýýäm aňdy. Ýöne onuň ýüz keşbinden jorasynyň bu

meselä garaýşyny aňmak  Hesele kyn düşdi. Ol çintgedi!

— Ýadyňa düşenokmy, gyz? Ho uçarman bolmalymyş diýmedimmi?

— Şu gürrüňi goýaly-la, Hesel!

— Syr saklasaň öýkelärin. Näme diýseňem men bir zada ynanmajak bolýan. Olaryň şu oba gyz

tapman gelmediklerine akylym ýetýär. Akmyradyň çem gelen gyza, onda-da ata-enesine gyz

gözledip öýlenmejeginem bilýärin. Hesel gülümsiräp jorasyna seredip goýberdi-de dowam etdi.

— Näme diýseňem keýgim, seňem oňa göwnüň ýetmän duran däldigini bilýärin. Şol gün

gözjagazyňy aýyrman, Akmyrady synlanyňy Hesel näme ýadyndan çykaraýandyr öýdýärmiň.

— Sen-ä oňaraýdyň. Bar onda git-de, ejeme duýdur. Habarlaryny alsyn!

Hesel hezil edip güldi-de:

— Hemişe oýun edýärsiň Mähri jan, meň bolsa çynym. Göwnüme sen oňa, olam saňa mynasyp

ýaly bolup dur. Adam iberýän  bolsa, özem görnäýmeli – diýdi.

Heseliň jigisi ukudan oýandy-da, bir enaýyja ýylgyryp, gyzlara seretdi. Mähri ony hasyr-husur

gujagyna aldy. Ýaňajyklaryndan ogşady:

— Ballym, Hesel ejeňden sora, ol jorasyna söz aýtmaga gelipmi ýa-da gezmäge. Eger

gudaçylyga gelen bolsa  ýekesiretmesin, baraýsyn obadaşlarynyň ýanyna.

— Hawa, şoň Hesel ejes-ä jorasyna söz aýtmaga geldi. Gopararyn diýen tamasy bar. Olar dost,

biz jora. Onsoň jorasy bilen goňşy bolsa, Heseliň nä armany bar.

Mähri Heseliň jigisini bökdürdi-de, perwaýsyz jogap berdi:

— Joraňy ýaňy tanamaly dälsiň-le, Hesel. Bu meselä Mähriniň gatyşmajakdygyny bilipjik

duransyň-la?! Mähriniň perwaýsyzlygy Hesele ýaramady.

Mähriniň ykbalyny onuň özünden başga adam çözmez.

— Bolmanda-da menden bimaslahat guda bolunmaz-la – diýip. Mähri indi çynlakaý gürledi:

— Bolmanda-da gyza sala salynýandyr. Ýüregiňe ýol salynman gapyňyzy açdyrarsyň

öýdemok.

Şundan soň, gürrüň meýdan işine syrykdy.

Mähri öýlerine gijräk gaýtdy. Jorasyna syr bildirmese-de nätanyş ýigit hakyndaky ýakymly

gürrüňler onuň göwnüne ýarady. Ol gijäniň bir wagtyna çenli keşde çekip oturdy.

Akmyrat bilen ilkinji duşuşygynam, soňky duşuşygynam ýatlady. Hojamyradyň oklaýan

ýomaklaryna jogap bermegiň deregine, Akmyradyň utanjyrap adaja ýylgyryp durşy göz öňüne

gelende özünde şeýle oňat täsir galdyran ýigidi şu wagta çenli ýatlamandygyna geň galdy. Mähri

şol wagt Akmyrada höwes edipdi. Guwanyp synlapdy. Ol ýigidiň şol keşbini göz öňüne

getirmäge synandy. Arada Hojamyratlara gelende aýdan sözlerini ýatlady. „Ýoluňyza bir

seredeweriň, aýagyňyzy bir agyrdaýmaň”. Ýogsa-da, näme üçin Mähri şol gün Akmyratdan

utanyp, aljyrap der-başagaý bolduka? Ýa nätanyşlygy üçin şeýtdimikä? Ýa oňa göwni gitdimikä?

Gyz bu soraglaryna jogap berjek bolup kelle döwdi. Mährini halaýan az däl. Özlerem tanyş

ýigitler. Akmyrat bolsa näbelet. Näme üçin Mähri bäş barmagy ýaly belet obadaş ýigidi hakynda

däl-de, özüne nätanyş başga bir ýigit hakynda göwün ýüwürdýär?!

Gyz muňa jogap tapmady. Tersine, Akmyrat hakynda has köp pikir etdi. Oýlandygyça-da ol

Mährä tanyş, onda-da iň ýakyn, mähriban adam bolup göründi.

Akmyradyň görünmän ýörmesini gyz oňlady. Heselem onuň çekinjeňdigini aýtdy ahyryn. Mährä

geregem şol. Ýolda-yzda sataşyp lak atyp dursa, halajagam däl. Utanjak. Il-günden ätiýaç etjek.

Akmyradam muny duýýandyr.

Gyzyň aňyndaky göreşde Akmyrada imrinýän duýgular üstün çykdy. Oňa öýde bolsa ýigit

gapydan giräýjek ýaly boldy durdy. Meýdanda bolsa gözi töwereginde gezdi.

Işde-de Mähri mahal-mahal piline ýaplanyp pikire batanyny duýman galdy. Gyz haýsy tarapa

nazar salsa, Akmyrat hoşamaý ýylgyryp Mährä tarap ýetip gelýär. Onuň başynda gök papagy,

egninde bürgüt suratly gelşikli gök penjegi bar. Ol şol ýylgyryp gelşine „Mähri, sen bize razy

bolgun, bolýarmy? Men seni haladymda" diýýär. Bir gezek joralarynyň biri oňa degdi.

— A gyz, doňup galaýana dälsiň! Näme öz-özüň ýylgyryp dursuň?

Mähri jogap bermän işläp başlady. Şundan soň gyz ejesiniň sawçylara beren jogabyny bilesi

geldi. Aradan ep-esli wagt geçensoň çaý içip otyrkalar Dürjemal olar hakynda mesaýy gürrüň

etdi. Dürjemalyň çürt-kesik jogabyny sawçylar ýokuş görüp gidipdirler. Ýene

dolanjakdyklarynam aýdypdyrlar.

— Bolsa-da ogullaryna göwünleri ýetýär. Çagasyny kim erbet görýär. Mähriniň ejesi şundan

soň, olar hakynda gaýdyp gürrüň gozgamady.

Akmyradyň ene-atasam Mährä yhlasly ýapyşdy. Dürjemaly oturmaga-turmaga goýmadylar.

Gyzyň özüne-de telim gezek duýdurdylar.

Mähri ýigide göwnüni bölenini duýman galdy. Şundan soň bir gün gyz utansa-da, olara

razydygyny jorasyna aýtdy. Şol gün atasy öýlerine gezmäge gele n Hesel jorasyndan az-kem

öýkelemänem durmady. „Ýeri, öň görşüp–duşuşyp ýörendigiňi aýdaýanyňda-da ile jar etjek dälä. Ýa aralaryna çöp atjakmy? Dogry, özümem gizläpdim”. Ýigit bilen baglanyşykly gürrüň

gozgasaň halanok. „Utançsyzlar” diýýär, turýar ötägidýär. Özüni asylly, bizi asylsyz saýýar.

Wah, irde-giçde düşünen ýeri bolýar. Gizlese gizläbersin. Mährini söýdürip bilen ýigidiň

bardygyna şat. Bir obada ýaşap, işleşip ýörsek, bir döwüm çöregimizem, şatlygymyzam,

gussamyzam paýlaşarys...

Içini gepletse-de, Hesel jorasyna daşyndan zat duýdurmady.

Ýap-ýaňy işden gelip öňüne çaý alan Dürjemal Hesel girenden, gyzynyň çykyp gidenine

geňirgense-de, goňşusyndan geň habara garaşmandy. Hesel Mähriniň razylygyny duýduranda,

Dürjemal gulaklaryna ynanmady, onuň agzyna öweldi.

— Ýokuş gördüňiz-le, Dürjemal daýza! Akmyrat ýa-la ýigit tapmarsyňyz. Gyzyl ýalydyr – diýip

Hesel ýöwselledi.

Dürjemal sesini çykarmady. Ýöne ol çaýa-da seretmedi, nahara-da. Boz-ýaz boldy-da, doňdy

galaýdy. Hesele „oturam” diýmedigine soň gynandy. Bu gezek ol gyzyndan iňňän ynjady.

Dürjemal adamsynyň bir wagtky sözüni ýatlady.

„Saňa gep nokatla diýseň, oturan ýerinde gyzyň edip ýören işlerinden habaryň ýok”. Bile

duranlaryny göräýdimikä? Ýa eşitdimikä? Aňyrsynda bir zat bolmasa, ol aýtmaz. Ýalan

sözlemek ýek ýigrenenidir.”

Gyzynyň şu meselede howlukmaçlyk edip ýalňyşlyga ýol bermeginiň mümkindigi hakyndaky

gorkuly duýgam onuň ynjalygyny aldy. Dürjemal anyklamasa ynjalmady. Mähriniň razylygyna

garamazdan, myhmanlara ýyly söz bermedi. Dürjemal gyzy  bilen ýüzbe-ýüz bolýança özüni

birneme köşeşdirdi. „Ýygra gyzyňdan göwnüň galmasyn, Dürjemal. Halaýarmy, özem asylly

ýeriň çagasymy, abraýlyja gözli-başly edeniňi bil.”

Dürjemal çagalarynyň ikisinem goňşy jaýa iberdi. Gyzyny ýanyna çagyrdy.

Öz ýanyna barman soň, ejesiniň ynjandygyny duýan Mähri ýaýdanjyrap jaýa girdi. Ejesiniň

gapdalyna geçip birhili oňaýsyz ýagdaýda oturdy. Dürjemal çagalarynyň eşiklerini ütükleýärdi.

— Mährim, ýa gyzy ejesini tananok, ýa-da ejesi gyzyny. Ýogsam olar biri-birine ynanaýmaly

ýaly welin.

— Eje, sen menden nägile-dä!

— Muňa birjigem beýle düşünme, gyzym. Maňa göwnüňdäkini aýtdyň, sag bol! Ýöne sen,

Mährim, ejeňe esasy zady aýtmadyň. Kim ol? Nähili adam? Tanaýarmyň, gördüňmi?

Mähri ýuwdunyp esli salym oturandan soň dillendi:

— Soranjyrap oturmasana, eje, alaýyň şolaryň habaryny. Özüň bilýäň-ä abraýly ýer. Okasamam

garşy boljak däller.

Dürjemal gyzyna ynjyly jogap berdi:

— Senden tamam çykanok, Mährim! Okuwly gürrüňi ara goşma. Ejeňem seni daňyp saklanok.

Bolşuň şu bolsa näbileýin, gyzym, senden okanam bolmaz, dokanam. Bagt diýilýän zat biriniň

eli bilen getirilip berilýän zat däldir. Tanap, bilip ejeňden gizlän bolsaň, şonda-da senden kine

etmäýin. Saňa ýaran bize ýarar. Ejeňe diňe iki agyz sözüň gerek. Soraşyp tanyşmaly bolsa onda

tanama kemi galmady. Iliň-günüň derdine ýaraýan abraýly adamlar. Muňa-da gözümiz ýetdi.

Onda Mähri ejesiniň nämeden dilgir bolýandygyna düşünmedi. „Entek oýlan, akylyňa geňeş,

tana, bil”. Öňem telim gezek aýdylan sargytlar onuň ýüregine düşdi. Ejesi irýän däldir-dä,

elbetde?!

Gyz ýüzüni asyp oturşyna jogap berdi!

— Oýlandym...

Toý sowlup adamlar böwşeňleşdi. Gelniň ýanam çolardy. Mähri dikelip oturdy-da, bilini ýazdy.

Mahmalyny ýokaryk çekip, oturan jaýyna göz gezdirdi. Içerde hemme zat ýerli-ýerinde. Jaýyň

ap-ak diwarlarynyň aýnalaram, gapysam arassa. Içerde päkize adamyň ýaşaýandygyny soraman

biläýmeli. Mähriniň edil garşysynda lowurdap duran halynyň erňeginden ullakan surat

asylypdyr. Ondan goňrasrak saçly, saryýagyz, görmegeý ýigit edil janly ýaly Mährä seredýär.

Mähri ýuwaşja pyşyrdady:

— „Akmyrat”

Hesel çaý getirip Mähriniň öňünde goýdy. Özem gapdalynda ornaşyp, bir käse çaýy Mährä

uzatdy-da, ýene ony gozgalaňa saldy.

— Gaýnyň görgüli daň ataly şol zowzuldap ýörşi-dä! Düýnki gelmeli adam ahyryn ol.

— Düşünsemem özümem alada etmän duramok, Hesel. Sagaman gelse-de biri.

— Gelmesine geler-le. Daş ýurtda, elbetde, bir sebäp tapandyr-da. Ýa uçarlary kem tapandyr.

Hesel yzyndanam ynjalanokdy. Gaýynenesi ýaranokdy. Hojamyradam toý sowulyp-sowulman

gidipdi. Hesel Akmyradyň gelenini görüp gitse ynjaljakdy. Akmyrat gije ýarymdan agandan soň

geldi. Mähri ynjalyp, gapdalynda ýatan saçlaryny öňüne düýrledi, çekeliginiň ykjydan ýerlerini

saçynyň içine salyşdyryp, bulaşan tarlaryna timar berdi. Maňlaýyna daňlaň ýaglygy aýyryp,

şaýly tahýasyny ýokaryk çekdi. Ýerinden gozganyp ketenisiniň ýygyrtlaryny düzedişdirdi.

Şundan soň az-kem howsala bassa-da, pursat saýyn ýigidiň gelip girenine garaşdy.

Akmyrat gelibermedi. Ikinji jaýda gopgun arty. Gyz içini gepletdi. „Bir zada dawalaşýan

bolmaga çemeliler. Ogullaryna käýýändirler. Neresse ýetişen däldir-dä. Uzak menzilden

aňsatmy? Toý güni birek-biregiň göwnüne degmeli däl ahyryn”.

Gopguny, gapynyň çalt-çalt açylyp-ýapylýandygyny eşitse-de, Mähri olaryň dawalarynyň,

gürrüňleriniň manysyny aňşyryp bilmedi.

Ep–esli wagtdan soň gapy jygyldap zaryn ses edip açyldy.

Mähri gapa ýeňsesini öwrüp oturansoň giren adamy görmedi.Ýöne onuň ele düşen guş ýaly,

galpyldap duran ýüregi kimiň girendigini şol bada duýdy. Gyza nätanyş galpyldy büt in bedenini

gurşap aldy. Ýigit üsgürinjiredi. Ol gelip oturan bolmaga çemeli. Ýigidiň garşysynda

oturmandygyny duýdy-da, Mähri birneme özüni dürsedi. Ýarym açyk ýüzünden gyýalap

gapdalyna seretdi.

Mähriniň şol gören syratly ýigidi başyny aşak salyp otyr. Onuň ýakasy açyk ýaşylymtyl

köýneginden çykyp duran ap-ak boýnam, maňlaýyna düşüp duran altyn saçlaram ýigidiň gül

öwsüp duran nurana keşbem gyza şeýle bir eziz, ýakymly göründi, gyz gözüni aýyrman synlasy

geldi. Ýöne bir wagt Mährä parahat sereden gözler, gyzyň göwnüne bolmasa, galagop göründi.

Akmyradyň mylaýymdan tutugrak sesi gyzy huşuna getirdi.

— Men sizi gynandyrmaly boljak.

Mähriniň ýüregi gopdy.

— Elbetde, meni tanaýansyňyz, ýogsam razylyk bermezdiň. Ýöne ikimiziň birikmegimiz üçin

şol ýeterlikmikä?

Howsala düşen Mähri Akmyradyň ahyrky sözüne alňasady. Ýigit howlukmady. Geleli bäri

dartgynly duýgulary başyndan geçirip, ahyram özüni birneme ele alan ýigidiň, diňe şundan soň,

özi bilen gürleşmegi göwnüne düwendigini gyz näbilsin?!

— Elbetde, häzirki bolan gopgundan habaryňyz ýok. Hiç kime agramly sözem aýtmadyňyz,

eşitmelem bolmadyňyz. Men welin göwnüne deglen adam. Öýdäkiler bilen tersleşdim. Size-de

sypaýçylyk edip bilerin öýdemok. Heniz ýüzüme gelmedik enem-atamyň ykbalym bilen eden

geňeşsiz oýunlary akylyma syganok. Men owarram, sizem kyn ýagdaýda goýdular. Sizi

görmänem-gepleşmänem gidip bilýärdim. Ynsabym çatmady. Onsoňam maňa düşünersiňiz

diýen umyt bilen geldim.

Ýüregi agzyna gelen Mähri çydamady. Howa ýetmeýän ýaly mahmalynyň synyny ýelpedi.

Howlukmaç dillendi:

— Näme diýjek bolsaňyz, diýiň-de dynyň!

— Diýjegimi diýdimmikäm diýýärin. Eger düşünmedik bolsaňyz...

Mähri tisgindi. Gany beýnisine urdy-da, bedenine şagga der geldi. Göwresinde ygsyn-mydar

galmady. Başyny dyzyna ýaplady. Gorp atyp aşagynda galan adamyň duýgusyna meňzeş

duýgyny başyndan geçirdi. Birdenem bütin göwresi bilen silkindi-de, elini ýüzüne tutup, edil

çaga ýaly aglady. Bir diýenini iki gezek gaýtlady.

— Ýalan, ýalan-la siz oýun edýärsiňiz.

— „Oýun edýänsiňiz” diýseňizle, bu meselede oýun edilýänmidir. Edilýänem bolsa, şol oýny

men-ä etmedim. „Öň niredediň”, „duýdurmadyň” diýmegiňiz mümkin. Bilýäňiz-ä, häzir gelip

durşum. Öň öýlenmejegimem aýdyp gitdim. Ynansaňyz bu habary eşidip bir däliremedim.

Toýdan öň ýetişjekdim. Howa ýagdaýy sebäpli uçurmadylar. Her minudyň meniň üçin nähili

ejirli geçendigini bir göz öňüne getirip görüň. Jaň etdim, almadylar. Meniň bilen maslahatlaşman

ykbalymy çözýän enem-atama, ykbalyny baglaýan ýigidini tanaman durmuşa çykýan gyza

diýmäge söz tapmadym. Ýürek awusyna, duýdansyz depesinden inen betbagtlyga birbada tap

getirip bilmedik gyz Akmyradyň oýun etmeýändigine, munuň hut hakykatdygyna, onda-da özi

üçin aýylganç hakykatdygyna, şol bada, onda-da bütin durky bilen düşündi. Ol elenip gygyrdy:

— Jan almak niýetiňiz ýok bolsa bes ediň! Ýüregimi paralamaň.

Jany ýanan Akmyrat ýap-ýaňy aýdan sözlerine soň ökündi.

Gyz wagty bilen özüni ele alyp bilmedi. Mähri bilen düşünişmegi oňarmasa, başa-baş

„söweşmegi” göwnüne düwüp gelen ýigit, oda düşen perwana ýaly ört enýän gyza sowukganly

seredip bilmedi. Ýüregi awady-da, garşysyna geçip köşeşdiresi geldi. Emma ugruny tapman

telim gezek oturyp-turdy:

— Şeýle-de bir özüňizi horlamak bolarmy? Merdiräk bolaýsaňyzlaň. Ol bu sözleri iki-üç gezek

gaýtalady.

Mähri ahyry köşeşdi. Ol elini maňlaýyna söýget edip, bükülip oturşyna geplemedem,

gozganmadam.

Akmyrat garşysynda öz göýberen hatasynyň jebrini çekip, ajy hakykaty boýnuna alyp, sarsman

oturan gyza indi agyr söz aýtmagyň artykmaç boljakdygyna düşündi.

Mähriniň welin häzir yzyna dolanyp barjagy-da, gürrüňe galjagy-da, ejesiniň ýüregini paralap

aglajagy-da ýadyna düşmedi. Onuň ýüregi sogruldy. Kalbynda ýaňyja oýanyp başlan näzijek

duýgularyna talaň salyndy. Ençe wagtlap hyýalynda beslän, häzir bolsa gapdalynda oturan eziz

adamy terk edip gitmek onuň üçin her bir sütemden agyr geldi.

Mähri süýji arzuwlar bilen bu gapydan ätläpdi. Gapydan sag aýagyny basyp girende ýüzüni

lowurdap duran gyzyl mahmal ýapyp duranam bolsa, ol gyzyl çog bolup içerini dolduryp oturan

gelin-gyzlaryň arasynda diňe Akmyradyň keşbini görüpdi. Gülki-gowur sesleriň içinde-de, diňe

onuň sesini eşidipdi. Içerde bolmasa-da, hyýalynda ýigit onuň daşynda aýlanyp ýörüpdi. Ony hut

özüniňki hasap edipdi. Boý-syratyna guwanjakdy. Didaryndan doýjakdy. Onsoň gyz ýigid i

neneňsi terk edip gidip bilsin! Oňa ýüreginden orun beripdi ahyryn.

Akmyrat ýerinden galdy. Ýaýdanjyrap durdy-da, ýüregindäkini aýtdy:

— Irde-giçde düşünersiňiz, maşgala diýilýän zat mukaddesdir. Ol iki tarapyň söýgüsi bilen

gurulýandyr. Onsoň ony hiç kim yrabam, gowşadybam bilmez. Size göwnümi böläýenimde-de

meniň bilen bagtly bolmarsyňyz.

Akmyrat Mähriniň üstüne abanyp durmagy birhili görüp, içerde gezmeläp başlady.

„Ýüregim ýarylyp barýar. Örteme indi. Mukaddes ojagyňda artykmaç men. Emma häzir „git”

diýme! Bu meň üçin iň aýylganç jeza. Muny saňa nädip düşündireýin...”

Mähriniň pikirlerinden bihabar ýigit gürrüňini dowam etdi: „Dogrymy aýtsam, häzir öz

ýagdaýymam ýeňil däl. Sizi şu ýagdaýda elendirip goýup gitmäge ynsabymam, wyždanymam

çatanok. Maňa başga çykalga ýok. Belki, bardyram, häzir ugur tapamok. Siz bir basyrynyp,

dymyp oturmaň-da, göwnüňizdäkini aýdyň.  Belki, çykalga bardyr. Bir dilleniň ahyryn.

Bolmanda siziň abraýyňyz, soňundan dili gysga bolmazlygyňyz üçin men näme edeýin? Ejemkakama-da şony diýdim. Öýňüze-de eltip gaýdaýyn”. Göwne degilmekden, yzly-yzyna

suňşurylýan teýeneli sözlerden ýaňa ýüregi agzyndan çykyp barýan Mähri ýigidiň bu sözüni

iňňän ýokuş gördi.

Birden ýaryldy. Onuň sesi ýuwaşam bolsa kesgitli çykdy.

— Beýle ýagşylyk maňa gerek däl. Mähriň başyna kürtäni Akmyrat atmady. Kim atsa-da onuň

mahmalyny zyňyp, saçyny sallap ulugyz bolup obada gezip bilmejegine akmagyňam akyly çatar.

Mähri „gelin” adyny alyp gezmäge kaýyl.

— Gyz bir dymdy-da uludan demini alyp, has ýangynly gürledi: — Meni däliretmejek bolsaňyz,

gidiň şu jaýdan! Siziň garşyňyzda akmagam, samsygam bolsa adamyň oturandygyny unutmaň!...

Men namysymy ömrüm bilen des-deň görýändirin. Häzir meň üçin öýe gaýdyp barmak ölüm

bilen des-deň. Akmyrat bilen göwnümiň birikmedigini edil häzir kime ynandyraýyn?

Ýigit hyrçyny dişläp çykyp gitdi.

Mähri diwara ýaplanyp sarsman oturdy. Ol häzir içinde gopýan harasady köşeşdirmekden ejiz

geldi. Birdenem, edil ýüregi togtan ýaly buruldy-da, düşegiň üstüne süýndi. „Seň goýberen hataň

düzederden has kyn, Mähri! Wah, wah seni erkiňe bakman, ýa günüňe goýman berdilermi? Öz

eliň bilen özüňi oda atdyň. Ejem jan, käbäm, gyzyň akmaklygyna göz ýetirip oda düşdüňmi?

„Mähri jan oýlan, Mähri jan ony gördüňmi, tanaýarmyň? Halaýarmyň?” Neneňsiler elendiň. Sen

bagryňy paralajak-da käbäm! Neneň gözüňe görneýin, ejem jan, neneň ile çykaýyn?!

Akmyrat şol çykyşyna göni Hojamyradyň ýanyna gitdi. Dostuny öýlerinden tapmady. Öňem

lapykeç ýigidiň dünýäsi has-da daraldy. Ol obany iki bölýän ene ýabyň raýşyny syryp gitdi.

Eslije ýöräp, suwyň gyrasynda tegelenip oturan tudyň aşagynda oturdy.

Sähelçe salymyň içinde bolup geçen wakalar onuň beýnisine sygmady. Akmyrat ene-atasynyňam

göwnüne degdi. Heniz olaryň maşgalasynda şunuň ýaly dartgynly ýagdaý bolmandy. Ýigit şu

wagta çenli kakasynyň sesini gataldyp geplänini-de eşitmändi. Aslynda özüniňem olaryň ýüzüne

gelip, edenlerine „däl” diýen ýeri ýokdy. Belki, oňa zerurlygam ýüze çykan däldir. Belki-de,

nädogry edendir. Diýmeli ýerinde-de özleri düşünerler öýdüp dymandyr. Akmyradyň häzirem bir

zada gözi ýetýärdi. Başga bir mesele bolanlygynda ol kakasy, ejesi bilen-de, edil häzirkisi ýaly

gürleşmezdi. Häzir sypaýçylyga ýer galmady. Iş işden geçdi. Ol şol maşgala bilen

ýaşamajakdygyny gös-göni aýtdy. Ýöne özüniňem gowşaklyk eden ýeri bardy. Birki aý mundan

öň şu mesele bilen baglanyşykly sala salypdylar. Hatda bir maşgalany gözleriniň astyna

alýanlaryny, öýerjek bolýandyklarynam aýdypdylar. Akmyrat şonda çöp döwen ýaly etmändi.

Diňe „toý sesiňiz ýatmady, bu gezegä has çynyrgadaýypsyňyz gyzam saýlapsyňyz. Saýlaşykda

Akmyrat çetde galan-a däldir-ä? Onuň hukugyny elinden alanyňyz bilen saýlanan gyz size

ykbalyny ynanarmyka, ýigidi tanaman razylyk berjek gyzy tapsaňyz, walla öýleneýin. Aýyň

aýagyna barýaryn” diýip, ýazypdy. Kakasy indi şony tutaryk edindi:

— Şonda diliň damagyňa gitdimi. „Azara galmaň, özüm taparyn” diýeniňde şu adamlar

begenjinden ýürekleri ýarylyp öläýer öýtdüňmi? Telim gezek habar etdik. Bir gezek yzyňa

öwrülmediň. Hat ýazdyk, jogap ýok. Şu adamlaryň indi näçe gün ömri galypdyr. Perzendini

gözli-başly etmek ata-enäniň borjy dälmi? Ýa maşgala saýladyň-da oňlamadykmy? Näbelet

maşgalaňa ýapyşdykmy? Ýa şol maşgalanyň synasynda, akylynda-huşunda bir kemi barmy? Şu

adamlaram bir zady oýlanman, ölçerip-dökmän edenok. Sala-da saldyk. Hojamyrat daşda däl.

Onuň ýanynda şu maşgalany öwüp arşa çykaranam özüň...

Edil şol wagt ýigidiň dostuna-da gahary geldi. Göze ýakymly maşgala hakynda ýigitleriň öz

aralarynda onça-onça zatlary diýişmeýänleri barmy?

— Akmyrat razy, toý tutuberiň diýdimi onsoň – diýip, Akmyrat jany ýanyp kakasynyň sözüni

agzyndan aldy. Kakasam oglundan söz alyp galmady.

— Sesiňi gataltma! Hojamyrat saňa biriniň gül ýaly maşgalasyny harlap, ataň, eneň göwnüne

degip, obadan çykybam git diýmez. Akmyradyň ejesem ýeň bermedi.

— Maşgala şondan öňe geçmez. Hanha, agaňy öýerdik. Orta barmak ýaly gyz. Sesi çykdymy!

Bal bilen ýag ýaly garylyp-gatylyp gitdi. Hudaýa şükür, uly il höwes edýär.

— Iliň tanany meň üçin ýeterlik däl. Onsoňam men ol maşgala at dakamok.

— Dakmasan hyňňy-çyňňyňy bes et-de, maşgalaňa eýelik et.

— Bes etmeli bolsa ederin. Ýöne sulhum almadyk maşgalama öýlenmejegim hak – diýip,

Akmyradam yza çekilmedi.

Akmyradyň kakaksy täzeden hüjüme geçdi.

— Özi saýlap öýlenjekmiş? Gelin getirilen soň seret tapýan gürüňine. Beýle akylyň daş ýarýan

bolsa öň nirede bolduň. Ýa öýlenmäge pursat bolmadymy? Badyňa kakdykmy?

Akmyradyň kakasy aýalynyňam ýüzüni sypamady. Ähli günäni onuň üstüne atdy:

— Ogluňy indi tanadyň dälmi senem? Tanamasaň tanap goý-da halha ogluň, halha sen, özüň

gürleş. Men şu zatlaryň şeýle boljagyny öňem aňman duramokdym. Köp badyň alnandyr. Ýeň

bermediň. Ot aldyň. Ne mende san goýduň. Halha indi maşgalanyň eýesine-de jogaby özüň

berersiň.

— Dulumyza geçen soň maşgalanyň bizden başga eýesi bolmaz. Bir tyrryk balagy yzyna tirkäp

gelip, obadan, çykyp gidäýjekdir welin, ony etdiräýmeris. Obadan, öýden gaçsyn diýip

okatmadyk biz ony – diýip, Akmyradyň ejesi bolýan zatlary kellesine sygdyryp bilmän, hälden

bäri çişip oturşyna jibrindi.

Oýunda pikirinde ýok zady ejesiniň hetjiklemegi Akmyradyň has-da ganyny gyzdyrdy.

— Perzentlik borjumy her wagtam ödärin. Ony ýatladyp oturmasaňyzam bolardy. Ýöne siziňem

perzent hökmünde sarpamy saklamagyňyzy gaty haýyş edýärin. Tebigatyma düýbünden ýat

adamy boýnumdan ildirjek bolşup özüňizem menem gynap oturşyňyz aklyma syganok.

— Kaka, siz bir sellem çykyň. Özüm düşünişjek bolup göreýin – diýip, Akmyradyň dogany

halys bolmajagyny bilip, ara düşdi. Akmyrat ejesi, kakasy çykandan agasyna ýüzlendi:

— Düşünip-düşünişmez ýaly aýry dilde geplenenok. Şu ýagdaýda saňa-da üýtgeşik zat aýdyp

bilerin öýdemok. Onda-da senden goldawa garaşýan ýagdaýymda.

— Goldar ýaly iş etseň goldardym – diýip Akmyradyň dogany bir hili sowukganlylygyny saklap

aýtdy.

Akmyrat onuň gürrüniniň yzyny aýtdyrmady. Muňa onuň takaty ýetmedi:

— Maslahat bermek aňsat, eger bu meselede oňa mätäçlik çekilse. Sebäbi bu mesele köp bilen

çözülýän mesele däl.

— Seniň maslahata mätäç däldigiňi duýup otyryn. Ýöne sen bir zady ýadyňdan çykarma. Başyňa

gonan bagty eliňden giderip, soň maňlaýyňa uraýma. Ýene bir zadam bek belle. Sen hiç kimi

söýmänäm bilersiň.

Akmyrat gönüledi:

— Durmuşda beýle zat bolmaýar.

— Durmuşda bolmaýan zat ýok. Bütin ömründe söýginiň nämedigini bilmeýän adamlaram bar.

— Men ol mahluklaryň hilinden däl.

— Şolaryň hemmesini mahlukdyr öýdemok. Onsaňam söýginiň ilkinji gijeden başlanýan

pursatlaram bolýandyr.

— Men oňa bil baglap bir maşgalany şumbagt edip bilmen – diýip, sanaşyp oturmagy iňňän kyn

görýän Akmyrat, halys jany ýanyp aýtdy.

Akmyradyň dogany inisiniň gös-göni garajygyna seretdi.

— Seniňçe ol bagtlymy indi?

Akmyrat jogaby nagt berdi:

— Şu meselede egilşik etmeklik akmaklykdyr, etseňem ol ýagşylygyň üstünden eltmez.

— Bir sen akylly-da, galan adam akmak bolýar-da!

Inisinden j ogap bolmandan soň, agasy gürrüginiň yzyny ýetirdi: — Gül ýaly maşgalany

syňsyradyp goýbermek, namys astynda goýmak akyllylyk-da seniňçe. Sen gaty birehim.

— Gülmi, balmy, arymy ýa perimi, al-arwahmy, tapawudy ýok, ynan şony meniň sulhum alanok

– diýip, Akmyrat doganynyň, agzyndan çykýan sözlere häzirem ynanman, jany ýanyp gaharyna

özem duýman gygyrdy: — Haýsyňyzy gürletseň men birehimmişim. Bolduňyz meň başyma

rehimli adamlar. Näme üçin düşünýäniňiz düşünmeýäniňiz meni ýazgarmalymyşyňyz. Islemeýän

adamymy boýnuma zor bilen dakmaga hakyňyz barmyşmy? Näme üçin baryňyz onuň tarapynda.

Ol mamlamy? Meniň meýlimi bilmän, durmuşyma al salmaga haky barmy? Ýa meniň

durmuşym onuň üçin oýunjakmy? Ýa ol meniň bilen deň hukukly adam dälmi? – Akmyrat

uludan demini alyp birneme sesini ýuwaşadyp soň dowam etdi:

— Belki-de men rehimliligim üçin, onuň gelejegi bagty üçin dogry ýoly saýlandyryn. Men akyl

ýetiren zadymy aýdýaryn. Akyl ýetirmän bolsa gürlemen. Sen näme üçin bu zatlara düşünmedik

bolýaň. Söýmän men ony bagtly edip bilerinmi? Belki, men iki gün onuň bilen ýaşap soňam kä

birleriniňki ýaly „sulhum almady" diýip, taşlap gitmelidirin. Ýok, men beýle messepsizleriň

hilinden däl. Men özümi az-kem tanaýaryn. Ýene bir gezek aýdýaryn, ýüregim almasa, içgin

tanamasam oňa öýlenmejegim hak. Senem nähak gyssap ganyňy gyzdyryp oturma! Diýmejek

sözlerimem diýdirme. Öz ykbalyna biperwaý garaýan maşgala Akmyradam bagtyň gapysyndan

eltmez, beýlekinem. Beýle adamyň durmuşda ornam bolmaz, özbaşdak çözen meselesem.

Buýsanjam bolmaz, erkem. Sen şoňa-da düşünmeýän bolsaň, ikimiziň çekeleşip oturmagmyza

zerurlyk ýok – diýdi-de, Akmyrat doganyny ýalňyz galdyryp ýüzüniň ugurna jaýdan çykyp gitdi.

Gahary depesine çykan ýigidiň, şol wagt gelinli jaýa seredesem gelmedi.

— Eneň-ataň ýüzüne geldiň. Oňa eliň bilen etdiň, egniň bilen çek diýibilmediň. Gaýratyň

çatmadymy? Çatmadyk bolsa geziber indi başyňy tut-da – diýip, ýigit öz-özüne igendi. – Onuň

üçin Akmyratmy, Saparmyratmy tapawudy ýok. Kim bolanda-da duluny bezäp biljek ýaly. Her

näme diýse-de Mähriniň elenişi gözüniň öňüne geldigiçe ýigit hopurgaberdi. Duýdansyz

başyndan inen ýagdaý üçin hossarlary bilen „egri oturyp, dogry sözleşdi”. Emma maşgala

ojagyna hut özüne dahylly kiçijik „döwletine” rugsatsyz, soraman aýak basan bigänä gezek

gelende ol bir hili dözümsizlik etdi. Bu gyzyň egnine düşen ýüküň has agyrlygyna ýigidiň

düşünenligi üçinmikä? Ýa Mähriniň sähelçe pursatda başyndan geçiren elhenç örtenmesiniň

şaýady bolanlygy üçinmikä? Gyzyň goýberen hatasy has çökder. Ýigit hemme zatdan bet er şony

beýnisine sygdyryp bilmedi. Onsoň ölçerip-dökmän, akylynda durlaman şeýle işe baş goşan

adam bilen ýigit düşünişip biljekmi? Onda-da onuň bilen ýüzbe-ýüz oturyp gürleşip biljek

ýagdaýynda. Ýogsam bolmanda barybir durmuş gurmak, ýa ýaşaşmak däl, maslahatlaşsaň hem

bir kelleden iki kelle ýagşy. Akmyrat gelinli jaýyň gapysynda diňşirgenip durdy. Soň gyz bilen

ýene bir gezek maslahatlaşyp görmegi ýüregine düwdi. Ýigit jaýa girdi. Mähri şol bir oturan

ýerinde doňan ýaly bolup otyrdy. Ol ýigidiň girenini duýup başyny galdyrsa-da yzyna bakmady.

Akmyrat giren ýerinde ýaýdanjyrap durdy. Soň duldaky oturgyjy aldy-da Mähriniň gapdalyna

geçip oturdy. Gyz mahmalyny ýüzüne çekdi. Bu ýigide ýaramady.

—Asyl size seredemok, ýüzünizi ýapyp azara galmaň! Men siz bilen aç-açan gürleşmeli.

Bolmanda az salymlyk meni deň-duşlaryň biri hasap ediň-de göwnüňizdäkini çekinmen aýdyň.

Obaňyza barmaga namys etseňiz nirä diýseňiz alyp gideýin. Belkem okarsyňyz. Oba dolanmaga

soňam wagt taparsyňyz. Onam etmeseňiz belki, başga isleg-arzuwlaryňyz bardyr...

Ýigidiň göwni üçin Mähri gozganmadam. Akmyradyň aýdýan zatlary indi onuň gulagyna-da

ilenokdy. Özüne diýilýändirem öýdenokdy. Beýnisindäki sarsgyndan soň saňsara dönüp

oýlanmak ukybyny ýitirene meňzeýärdi.

Akmyrat bolsa şol garaşyp otyrdy...

Aslynda Akmyrat içerini bezäp, duly dolduryp oturan gyzyl kürteli gelniň garşysynda oturyp,

oňa ogryn-ogryn garamagy, bälçireşmegi az arzuw edipmidi? Akmyradyň ýigit kalbynyň

hemrasy bolan şol gudrat garşysynda. Mährini tanamasa-da, gaşynda gyzyl  çog bolup oturan

gelniň jemalyny görmese-de, onuň görýän gyzlarynyň ençemesinden artykmaçdygyny ýüregi

bilen duýup otyr. Emma şol gudrat ýigide dahylsyz. Ol diňe Akmyrady horlamak üçin şu içerde

peýda bolupdyr. Häzirki ýagdaýda ýigit oňa golaýlaşybam bilenok, daşlaşybam. Akmyrat:

— Aýdaýyň bir zat, başyňyza döneýin!

Gapydan telim adam jyklap gitdi. Ýene-de daşarda hümür-sümür eşidildi. Salym geçmänem

gapy açylyp iki ýigit bilen bir ýetginjek içerik girdi. Oglanlaryň başyna oýun getirjegini duýup,

ýigit olary alyp çykmaga howlukdy.

— Hany, ýörüň bir çaý içeliň-le!

— Çaýa-da wagt taparys. Sen entek dur, gardaş. Sen biziň başymyza oýun getirensiň, indi bizede gezek ýetdi dälmi? Ýüzüňden gar ýagdyrybam durma – diýip ýigitleriň biri Akmyradyň

iliklerini üzüp eline tutdurdy. Bularyň gapdalyna ýene iki sany aýalam goşuldy.

Akmyrat çykgynsyz ýagdaýda galdy. Indi Mähriniň öňüne geçip ilik dakdyrmalymy! Ýa-da

obanyň ol başyndan gelen oglanlara hakykaty aýdyp, öňem ýüregi ýanyp duran gyzyň ýarasyna

duz sepmelimi? Ýigitlerem oglan-oglanjyk däl. Olaryň „Gyzda göwnüň bolmasa, bu taýda näme

işleýäň, gapdaljygyny -ha alyp otyrsyň” diýjekleri ikuçsyz.

Akmyradyň hemişe özüniň keýp edýän zadyny häzir ondan talap etdiler. Onuň hut özi şu

duranlaryň ikisiniň iligini dakdyrypdy. Birine dagysyna degip „Ýa emelsiz ekeniň aýt, kelläňi

gazap oturmada, süýş-dä golaýrak, ýa gorkýarmyň?” diýip degişipdi. Akmyradyň köwejekläp

durşuna bakman, oglanlar hersi bir gapdalyndan baryp ony gelniň garşysyna getirdiler.

Ýigit oturmady. Her näçe duýdurmazlyga çalyşsada, Akmyradyň ýüzi üýtgäpdi. Ol sag

gapdalynda duran ýigide erjellik bilen garşylyk görkezdi-de, gelniň yzyna geçdi. Onsoň ýene

oglanlara ýalbardy.

— Ýörüň bir çaý içeliň! Onsoň köýnek tikdirseňizem men bar how!

Hemişe şadyýan ýigidiň bolup durşundan bir zadyň bardygyny aňan oglanlar çykmak bilen

boldular. „Ýüzüni bir görkezip git” diýip, aýallaryň biri yzyndan gygyrdy.

Akmyradyň Mähri bilen maslahatlaşmak hyýaly başa barmady. Ýigit ölçerip-döküp ahyr obadan

gitmekligi göwnüne düwdi. Ol rugsady gutarmasa-da, şaýyny tutdy. Ýigidiň ejesi bolsa özüne

jaý tapmady. Sözi ýer almasa-da, ýene ogluna ýalbarmakdan başga ugur tapmady.

— Başyňa döwlet guşy gondy, balam, akmak bolma, ony uçuryp nirä gitjek, sypdyrsaň

ökünersiň guzym.

— Eje, ýene aýdýan, ýalbarma? Näme etjek özüňi horlap, barybir men gitjek! Häzir siz maňa

düşüneňzok, menem size.

— Ýigidiň gamgyn göreçleri kakasynyň göreçleri bilen çaknyşdy.

Ogly çykyp barýarka kakasy iň soňkysyny diýdi:

— Ýa şu maşgalaň kemini tapyp gidersiň, ýogsa-da gül ýaly çagany harlap, eneňem ynjadyp

gitseň, öwrülip bäriňi garama.

Ýigit nämelerdir diýmek isledi. Emma kakasyna barybir gep düşündirip bilmejegine akyly ýetdide, gynanyp diňe ýuwdundy.

Ol gelinli jaýa-da ýaýdanyp-ýaýdanyp girdi. Mähriniň ýanynda emaý bilen geçip, penjegini aldy-

da, gapa ýöneldi. Birdenem sakga durdy-da, yzyna öwrüldi:

— Uzak galsam ikimiz üçinem amatsyz boljak. Maňa bir düşüniň. Gideýin men. Sizem, özümem

horlamaýyn. Şuny makul bildim. Barybir düşünişip, maslahatlaşyp bolmady. Elbetde,

ylalaşsaňyz elimden geleni etjekdim. Ony unamadyňyz. Basyryndyňyz oturdyňyz. Hawa-da

men siziň üçin düýbünden ýat adam. Başarsaňyz meni ýazgarmazlygyňy haýyş edýän. Hoş

galyň!

— Ýüregi agzyndan çykara gelen Mähri iki eli bilen agyrydan ýaňa ýarylyp gelýän kellesini

tutdy -da silkinip aglady.

Ýigit hoşlaşsa-da gidibermedi.

— Mähriban!

Bu söz aýdyldy. Gyzyň ilkinji gezek doly ady tutuldy. Ýöne onuň näme sebäpden agzyndan

sypandygyna ýigidiň özem düşünmedi.

Bagtyna ol jogapsyz galdyryldy, şonda-da howatyrlanyp yzyna bakdy. Mähri gobsunjak ýaly

etdi. Ýöne ýere çüýlenene döndi. Şu wagt ýigidi synlan adam onuň ýüzünde suratyny çekip

bolmajak gynanjyň adam ykbalynyň galdyran ökünçli yzyny görerdi.

Akmyrat durdy. Emma hyýalynda özüni elendiren, kalbyny lerzana getiren duýgularynyň

jylawyny çekmegi başaran örän mert, namysjaň bu gyzyň öňünde baş egdi. Onsoň jaýy terk etdi.

Mähri ýigit çykandan howpurgap ýerinden galdy.

Agyr gussa leşgeri bilen onuň depesinden indi. Giň jahan gözüne dar göründi. Penjirä ýapyşdy.

Akmyrat öýden alyp çykan penjegidir papagyny elinde göterip, başyny aşak salyp gidip

barýardy.

Ýüregi üzülere gelen gyz ýigit gözden ýitenden soň hem aýnadan ýapyşdy durdy.

Mähriniň göwnüne haýsydyr bir gudrat Akmyrady yzyna dolaýjak ýaly bolup duýuldy. Wah,

dolamady.

Içerde höküm sürýän ümsümlik şeýle bir ýürek gysgynçdy. Mähri başyny alyp jaýdan çykyp

ötägidesi geldi. Bir haýukdan soň Nurjemal daýza jaýa girdi. Oňa gözi düşüp gyz has-da örtendi.

Ahmyryny ondan çykarasy, diýip-diýip, içini boşadasy geldi. Emma öňem nirä girjegini bilmän,

müýnürgäp duran aýal bosagada çökenden soň, Mähri ondan ýüzüni öwürdi-de öňki ýerinde

oturdy. Ýöne gaýynenesiniň basymrak çykyp gidenini kem görmedi. Häzir derdini egismek üçin

oňa ýalňyzlyk gerekdi. Nurjemal daýza şol oturşyna esli dymyp, soň ýaýdanybrak şeýle diýdi:

— Wah, beýle-beýle zatlaryň boljagyny biz nireden bileli, jan gelin. Ýogsam Akmyradym ýaly

ogul barmydyr. Şu wagta çenli atasyna-enesine „şunyň däl” diýen çaga däl ahyryn ol. Bizi

ynjydyp gitjek ýeri bolmaz, gelin! Gynanyp özüňi horlamagyn. Görde duruber, ynha dolanar,

hökman dolanar.

Nurjemal daýzanyň gürrüňleri Mährä çigidiň gabygy ýalam täsir etmedi. Kejikdirdi gaýtam.

Mundan habarsyz Nurjemal daýza olara gudaçylyga barşynyň sebäbini düşündirip başlady.

Şeýdip ol oglunyň ýüküni birneme ýeňliderin öýütdi. Günäniň köpüsini öz üstüne aldy. Öz

ýanyndan weli esasy günäkäri ogly hasaplady.

Nurjemal daýza bir gün Hesellere baranda, olara gezmäge gelen Mährini görüp oda düşäýipdir.

Gyzyň jemalyna, oturyp-turşuna şeýle bir syny oturypdyr, gyz gaýdýança şol töwerekden

aýrylmandyr asyl. Öňem ogluny öýermäge gyssanyp ýören Nurjemal daýza hamana diýersiň gyz

elinden gidip barýan ýaly alňasap adamsynam çölden çagyrdyp getiripdir. Gelendenem

adamsynyň başyndan dökülipdir.

— Seniň azaryňa-da däl. Ulyň-a gara ört bolup çölden bärik gelenok. Gözlegi tümmek.

Diýmäýin diýsem kör alaka ýaly şol dörüp ýör. Ommak küýze bilen posly demirden ýaňa bu

tünekde dik durmaga ýer galjakgäl.

— Käri-dä, oň, Nurjemal – diýip, Akmyradyň kakasy aýalynyň öňünden çykypdyr.

— Ýakmasana, kär gytçylygy bamy? Tüýs bir netikaza özleri. Kiçisem juda başa çykdy. Alagada

aýagyny duşaklamasak gider olam, bize tutdyrmaz. Hanha, Işan däliň oglam sürüp ýörmänmi

uçar, gelsin ogluňam, uçary hökman şäherde sürmelimi?

— Seň ýanyňda müşgül iş ýok, Nurjemal. Razy et-de getir oba, şu adamlar nä garşy bolar

öýdýärmiň? – diýip, Akmyradyň kakasy özüni aýalynyň näme üçin çagyrandygyny aňyp, emma

aňmadykdan bolup, gep urupdyr.

— Toba-eý, bolmanda garşam boljakmydyň. Sen-ä gutaraýdyň halys – diýip, Akmyradyň ejesi

ör-gökden gelipdir.

— Tilpuna-da gelenok ogluň. Hatlaşyp bolmasa, gürleşip bolmasa hany aýt, gutarman dagy

nädersiň? Ýyla ýetmänem-ä okuwyny soňlaýar. Öýermeseň tutdyrmajagyna meniňem aklym

ýetýär. Zowzuldaýan ýeke özümdirin öýütme, senem. Agzaýan bolsa bu jelegaýlarda durmaz

ogluň.

— Wah gitjek sesini eşidip ne ýatyp uky bardyr. Ne oturyp karar ýetýändir. Asyl gelmesin şol

tilpuna. Duýdurdyk dälmi, bessir. Men bir üýtgeşik maşgalanyň üstünden bardym. Ediljek aýyň

bölegi. Oturyp turuşam üýtgeşik, gepi sözem bu görülýänlerden müň esse artyk. Ony sypdyrsak

beýle maşgala dagy-duwara ýüzümiz düşmez. Şony törüme geçirmesem özüm-ä armanly öterin

dünýesinden.

— O niräň maşgalasy? – diýip Akmyradyň kakasy çyny bilen gyzyklanypdyr.

Nurjemal daýza Mähri barada bilýänlerini orta döküpdir. Mährili gürrüň Akmyradyň kakasynyň

gulagyna ýaksa-da, ol gudaçylyk meselesinde ylalaşmandyr:

— Bu zatlary ikimiz çözüp bilýän bolsak ýekeje minut ýaýdanjakmy? Ýa tilpuna gatnap

köwşümi tozdurjakmy, Nurjemal? Bardyň-da gudaçylyga, adamçylykdyr olaram „geliberiň”

diýse, sen-men ýok ogluň dikdüşdilik etse şonda nätjek.

— Nätmeden allalarym saklasyn – diýip, Nurjemal daýza adamsyny gepletmändir. Oglum bilen

özüm oňşaryn. Ýüz öwrer ýaly maşgalamy bir ol? Aý parçasy ýaly gyzy törümize geçireris-de

ogluň arkan gaýşarmy? Tapýan gürrüňiň nähili seniň. Gaýtam alkyş okar. Özüni görmän,

göwnüňe gelenini aýdyp oturma! Göräýseň beýdip, ýaýdanjyrap oturmarsyň, mendenem öňe

düşüp ylgarsyň. Onsaňam dikdüşdilik eder ýaly biz onuň näbelet maşgalasyna söz aýdamyzok.

Hemmesini anykladym. Hojamyradyň ýanynda şol gyzy öwüpdirem özi. Hojamyrat aýdýa şony.

Daşda däl, ynanmasaň, sora-da göräý. Töwekgele endişe ýok. Ataly agany öňümize salaly-da

gideli gudaçylyga. Töwerekden öýersek oglumyz uzak gitmez, düşünäý senem bir gepe.

— Ogluň gelmän, gudaçylykly gürrüňiňi çig görýän, Nurjemal. Ile-güne-de bir geňeşeli welin,

soň maňlaýymyza uraýmaly – diýip Akmyradyň kakasy ýene ýöwselläpdir.

— Uly iliň geňeşdary Ataly aga. Oň oňlany iliň oňlany. Sala salsam şol maşgalany aňryňyza

geçirip bilseňiz, bagtyňyzyň getirdigi. Döwletli işi yza çekmäň, - diýip otyr.

— Sen bir eňen tarapyňa eňseň, eýgeritmersiň, Nurjemal. Ýöne ikimiz entek suw görmän

tamman çykaryşyp otyrys. Juda özümize göwnümiz ýetýär – diýip, Nurjemal daýzanyň adamsy

ahyr bolmajagyny bilip, meseläniň başga tarapyndan baryp görüpdir.

Nurjemal daýza iňňän ynamly gürläpdir:

— Akmyrat ýaly oglumyz bolsa baran ýerimizden boş gaýtmarys, han.

Akmyradyň kakasy geň galyp aýalynyň ýüzüne köp manyly seredipdir. Olam şol bada düşünip al

petinden alypdyr:

— Wah, meni öldürýän seniň şu ýaýdanjaňlygyň-da. Ata ata bolsa tutan ýerini goparar. Ýok, sen

beýle däl. Bolmanda-da kemally ýigit „Men öýlenjek” diýer dyzar durarmy? Sypaýçylyga-da

düşüneňok sen.

Gepiň keltesi Nurjemal daýza adamsynyň „eý” diýse, eýlesinden, „beý” diýse beýlesinden

barypdyr. Mähriniň ugruna çykýança ony oturara-turara goýmandyr. Şonda-da ýigidiň kakasy

gyzyň özüni görüp, synlaýança belli karara gelmändir. Gyza welin onuň syny oturypdyr, ony

terbiýelän adamlara-da. „Durjemalyň terbiýesini alan gyz bikemal maşgala bolmady däl” diýen

netijä gelipdir.

Akmyradyň kakasy oýlanyp, ençeme gezek ölçerip–döküp ahyr aýaly bilen ylalaşypdyr. Ogluna

günibirin hatam ýazypdyr. Jogap alman welin bükgüldäpdir. Ýöne ony aýalyna duýdurmandyr.

Nurjemal daýza entegem gürlejekdi. Ýüzüni ak tam edip jaýa giren Hesel Akmyradyň ejesine

gözi düşüp tütäýdi. Gelinlik sarpasyny unutdy. Ýaşmagyny arkan atyp jedirdedi: - Ýagşy-da bir

gelin edindiňiz. Obamyzda heniz beýle masgaraçylygy gören ýokdur. Hany, indi Mähriniň ataenesine, asyl obasyna näme jogap berjek. Gül ýaly gyzlaryny harlap goýberip, neneňsi ile

çykjak?!

Hesel tükederli däldi. Nurjemal daýza turubermekden başga alaç tapmady. Ol ýekeje agyzam dil

gaýtarman, elini ýakasyna ýetirdi-de haýygyp gapydan çykmak bilen boldy.

Akmyradyň ejesi çykandan Mähri dil açdy:

— Näme diýseň, maňa diý, Hesel jan! Mähriniň bagtyny adam ýatyrmady, özi ýatyrdy.

Heseliň näler dili gijedi:

„Seňňem ýüzüňi ýüwjakgäl. Geňlemesiz zady geňläp, utanmasyz zada utanyp, ýeri indi abraýly

bolduňmy? Geplesek al-petimizden aldyň. Ne ile meňzeş söýdüň, ne-de söýdürdiň. Söýseňem

gizlediň. Ýeri, ýigit bilen ýüzbe-ýüz bolman, görmän, gepleşmän toý tutaýmak bormy?

Ýygralygyňam bir çaky ýagşy ahyryn” diýesi geldi. Öňem ýanyp duran ýüregiň oduny ölçeresi

gelmedi. Agşam Hesel Mähriniň ýanynda boldy. Jorasy ir bilen işe gidende welin, Mähri ýene

dünýä sygmady. „Sen beýle ejizlediň-le?! Boş duly saklap oturjakmy indi şeýdip? Müň gaýgy bir

iş bitirjekmi? Ejem jan, bilip aýdan ekeniň. Bagt diýilýän zat biriniň eli bilen getirilip berilýän

zat däl eken. Okajakdym, söýüljekdim, işlejekdim. Göwün ýüwürtmek aňsat eken. Durmuş meni

seň ýaly läliksiretmedi, käbäm! Iň bärkisi jahanda özümi halaman biljek adam bardyr öýdüp

kelläme-de gelmändi”.

Mähri Akmyratlarda uzak durmady.

Dürjemala baran ýerinde aýagy ýer tutmadyk gyzynyň namysy has agyr degdi. Ejesiniň birden

ak esgä dönen ýüzüne nazary kaklyşan Mähri gygyrman zordan saklandy. Edil ysytma tutýan

ýaly gagşap özüni düşege goýberdi.

Dürjemal tä myhmanlar gaýdýança, şol bir oturan ýerinde doňdy oturdy. Töweregini geň

galdyryp, Dürjemal myhmanlaryna ýekeje agyzam agramly söz aýtmady. Belki, gyzynyň ýüküni

ýetik görendir, belki -de peýdasyz hasaplandyr. Mährä-de gaty-gaýrym diýmedi. Özi welin

soňabaka içini hümledip ýörmäni, wagtal-wagtal bir nokada seredip oturmany çykardy. Ejesine

söz gatyp, Mähriniň sözüniň jogapsyz galan wagtlaram boldy. Dürjemal goňşy-golama-da

çykmady.

Bu ýagdaý gyzy gysyp gowurdy. Ol öýlerine sygmady, gideýin diýse, işe-de aýagy çekmedi. Bu

masgaraçylykdan soň, ile çykmaga-da utandy. Emma Mähri üçin her wagtam öýde oturmak agyr

jezady. Okuwdan galsyn, işden galsyn, tapawudy ýok, onuň diňe ýekeje gü ne takaty ýetýärdi.

Bir gün ol ejesiniň ýanynda dillendi.

— Ýüküňi ýeňletjek bolup, ýük ýükledim, eje!

— Janyň saglygyny dile gyzym – diýip, Durjemal gyzynyň sözüni agzyndan aldy. – Bagtyň

açylan günem bolar. Meýdana çyk. Deň-duşlaryň arasynda bolsaň, göwnüň açylar. Onam

etmeseň, öýdäka gulak gabartma-da gidiber, okuwa! Ejeňi azar edinme. Ejeň onuň gykylygy

bilen öwrenişendir.

Şundan soň, Mähri ölçerip-döküp okuwa gitmekligi ýüregine düwdi. Ejesi ony Aşgabada gidýän

ýolagçylaryň birine goşup goýberdi. Gyz  ýene lukmançylyk institutyna resminamalaryny

tabşyryp, okuwa taýynlanyp başlady. Gije-gündiz kitapdan başyny galdyrmady. Bahalary

ýaramaz bolmasa-da, bellisini bilýänçä Mähride sabyr-takat galmady. Ol ilkinji talyplaryň

arasynda öz adyny görende, begenjinden bir uçmady. Şonda-da okap başlandan soň, Mähriniň

ejesini, jigilerini, obalaryny küýsäp ýüregi gysdy. Aglaberen wagtlaram boldy. Çydady. Üçünji

kursy gutarýança, okuwam oňa iňňän agyr düşdi. Boş wagtlary düýbünden diýen ýaly bolmady.

Mähri dura-bara rus diline-de ökdeledi. Okalýan leksiýalary gysgajyk jemläp, ýazmaga-da

ýetişdi. Bir bada alada, gaýgy, üstesine-de nätanyş sapaklar ony birneme darykdyrsa-da

hassahanalarda geçilýän okuwlary-da yhlasly öwrendi. Ýöne Mähriden nirede bolsun, näme

işlesin tapawudy ýok, onuň kalbynda kimdir birine garaşýan, kimdir birini küýseýän, galybersede, şol küýseýän eziz adamy bu gün, ýa erte bir ýerden çykaýjak ýaly bolup duran alasarmyk

duýgy-da aýrylmady. Birden-birdenem özüne şeýle sütem eden ýigidiň paýhasly nazary oňa

uzaklardan bir ýerden seretdi durdy. Akmyradyň galagoply ýagdaýda ýere bakyp oturşam, şol

pursatda hut diýäýmeli zatlary-da diýmän, özüne basalyk berip sypaýçylyk bilen oklaýan

sözlerem, agrasrak, emma örän ýakymly keşbem ýadyndan çykmady. Birden-birdenem gyzyň

ýüregi uly göwresine sygman böwsüp çykaýaýyn diýdi. Şonuň ýaly wagtlar ol kimdir birine

ýüregini açaýasy geldi. Emma talyp joralaryna syryny aýtmaga namys etdi. Asla ol Akmyrat

bilen bagly wakalary hiç kime gürrüň bermedi. Bererinem öýdenokdy. Ýöne talyp ýoldaşlarynyň

köpüsi onuň durmuşa çykandygyny eýýäm bilýärdi. Şu meselede Mähriniň ýakyn syrdaşy Hesel

bilen ejesidi. Gyz öz duýgulary barada ejesine-de gürrüň bermäge utanypdy. Mähri bir zada geň

galypdy. Heniz ejesiniň Akmyradyň adyny tutup ýekeje agyzam agramly söz aýdanyny eşitmedi.

Bir gezek bolsa ol Mährä hut şeýle diýdi: „Sen örtenýäň-dä, Mähri jan, ony halapsyň-da, ana

men şoňa ýanýaryn”. Jogap bermeg-ä beýle-de dursun, Mähri şonda ýüzünem galdyrmady.

Akmyradyň ejesi her gezek öýlerine gelende, Mähri ejesinden gypynç edip, halys bolýardy.

„Aýagyňyzy çekiň” diýer öýdüp gorkýardy. Mähriniň ejesi munam diýmedi.

Ýaz aýlarydy. Howa diýseň tämizdi. Ýagyş ýagyp bütin älemi suw-sil edipdi. Yzyndanam gün

görnüp jahany görke getiripdi. Al-ýaşyl baglaryň, al-elwan gülleriň ysy bilen topragyň tämiz ysy

garyşyp burnuňa urýardy. Howanyň şu gözel çagy Mähri jorasy bilen Magtymguly şaýolunyň

ugrundan haýaljak ädimläp günbatara tarap ýöräp barýardy. Olar kinoteatrdan agşamky seansa

petek almakçydylar. Jorasy-da, gelşikli hem tämiz geýnen Mähri-de durky bilen gül açyp, daş-töweregine edil gözellik paýlap barýan ýalydy. Iň bärkisi Mähriniň syrdam bedenine, parahat

ýüzüne, balkyldap duran rehimli gözlerine syn eden her bir adam, bu ajaýyp maşgalada gaýgyalada bardyr öýdüp kellesine-de getirjek däldi. Töwerek däl, gyzyň edil häzir içki dünýäsi-de

gözeldi. Ýönekeýje zadyň-da iň gözel tarapyny saýgarmagy başarýan inçe duýguly Mähriniň

gözüne şaýolunyň gyrasyndaky setran baglar kenary gür baglyga bürenen gözel derýa bolup

göründi. Ol duşundan geçýän adamlary, ikibir-ikibir ýigitlerdir gyzlary, şadyýan çagalary höwes

bilen synlady. Göwni barha göterildi.

Ýöne Mähridäki bu dabara uzaga çekmedi. Gyz derýa ýaly akyp duran adam mähellesiniň

içinde, jorasynyňam ýanynda özüni birden ýalňyz duýdy. Onuň göwün ýüwürdip başlamagy

bilen kalbynyň çuň ýerinde gizlenip ýatan gussa kem-kemden ýüze çykdy-da, ýap-ýaňam höküm

süren dabaraly şatlygy gysyp çykarmaga başlady. „Namys astynda goýduň, Akmyrat! Bilýärin,

öz-özünden aldanyp, size azaşyp düşen nätanyş gyzy sen bir wagt unudansyň! Emma ol

Akmyrady kalbyndan çykaryp zyňyp bilenok. Binamys ol Akmyrat” Mähri kalbynda beslän

adamy gapdalyndan çykaýjak ýaly garanjaklady. Bu gezek hyýaly ony aldamady. Gyzlaryň edil

garşysynda Akmyrat peýda boldy. Ol özi ýaly tämiz geýnen gara saçly, garagözelek bir ýigit

bilen eginleşip gelýärdi. Olar özara ýuwaşja gepleşýärdi. Ýigitler golaýlady. Mähriniň ýüregi

gürsüldäp agzyndan çykaýjak boldy. Badyny gataldyp, aňk-taňk bolan boýdaşyndan ara açdy. Ýa

Mähriniň galagoplugyna geňirgendi, Belki-de tanap, Akmyrat gaňyrlyp bir yzyna seretdi. Mähri

tisgindi-de, gaty-gaty ýöräp gitdi.

— Bir jyn urdy sen-ä! Bolşuň nähili, adam baryny aňk edip? Ýaňky ýigitler näme pikir edendir.

— Mytdyldaşyp gelşimize petek  ýetjekmi? Öňem şeýdip görüp bilmän galdyk – diýip, Mähri,

içki harasadyny duýdurmazlyga çalşyp, zordan gepledi, ýigitleriň pikiri bilen işimiz ýok  – petek

alanyňy bil.

Mähriniň gürrüňine jorasy ynandymy, ynanmadymy, çekeleşip durmaga wagtam bolmady.

Kinoteatra ýetdiler. Petek alyp yzlaryna dolandylar.

Şu duşuşykdan soň, Mähriniň ýarasy ýene täzelendi. Akmyradyň keşbi onuň gözüniň öňünden

hiç gitmedi. Haýsy tarapa ugrasa ýigit garşysyndan çykaýjak ýaly boldy durdy. Akmyradyň şol

gün Sankt-Peterburga uçandygyndan ol habarsyzdy. Ýigit bäş-on gün Aşgabada dostunyň

ýanyna gezelenje gelipdi. Mähri tomus kanikulyna gelende ýigidiň obadadygyny eşitdi. Ýene

ejirli gussa onuň näzik ýüregini tüýt-müýt edip başlady. Gyzy öz ugruna goýmady. Mähri öz

etini özi iýip, öz-özüni näletledi. Emma şol bir pikirler, ondan el çekmedi.

Gyzlyk buýsanjyny depeläp giden adam ýekeje sekundam onuň hyýalyndan gitmedi.

Akmyrat sähelçe aralyk golaýjakda ýaşap ýör. Emma Mährä dahylsyz. Ýigit Mähriniň oturyp

gaýdan jaýyna näçe gezek girip çykdyka? Hiý bolmanda özüni ýekeje gezek ýatladymyka?

Näme üçin ýatlasyn. Nädeýin, men, Akmyrat, didaryňy ýekeje gezek görmek üçin buýsançly

başymy aşak salyp obaňa tarap ýola düşeýinmi? Beýtsem, ilden öň özüň ýazgarmazmyň?

Kellesinde ar-namysdan düşnügi bolan kowlan gapysyndan yzyna garamaz. Muňa akylym

ýetýär-le. Görmän, obaňa tarap garamanam oňaryn, Akmyrat! Hesellerden aýagymy kesdim.

Emma ýatlamazlyga, seni küýsemezlige mende güýç ýok. Ýalňyşdym. Oňa derek jezamy

çekdim. Töre geçdim, bosagaňdan kowduň. Naçara şundan agyr jeza gerekmi? Iliň içinde egnim

gysyk. Seni däl, il meni ýazgardy. Düşünýäne şundan uly masgaraçylyk barmy? Bu diňe Mährä

däl, meň ýaly ýek-tik azaşjaklara sapak bolar, Akmyrat! Ýöne şol jeza, şol masgaraçylyk, maňa

gudratly söýgiden ýeten paýmy. Her gezek lak atanlarynda, sorap gapydan gelenlerinde ýanypbişýän. Ýüregimiň diňe seni küýseýänligi üçin men ýazyklymy? „Derdi bolan, derman arar"

Näme üçin saňa içimi dökmedim. Agzym-dilim baglandymy? Hawa-da, „Gahar öňünden geler, –

akyl soňundan". Seň bosagaňdan ätlemäge batyrlyk edip bilen adam, gürleşibem bilerdi.

Ýygralygyňam, çekinjeňligiňem öz çägi bolmaly dälmi? Deň-duşlarymyň hemmesi menden

akylly çykdy. Ýigit bilen görşüp-duşyşyp ýörmekligi aýyp bildim. „Sorap oturmaň-da özüňiz

habaryny alyberiň, size ýaran maňa-da ýarar". Şu sözlerem men aýtdym. Ýöne haýsy akylym

bilen aýtdymkam. Munuň akmaklykdygyna Akmyrat sizden kowlup däl, hut seni söýüp göz

ýetirdim. Şundan soň seni nädip ýazgaraýyn. Mende bar ýürek sende ýokmy? Onsoňam eneatasyna gyz gözledip, öýlenýän, hemme zat çözlüp gelin getirilenden soň, sulhy almadyk

maşgalasynyň namysyny depeläp, taşlap gidýän erkeklerem ýok däl-ä. Şol erkekler erkekmidir.

Men ýüregimi merde berdim. Şol mert maňa düşünmezmi, Akmyrat!

Mähri kanikula gelende olaryň öýlerindäki durmuş öňki ýaly, asuda dowam etmedi. Gyzyny

özüne sala salman okuwa iberini üçin, Durjemala azar ýamanyny beren Ýagdy, gyzynyň ýüzüne

gelip zat diýmese-de, diýmedi. Ýöne bolgusyz zatlar üçin yrsarap, Durjemaly horlady.

Mähri ejesiniň ýagdaýyna düşünip, onuň garşylygyna garaman, ýarym aýa golaý öýlerinde

gezeninden soň, Aşgabada gaýtdy. Şol ýerde şäher hassahanalarynyň birinde işe ýerleşdi. Hem-ä

Mähriniň eli giňedi, hem-de az-kem terjibe toplady.

Soňky gezek obalaryna gezmäge gelende Mährini ejesi täze obalaryna aýlady. Üç ýylyň

dowamynda obalarynda bolan özgerişler gyzy haýran galdyrdy.

— Gideliň bäri köp zat üýtgändir, Mähri jan! – diýip, Durjemal edil çaga ýaly ýyljyraklap

gyzynyň öňüne düşüp barşyna gürrüň berdi. Obamyza-da agronom ýigit başlyklyk edýär.

Mährileriň kiçijik obasy başly-barat ýerleşip, onuň içinden uzynlygyna üç sany köçe geçýärdi.

Köçeler dar hem gumlydy. Ýazyna tozandan, gyşyna palçykdan ýörär ýaly däldi. Oba beýiklipesli ýerleşenden soň, şeýle uly bolmadyk obanyň aňyrsyny-bärisini islän tarapyňdan görüp

durmalydy. Ýa suwuň ýetmezçiligi, ýa-da oba adamlarynyň geleňsizligi sebäpli obanyň

ilerisinden geçýän köne ýabyň boýundaky iki sany ullakan toraňňyny hasaba almasaň obada göz

eglener ýaly bag ýokdy. Diňe Mährileriň gapysynda ullakan tut agajy tegelenip otyrdy.

Mähri dagy obanyň aýagyna çenli gitdiler-de, ýaba ýetmän uly köçe bilen saga sowuldylar.

Mähriniň okuwa giden ýyly obalaryndan esli aradaşlykda, täze hassahananyň ýerini

taýýarlapdylar. Şol ýerden gündogara dört sany uly köçe, günorta tarapa-da alty köçe uzalyp

gidýärdi. Köçeler eýýäm asfaltlanypdyr.

Durjemal daş-töwereginden gözüni aýyrman, seredip barşyna obanyň täze klubunyň, mekdebiň

jaýyny-da täze seýilgähi-de görkezdi. „Obamyz şäherden pes boljak däl. Baglaram ýetişäýse-hä,

hasam owadan boljak” diýip, höwes eden Mähri şu işlerde öz goşandynyň ýukdugyna kemsindi.

Obanyň ýerleşýän ýeri eliň aýasy ýaly tekizdi. Bir wagt ot-çöp basyp ýatan beýikli-pesli giň

meýdanyň şeýle derejä ýetirilmegine ynanasy gelmedi.

Mährileriň jaýlary obanyň orta gürpünde eken. Onuň ýerleşýän ýeri gyzyň göwnünden turdy.

Akmyratlaryň jaýlary nirede ýerleşýärkä! Olaryň obasam Mährileriň obasy bilen birleşipdi.

Mähri muny bilýärdi. Akmyrat daşda bolmaz. Hökmän bir gapydan girip çykmaňda-da,

Akmyrada uzakdan guwanyp hem ýaşap bolar. Muny welin Mährä, hatda ýigidiň özem gadagan

edip bilmez.

Okuw bir gowy zat, şähere gitse, Mähriniň ýüki ýeňleýärdi. Sapaklaryna ýetişjek bolup

başagaýdy. Boş wagtlarynyňam köpüsi hassahanalarda geçýärdi. Dynç alyş günleri joralary bilen

gezelenje gidýärdi. Ýöne käýarym deň-duşlary ikibir-ikibir tirkeşip gidenlerinde kemsinýärdi.

Yzlaryndan uzak wagtlap seredip durýardy.

***

Mähriler bilen hassahananyň arasy daş däldi. Okuwyny tamamlap obasyna dolanan Mährä  iş bir

bada ýeňil düşmedi. Indi gapdalyňy alyp öwredip duran mugallymlaryň ýokdy. Özbaşdak

işlemelidi, öwrenmelidi. Ol maşgala lukmanydy–terapewitdi. Muňa garamazdan, her kim bir ýetmezi bilen ýüz tutýardy. Gyz işläp başlanda yhlas edip okan-da bolsa, entek köp zatlary öwrenmeli boljakdygyna göz ýetirdi. Ýogsam ol hassahanalarda nobatçylyk edip, özbaşdak işlemekligi-de öwrenipdi. Hassahana beýle uly däldi. Mähri kärdeşleri bilen-de ysnyşdy. Ol gijelerine lukmançylyga degişli kitaplary irginsiz okaýardy.

Mähri käýarym aý aýdyň gijeler gapylaryndaky agaç sekiniň üstünde uzak wagtlap göwün ýüwürdip oturýardy. Süýji hyýallara gark bolýardy. Şonda onuň ýanynyň ýeke-täk hemrasy Akmyratdy. Ýigidiň akylly hem agras goýun gözleri Mähriniň ýüzüne sereder durardy. Ol başyny bir gapdala atyp saldamly ýöräp gelýärdi-de, gül ýüzüne nur çaýýan hoşamaý ýylgyryşyny edip Mähriniň egnine elini goýýardy. Şol ýatlamalar Mährä hem lezzet hem-de ejir berýärdi. Ol özüniň süýji hyýallara batyp, salgyma kowalaşyp aldanyp ýörendigini duýýardy-da, ezýet çekmäge başlaýardy. Akmyradyň heniz öýlenmändigini bilse-de, onuň özünden başga öýlenmeginiň mümkindigi ýadyna düşüp ýüregi gyýýym-gyýýym dilinýärdi. Akmyrada umyt

baglap ýörmekliginiň sonunyň puçdygyna düşinse-de, hyýalynda şondan başga adam onuň

bagtyna şärik bolup bilenokdy. Ol Akmyrady tanaýan ýigitleriniň hemmesinden belentde

goýýardy.

Bir gün Mähri ýazuw-pozuw işlerini gutardy-da hassahananyň gapysyndaky meýdança çykdy.

Onuň nazary bagyň gutaran ýerinde başyny aşak salyp oturan ýigitde eglendi.

Gelin bolsun, gyz bolsun, erkekmi-aýalmy tapawudy ýok, gülüp-degip töweregini ala-ýaz edýän,

hatda, käýarym garagollygy üçin palatadan çykarylyp „jerime-de” çekýän göwnaçyk ýigidiň

ýalňyz oturmagyny Mähri geň gördi.

— Ýeke çykypsyň-la-diýip, Mähri özüni uzakdan görüp garaşyp oturan ýigidiň garşysynda

daýandy:

— Halyň ýaman teň görünýär, näme ýüregiň dagy agyrýarmy? – diýip, gyz ýarym oýunlyga

salyp bälçiredi.

Onuň ýaňsylamasyna ýigit düşünip ýylgyrdy-da, gapdalyndan orun görkezdi. Mähri her haçan

ýigitden saglygyny soranda „Mende başga kesel näme işlesin, diňe ýüregim agyrýar” diýip jogap

berýärdi. Muny gyza kakdyryp diýýärdi. Mähri bolsa ýigidiň ol degişmesine düşünse-de

düşünmedik bolýardy.

Bir gezek Mähri gijara ileri ýanlaryndaky ýaba bardy. Onuň ýapdan suw alyp yzyna dolananam

şoldy welin, gapdaljygynda ulag saklandy. Kabinadan çykan ýigit ýaýdanybrak gyza salam

berdi.

Mähri ýigidiň salamyny aldy.

— Suw içip bolmazmyka? – diýip, ol Mährä bakyp durşuna sadaja ýylgyrdy. Gyzam oňa

özüniňki ýaly ýylgyrma bilen jogap berdi-de, ýaby görkezdi.

— Bedreden içesim gelýär.

Mähri bedrelerini ýerde goýdy:

— Al, içseň!

Ýigit bedräni başyna göterdi. Aljyrap suwyň ýaryny ýakasyndan goýberdi. Soň bedräni täzeden

dolduryp gyza uzatdy. Onsoň maşyna tarap ýöneljek ýaly etdi-de, birdenem yzyna öwrüldi:

— Mähri, siz gaty owadan!

Ýigit diýen sözüne özi utanyp, gaty-gaty ýöräp gitdi. Mähri birhili boldy.

Gyz ýigidi şondan bäri tanaýar.

— Biri göwnüňe degen-ä däldir-dä? – diýip, Mähri ýigidiň gapdalynda ornaşandan soň, çynlakaý

sorady.

— Ýok-la, Mähri. Kim göwnüme degsin?! Şu kesel meni alada goýýar. Iň ýamany lukmanlaram

dogrusyny aýdanok.

Gyz düýn agşamlyk ýigidiň ýanynda oturan şepagat uýasyndan oňa bir zat ýetendigini aňdy.

— Bejertmez ýaly keseliň ýok. Ýöne gaty görme, bäş gün hassahanada ýatyp, keselden

saplanmak kyn. Öň hem aýtdym. Sanitoriýa gitmeli bolarsyň. Öýken oýunjak zat däl. Ony entek

yzygiderli bejermeli.

Bularyň ýanyna ýene bir ýaşulam goşuldy.

— Öten agşam gyzym aýdyşyň ýalyjak edendirin. Lýuba gyza näçe garçişnigiň bolsa,

ýagyrnyma ýelme diýdim. Otuzyny dagy goýdumyka diýýän, zalym!

Ýaşulynyň gürrüňine Mähri ýylgyrdy-da, çynlakaý gürledi: – Öňräk şeýtmelidiňiz.

— Wah, näbileýin men, üsgülewigim kiparlady duruberdi, asyl. Ýogsam demimi berenok-da.

Gijäň bir wagty oýanypdyryn. Eňdim Lýuba gyzyň ýanyna. Ýene näçe garçişnigiň bolsa ýelme

diýdim. Indi „хватит” diýýär, zalym.

— Şu günem şol emleri gaýtalasaňyz, üsgürmersiňizem – diýip, Mähri jogap berdi.

— Öz obamyzdan dugtar ýetişenine az begenemizok. Ind-ä näme, iki sapar bassyr üsgürsegem,

geleris durarys.

Bir zat ýadyna düşdi-de, ýaşuly ýene Mährä ýüzlendi:

— Gyzym, meň kempirimem bejeräýseňiz-ä... şol peläketiň asyl kelle agyrysy aýrylanok.

Dugtara git diýseňem, teý edenok. Özüň ýaly bir dile düşýäne görün diýsem ederem welin...

— Gelsin, göreris. Belki ganynyň aýlanyşynda, basyşynda kemi bardyr.

— Şony şeýitsene gyzym. Ynhalyk-ga yzymdan geler welin, ýanyňyzajyk alar baraýaryn.

Ýaşuly hoşal bolup gitdi.

Daşaryk bir çyksaň, içerik giresiň gelenok. Bu ýyl ýaz hemişekilerindenem ir gelipdi. Agaçlar

eýýäm gök salyp otyrdy. Eriklerdir almalar ak patrakdy.

„Tiz lukmançylyk kömegi” derwezeden girdi-de, keselhananyň gapysynda saklandy. Içinden bir

nahoşy nosilka bilen düşürdiler. Keselli agyr bo lmaga çemeli. Näsaglaryň muny görüp keýpi

gaçdy. Mähri turup ugrady. Onýança-da gapydan keselhananyň baş lukmany Dmitriý

Wasilýewiç göründi. Ol Mährä gygyrdy.

Näsag aşa düşüpdir! „Wagtynda ýüz tutman, öz-özlerini heläk edýärler-dä” diýip, düýbünden

mejaly gaçan näsagyň keselini anyklandan soň Mähri käýindi.

— Bu adamlarmy, sen bulary goýaý! Janlaryny edil ýerden tapan ýaly. Ýoňlamany dagy-ha

keseldirem öýdenoklar. „Aý dümewdir-da dogtor, näme aladalanýarsyň, geçer gider” diýer,

kellelerini sypar oturarlar – diýip, el ýuwguçda elini ýuwup durşuna Dmitriý Wasilýewiç Mährä

gürrüň berip jibrindi. – Geçen ýyl dizenteriýadan ejir çekdik. Bir ýigidi hassahana getirmek üçin,

ýolbaşçylara ýüz tutmaly boldy. Ol „bolgusyz içagyry üçin işden galyp, keselhanada ýatyp

bilmän” diýip, nadaralyk edýär. Şol „bolgusyz” içagyryny onuň töweregine ýokuşdyrýandygynyda zordan ynandyrdyk.

— Hem işlemeli, hem düşündiriş geçirmeli-dä – diýip, Mähri Dmitriý Wasilýewiçiň gürrüňlerini

diňläp dillendi.

— Ýogsam näme? – diýip, Dmitriý  Wasilýewiç elini süpürip stola geçdi.

Nähoş birneme özüne gelýänça, gyz hassahanada eglendi.

Agşam Hesel geldi. Joralar gujaklaşyp diýen ýaly görüşdiler.

Hesel şu oba toýa gelendigini, jorasyny-da küýsändigini, görüp gitmese ynjalmajakdygyny

gürrüň berdi.

— Az begenemok, Mähri jan, gowy dogtor, ökde diýşip seni dillerinden düşürenoklar.

— Il agzy keramat, Hesel jan! Işläbersek, elbetde, ökdeläris-dä – diýip, Mähri jorasynyň sözüni

agzyndan aldy.

Çaý başynda joralar gürrüňe gyzdylar:

Hesel gürrüniň ahyrynda Akmyradyň üstünden düşdi. Ýigidiň heniz öýlenmändigini gürrüň

berdi. Şähere gatnap işleýändigini-de aýtdy. „Ejesem bärik gaýtsam seni soraýar, pahyr. Öňki

gelende ejeň „ýüz bermändir", ýokuş görüpdir pahyr. „Şol maşgala gözümiziň alnynda gezip

ýörkä, başga biriniň gapysyny açmarys" diýýär.

Hesel Mähriniň derdini gozgap gidenini duýmady.

Gyz oturgyja özüni goýberdi-de, elini maňlaýyna diräp uzak oturdy. Hyýalynda Akmyrada içini

dökdi. „Näme üçin ýalňyz ýaşap ýörsüň, Akmyrat! Meni örtemek üçinmi? Ýa Mähriniň

oýlanman äden ädimi seň bagtyňa-da badak atdymy? Gel, maňa dostuň hökmünde ýekeje gezek

içiňi dök! Gyz bilen ýigidem dostlaşyp bilýändir. Bolmanda öz ýüreginde saňa orun berip bilen

adama ýekeje gezek ýüregiň gapysyndan garamaga rugsat et! Geňleseňem, oňlasaňam men saňa

hat ýazjak, Akmyrat. Soraman bosagaňdan ätledim, bu gün sorap ätlejek”.

Mähri stoluň üstünde ýatan depderden akja kagyzy goparyp aldy. Eli barmanmy, ýa-ha

pikirlenipmi, belki-de, uslyp bilmän ýene esli oturdy. Ahyr şeýle setirler kagyzyň ýüzünde peýda

boldy:

— „Özüňizi bir gözel gyza aşyk bolup, ol gyzam sizi söýmedik ýagdaýynda göz öňüne getiriň!

Ol söýýärmi, ýok, siz ony görmeseňiz ynjalyp bilmersiňiz. Ýüregiňiz ony küýsär durar. Görmek

üçin her gün bahana agtararsyňyz. Sizde mümkinçilik köp. Emma şol ýigidiň ornunda gyzy

goýup görüň. Ýigidem ony söýenok diýeliň. Gyz diňe mümkinçilik tapsa, ýigide duýdurman,

ony ogryn-dogryn synlap biler, daşyndan guwanar. Ýüregini welin, örän seýrek gyz açar. Men

şol seýrek gyzlaryň hilinden hasap ediňde uzak oýlanmalardan soň, özüme zor salyp kynlyk

bilen ýazylan şu hatymyň manysyna dogry düşüniň. Bilýärin, meň ýalňyşlygym size-de zyýan

edendir. Ýöne, Akmyrat pikir edip otursam, men ýalňyşlygym diňe ýaşlyk, kem akyllyk edip

goýberilen ýalňyşlyk hem däl eken. Meni siziň gapyňyzdan çagalagymyň çeşmäň suwy ýaly

dury söýgüsi eltipdir. Şol söýginiň hatyrasyna geňlemäň-de maňa sähelçe wagtyňyzy sarp ediň!

Dostuň-dosta ýürek syrlaryny açyşy ýaly, gursagymda göteren syrlarymy açaýyn. Ýöne maňa

dogry düşüniň. Diňe ýürekden gepleşesim gelýär. Şondan soň men ynjaljak. Maňa şol bes, başga

bähbidim ýok”.

Haty bukja salyp salgysynam ýazdy. Ýöne ony poçta eltip oklamaga ýüregi etmedi. Haty

ýygnady-da daşaryk çykdy. Ýene maksatsyz öýe girdi.

Gyzyň barha dünýäsi daraldy. Öňem ýaraly ýürek gyz gursagyny dar görüp çyrpyndy.

Gursagynda ýiti agyry duýan Mähri çep döşüne elini ýetirdi. „Wah, öz ugruňa gezip ýörmäge-de

goýanoklar”.

Hassahanada bagyň saýasynda kellesi gepe gyzan iki aýal Mähriniň ýeňselerinde durandygyny

görmändiler.

— Sulhy almaz ýaly, heý, şu lukmanyň aklynda-huşunda, edep ekramynda ýa başarnygynda

kemi barmy? Boý-syratam-a ýüz gyza degýär. Özünem lukman hekimiň bar-da. Eline düşen

aýňalýar gidiberýär.

— Başarnygyna sözüm ýok. Özüm ynhalykga üç günde bäri  bakdym. Ýöne ilem akmakdyr

öýtmegin, sen. Kemi bardyr, taşlaýandyrlar. Sulhy almazlyk hälki bir, soň tapylýan gürrüňdir.

Sulhy alyşman öň näme işläpdirler. Sada bolmagyn! Bu zamanda aňyrsyna-bärsine göz

ýetirilmän gelin edinilýärmi ýa gyz çykarylýarmy?

— Depesinden dabanyna çenli jümşüldäp giden gyzyň gözüne şol wagt iki aýal gyrgy bolup

göründi.

Olara tarap ýöneldem. Saklandy, emma ne saklanmak, özi hakynda adamlaryň hemmesi şol

pikirdemikä?

„Her ýetene gep ýassygy bolup ýörme-de, durmuşa çykda dyn. Razylyk berseň günibiriň

öýlenjekler. Boý ýigidiň boýnundan iljekmi? Adamlar seni gelin hökmünde ykrar etdiler.

Telpegi agana özüňi rowa görjekmi? Hawa, şeýdip özüňe jeza berip bilersiň. Şu wagta çenli

çeken ruhy azaplaryň azlyk edýändir. Wah, wah ol azaplar,  iň bärkisi şol gije, ilkinji gije çeken

horluklarymam bütin bir ömre etjek. Aldanyp äden ädimim geljekki durmuşyma basylan

aýrylmaz tagma bolaýmalymy. Şol tagmany diňe sen aýryp biljek, Akmyrat! Diňe seň bilen

birleşip, öz goýberen hatamy ýuwup biljek. Göwnüň bölek-dä. Ine, meni şu örteýär. Ýöne bir

zada akylym etýär. Kesekini bagtly edip bilmerin men, Akmyrat!

Maşgala diňe iki tarapyň söýgüsi bilen gurlanda mukaddes diýipdiň. Halaşyp tanyşybam-a

oňuşman ýörenler bar. Biri-birini içgin tanaman, birleşip, soňundanam gül ýaly ýaşaşyp

ýörenlerem bar. Agaňa gelnejeňi gumdan bir ýerden getirip beripdirler. Olar biri-birini çala

tanaýan ekenler. Bilýäň-ä olaryň sene-mene edenlerini gören adam ýok. „Durmuşlaryna gözüň

gidýär. Iliň ýagşysyna-ýamanyna-da bileje ýetýärler” diýýärler. Eýsem olaryň guran maşgalasy

mukaddes dälmi?

Men bir zada ynanýaryn, Akmyrat, arman, sen ynanaňok-da? Ikimiziň guran maşgalamyz

çagşamaz. Günüň çogy tebigata jan berenokmy? Çogly söýgem mukaddes-dä! Şoňa

ynanýarmyň? Meni saňa baglaýanam şo l ynam -da!”

Mähri ýene pikirlerini bir ýere çugdamlap bilmän kösendi. Şu gün welin, ol bu meseläni haýsam

bolsa bir tarapa çözmese, özüne asuda durmuşyň bolmajagyna akyl ýetirdi. Emma nädip çözjek?!

Bu ýalňyz çözülýän mesele däl-ä! Onda-da...

Mähri uludan dem aldy-da, daşaryk seretdi. Gün gijigipdi. Onuň gyzgylt şöhlesi ullakan tut

agajynyň doluşmadyk ýapraklaryndan jyklap aýnadan içerik düşýärdi. Baga gonan guşjagazlar

gyza: „Sen näme oýlanyp otyrsyň, daşaryk çyk, biziň ýanymyza gel, gussaňy paýlaşaly” diýýän

ýaly üznüksiz jürküldeýärdiler. Soň gyzyň gulagynda guşlaryň sesi kesildi-de, onuň ornuny

başga ses eýeledi.

„Tanaman durmuş gurmak, razylyk bermek akylly adamyň etjek iş-ä däl. Adam heý, öz ykbaly

bilenem şeýle oýun edermi?” „Oýun etdim, utuldym, Akmyrat! Şol örtenip ýörşüm! Zenanlyk

mertebämi depeläp saňa hat ýazdym. Seň bilen ýene bir gezek ýüzbe-ýüz bolman adama baş

galdyryp biljek däl. Oňa-da wagt ýetdi. Haçana çenli men öz-özümi aldap salgyma kowalaşyp

ýörmeli. Besdir-dä, indi. Mende bir töwekgellik bolmazmy?”

Mähri namys etse-de, haty Akmyrada ýollamagy göwnüne düwdi.

Ol stoluň başyndan galanda obadaşlarynyň biri hasanaklap gapydan girdi. Onuň ýüzi ak tamdy.

Aýak üstünde zordan durdy. Ol gepini-de zordan düşündirdi. Mähri onuň üzlem-saplam

gürrüňlerinden, Eseniň bir ýaşlyja oglunyň göm-gök bolup titräp ýatandygyny aňdy. Esen gyzyň

soragyna-da gümürtik jogap berdi.

— Irden işe gidemde hem sagja ýalydy. Gelsem ejesi aglap otyr. Keýgim, kyn görmäweriň,

gijem bolsa. Ýadawsyňyz özüňiz-ä, gaýrat edersiňiz-dä!

Ol bir diýenini özem bilmän, iki-üç gezek gaýtalady. Mähri eglenmän, ýola düşdi. Ol Esenleriň

gapysyny açandan dymyljyk howa Mähriniň ýüzüne urdy. Tamda ýer-jaý ýokdy. Hossarlar, dostýarlar, goňşy-golama çenli ýygnanypdy.

— Aýnany bir açyň ahyryň, bu içerde sagam bolsaň, ýykyljak. Oturanlar gozganýança gyz töre

geçdi-de, aýnanyň bir tarapyny daşaryk itdi. Arassa howa kürsäp içerik girdi.

— Jaýdakylar süýşüşip, çaga seretmäge Mährä maý berdiler. Diňe Eseniň aýaly oguljygynyň

üstüne gerlip eňräp başlady:

— Wah, wah, Mähri jan, balajygym?! Göz boldumy, dil boldumy bilmedim, bir zat tapyndy

oturyberdi.

Demsiz ýatan çaga gözi düşüp Mähri birhili boldy. Derrew çaganyň dem alşyny, ýüreginiň

urşuny barlady. Çaga eljagazlaryny, aýajyklaryny ýygyryp-ýazyp titräp başlady. Eseniň aýalynyň

zähresi ýaryldy. Çaga topuldy. Mähri ony saklady. Haýal etmän iňňesini taýynlady. Sanjylandan

soň, çagajygyň titremesi galdy. Gyz oglanjygy emaý bilen gujagyna alyp ýerinden galdy.

Eseniň aýaly onuň bilen boýdaş boldy.

— Waý, ony nirä alyp gitjek, Mähri jan!

— Goý, how, sesiňi! Sen-ä masgara etdiň – diýip gapyda duran Esen gatyrgandy.

— Gorkmasan-a daýza, daş ýerik däl, hassahana alyp gitjek, sowukladypsyňyz – diýdi.

Ol çaganyň ejesini köşeşdirdi-de ulaga mündürip, oguljygyny eline berdi.

Esen aýalynyň gapdalynda ornaşdy. Ýola çykanlaryndan soň, ol birneme özüni dürsäp,

oguljyklaryna näme bolandygyny lukmandan sorady.

Çaganyň öýkenine iki taraplaýyn sowuk degen eken. Özüni hernäçe merdemsi tutjak bolsa-da,

iki eginjiginden dem alyp, ölüm bilen başa-baş söweşip ýatan çagany halas edip bilmerin

gorkusy Mährä ynjalyk bermedi. Ol nobatçy bilen zerur kömegiň hemmesini etdi.

Çagajygyň titremesi galsa-da, ertire çenli gyzgyny peselmedi. Daň atýança aýak üstünde

zowzuldap geçiren Mähri, ir bilen lukmanlar gelenden soň, az-kem göwrümi giňäp, baş lukmana

habar berdi.

Çagajygyň aýgytly pursaty başyndan geçirendigini duýan baş lukman Mähriniň gidip dynç

almagyny talap etdi. Öýlerine gaýtsa-da, gyzyň ýatyp ukusy tutmady, oturybam karary ýetmedi.

Çagajygyň gözgyny keşbi onuň gözüniň öňünden hiç gitmedi. Diňe hassahana gelip çaganyň

ýagdaýyny ýene bir gezek barlandan soň, ol ynjaldy.

Çaga üç günden soň, az-kem özüne gelip, dem almasy birneme kadalaşdy.

Dynç güni ir bilen işe gelýärkä, Mähri Eseniň aýalynyň sözlerini ýatlady.

Dogram-da seň zähmetiňden biri haýyr tapsa, seň üçin uly abraý. Başaryp bilseň, adamlary

begendirmekden lezzetlem bir zat bolarmy? Hawa-da, bagtyň manysy giň.

Ir bilen howanyň çigrejigi bardy. Muňa garamazdan, açyk aýnanyň öňünde buz ýaly tagtanyň

üstünde ýalaňaç çagany ýatyryp, şepagat uýasy onuň içini ýuwýardy. Mährä gözi düşüp ol

aljyrady. Aýnany ýapjagynam, çaganyň aşagyna arlyk ýazjagynam bilmän sermendi. Hiçisine-de

ýetişmedi. Lukmanyň ýüzi üýtgedi: „Gör-ä bularyň edýänlerini. Çaga haýpy gelmezem adam

bolarmy?”.

Mähri diňe içini gepletdi, eneleriň ýanynda oňa zat diýmedi. Ýanyna çagyrdy.

— Gözel, özünde ynsap bolmasa, saňa näme diýeýin. Il bende muňa sagalmak üçin gelýär.

Näsag çagany ynanyp, eliňe berýär. Sen bir oýlanyp gör ahyryn!

Gözel giren ýerinde sesini çykarman, aşak bakyp durdy.

— Bar, işiň bilen bol. Ýöne şu gün şol çaganyň gyzgyny göterilse, sylaman Gözel!

Mähri işläp başlaly bäri dynç almaga ikinji hyýal edişidi. Onuň goňşulary mugallymady. Iki gyz

dilleşip dynç güni okuwçylaram alyp, derýanyň aňyrsyna gezelenje gitmekligi ýüreklerine

düwdüler.

Irden okuwçylar mekdebiň gapysyna ýygnandylar. Iki gyz şaýlaryny tutup mekdebe

gelenlerinde, hat gatnadýan olary saklady.

Goňşusyna hat gowşurdy. Gyz günortan ejesini garşylamaly boldy.

— Ikimiziňki boljak däl. Sensiz näme gyzygy bar?! – diýip Mähri nägilelik bildirdi.

— Çagalaryň boküşäýişlerine sered-ä. Mähri-jan! Neneň dözjek?! Ozalam howlugyşyp şu güne

zordan ýetdiler.

Goňşusy gijräk barmaga söz berdi.

Mähri ýaýdandy. Çagalar az däldi. Jogapkärçiliginden gorkdy. Ýöne olary yzyna gaýtarmaga-da

dözmedi. Onýança-da bulardan ep-esli ara açyp hat gatnadýan ýene yzyna dolanyp, Mährinem

saklady -da: „Wah, huşum gursun” diýip, özüne käýinip, onuň eline-de bir haty tutdyrdy.

Gozgalaňa düşen gyz hatyň salgysyna seretmän, derrew açdy. Bir barmak akja kagyza diňe ikije

setir ýazylypdyr:

„Size geçelgede garaşýaryn. Şol ýerden amatly ýeri tapmadym”.

Aşakda-da düýnki günüň senesi goýlupdyr.

Süňňi gowşap, çym-gyzyl bolan gyz, haty torbasyna salanda, eliniň sandyraýandygyny duýdy:

Hatymy alypsyň, ony ne ýaňzydypsyň, ne-de hatyň bir ýerinde adymy ýazypsyň. „Sylapsyň-da,

Akmyrat!” Ýöne duşuşmaga geçelgeden başga ýer tapmadyňmy? Zyýany ýök bähbit boldy.

Çagalaram bahana.

Geçelge iki obanyň aralygyndady.

Bir gyzjagaz Mähriden näme üçin geçen gezek özleri bilen gezelenje gitmändigini sorady: Soň:

— Şu gün ýadamasaňyz geljekki dynç alyş günem gezmäge gidermisiňiz? – diýip dillendi.

Gyz jogap berip ýetişmänkä, beýlekisi ondan suwda ýüzüp bilýändigini, bilmeýändigini sorady.

Mähri çagalary toplap, derýanyň kenaryna tarap ugranda, gün ep-esli ýokaryk galypdy. Asmanyň

ýüzi alabulut bolup bir gizlenip, bir ýalpyldap çykýan gün howanyň hemişekilerinden salkyn

boljakdygyny duýdurdy.

Mähriniň töweregini ala goh edip barýan çagalar bökjekleşýärdiler. Begençlerine biri-birini

kowalap, gülüp-oýnap daş-töweregi ala-ýaz edip barýardylar. Okuwçylar Mähri bilen öňem bir

gezek gezelenje çykypdylar. Ony mugallymlaryndan kem görenokdylar. Häzirem olaryň birki

sanysy geçen gezekki gezelençleri hakynda Mährä biri-birinden öň gürrüň bermeklige

howlugýardy. Bu günem şol taýa gidilse kem bolmajakdygyny, gülälegiň, çigildemiň, köpdügini,

ýuwa, ýelmik näçe islseň çöplemek boljakdygyny düşündirýärdi. Gyzyň pikiriniň düýbünden

başga ýerdediginden olaryň habary ýokdy. Mähri çagalar bilen ümmüldeşip, derýanyň

geçelgesine nädip baranlaryny duýmady.

Mähri okuwçylary hatara duruzdy. Ekabyrraklaryny yzda goýdy. Şol wagtam raýyşdan düşüp

gelýän ýigide gözi düşüp boz-ýaz boldy. Ýakyna gelen ýigidiň salamynam alman töweregindäki

çagalary gyssady. Iki kenara sim bilen berkidilen derýanyň o başyndaky tagta sala olaryň

münmegini talap etdi. Akmyradam birhili boldy-da, galagopluraga-da gyza seretdi. Soň ol kenara

golaýlaşyp gelýän sala tarap ýöneldi. Okuwçylaryň öňki hataryny mündürip, özem oňa böküp

mündi-de saly sürüp gitdi. Ýigit bir öwrüm edip dolanyp gelende, Mähri henizem şol bir duran

ýerinde köwşüniň burny bilen ýer dyrmap durdy. Akmyrat okuwçylaryň galanlaryny mündürip,

gyza garaşdy:

— Siz gitmejekmi?

Mähri başynam galdyrmady, ýigidiň ýüzüne-de seretmedi. Baryp sala mündi. Ýigit edil onuň

gapdaljygynda durup simi çekip ugrardy. „Ýyllar geçdi. Seniň henizem şol çekinjeligiň,

mahmalyň ýok, ýogsam ýüzüňi örtmäge-de ýaltanjak däl sen”.

Içini gepleden ýigit kenara çykandan soň, gyza başga zat diýdi:

— Toparyňyzyň bir agzasynyň artmagyna garşy bolup durmarsyňyz-la?! Çagalaram Mähriniň

ýüzüne ýylgyryşyp seretdiler. Onsoň onuň bir zat diýerine-de garaşman, Mähri bilen Akmyrady

töwerekläp aldylar-da aňňat-aňňat gum depelerine, ýap-ýaşyl bolup ýazylyp ýatan meýdana tarap

ugradylar.

Meýdanyň gözel görki gyzyň şol bada göwnüni açdy. Kalbynyň çuň ýerinde gizlenip ýatan

nähilidir bir ýakymly duýgy oýandy-da, oňa garaşylmaýan, söz bilenem düşündirip bilmejek

şatlygyny berdi. Öýke-de, Akmyrat bilen bagly bolan wakalaram şu wagt onuň şol şatlygynyň

üstüni örterden ejiz geldi. Ol yzdan ýöräp barşyna ýigide gözüni aýyrman seredýärdi. Häzir ö z

pikirleri bilen gümra bolup okuwçylary-da unudypdy. Çagalaryň sesleri, gülküleri sähra

guşlarynyň sesleri bilen garyşyp, eýýäm uzaklardan eşidilýärdi. Olar depeden depä geçip, hol,

uzaklarda görünýärdi. Okuwçylaryň arasynda ýigidiň ýakymly gülküsem Mähriniň gulagyna

degdi. Ol ädimini ýygjamlatdy. „Üýtgemänsiň sen, Akmyrat! Syratyňam, keşbiňem gözleriňem

şol bir bolşy. Diňe azajyk ösüpsiň, daýawlanypsyň. Meni örtemek üçin ýüregimi paralamak,

teýeneli sözleriňi aýtmak ýa diňlemek üçin, geldiňmi? Belki-de, iň soňky gezek hoşlaşmak üçin

gelensiň”

— Akmyrat saklandy. Ýigide golaýlaşdygyça, Mähriniň bedeninde ýeňiljek galpyldy peýda

boldy.

— Siz gysylaýdyňyz öýdýärin?! Beýtseňiz-ä ýagşy ýagdyrarsyňyz. Şol süýşüp gelýän gara

bulutlary halamok.

Mähri jogap bermän ýylgyraýdy. Şonda onuň mähirli ýüzi hasam ýagtyldy.

Ýigit gyz bilen eginleşip ýöräp başlady. Başyny galdyrmasa-da, Mähri ýigidiň her bir hereketini

synlaýardy. Ýigidiň didaryny küýsän gözler oňa ogryn-ogryn garaýardy. Muny Akmyrada

duýdurmaýandyryn ö ýdýärdi. Emma nähili gürrüň açjagyny bilmän ýaýdanyp gelýän ýigit hem,

gyzyň iň kiçijik hereketlerine çenli sypdyranokdy.

Dogrudan hem, ýigit Mähriniň öňki gören Akmyradyndan az-kem üýtgäpdi. At ýüzi tegelenipdi.

Ýöne öňküsi ýaly parahatdy. Bir wagtlar maňlaýyndaky burum-burum saçlaryň tämiz tarlary gün

şöhlesine lowurdaýardy. Olar ýigidiň bütin kellesini ýapyp durdy. Asman reňkli gögümtil

köýneginiň üstünden ýasgynjak alnan çal penjegi ýigidi has syratly görkezýärdi. Mähriniň söýen

gözleri golaýjakdan özüne seredýärdi. Gyz ol gözlerde bu gün gussa derek mähir duýdy.

Başga tarapa barýandyklaryny duýup, Akmyrat aýak çekdi. Ol elini gündogara uzadyp ýap-ýaşyl, dagyň bölegi ýaly ýazylyp ýatan beýik depäni görkezdi. Onuň aňyrsyndan diýseň owadan

gülälekli meýdanyň başlanýandygyny özüniň geçen hepdede şol ýerde gezip, keýpden

çykandygyny aýtdy.

Mähri:

— Bu gün ýene şoňa gitmek siziň üçin gyzyksyz bolar-da! – diýdi.

— Ýok-la, häzir bir baryp görüň, ertirem şoňa gelesiňiz geler durar.

Akmyradyň töwerindäki çagalar Mähriniň jogap bererine-de garaşman, öňdäkileriň yzlaryndan

ylgaşyp gitdiler.

Dogrudan hem, Akmyradyň görkezen depesine çykyp, gündogara seretseň, depäniň, aşagyndaky

meýdan edil ertekilerde suratlandyrylýan çemenzarlyklar ýaly al-elwan öwsüp ýaýlyp ýatyrdy.

Gülleriň içinde göze ilýän elwan gülälekler bir geňsi lowurdap, gyzyl kürteli täze gelni ýadyňa

salýardy. Ylla diýersiň giň meýdana, tämiz topraga haly düşelen ýalydy. Gülälekli meýdanlarda

iki ýana bökmekleşýän oglan-gyzlaryň özleri-de dürli reňkli güllere meňzeýärdi, mymyjak şemal

gyzyň alyn saçlaryny oýnady. Bu görnüş, şadyýan çagalar, gapdalynda-da Akmyradyň gezip

ýörmegi, gyzyň kireňsiz kalbynda, ýigide ençe ýyllap orun beren tämiz ýüreginde suratyny çekip

bolmajak süýji duýgulary döretdi. Daşky dünýäniň ajaýyplygy gyzyň içki dünýäsi bilen utgaşyp

gitdi. Ol bu lälezarlygy synlap ep-esli durdy. Ol gujagyna sygsa bu lälezarly, hoşboý ysly bu

meýdanlary gujagyna gysaýasy geldi. Okuwçylar Mähriniň gujagyny al-elwan güllerden

doldurdy. Tokmak ýaly  saçlaryna çenli gül gysdyryşdyryp çykdylar. Gyza tarap ýönelen

Akmyrat edil onuň garşysanda durdy-da, ýygan gülleriniň içinden aýratyn bir owadan güli saýlap

aldy. Mährä nazaryny dikip bir geňsi ýylgyrdy:

— Meniň güllerime ýerem galmandyr?!

Ýigit güllerine ýer tapyp gyzyň saçyna gysdyrdy. Onsoň gapdalyndaky beýige çykyp, çommalyp

oturdy-da ony synlamaga başlady. Mähri gül ýolmak üçin eglen bolmaga çemeli, gujagyndaky

gülleriň hemmesi ýere dökülipdir. Ol güllerini tertibe saljak bolup, ber-başagaýdy. Gyzyň tanap

ýaly saçlaram häzir oňa boýun egenok. Egilse arkasyndan öňune düşýär-de, güllerine çolaşýar.

Gyz saçyny bir zyňdy, iki zyňdy, ahyr bolmady, erjel saçy „gazap” bilen boýnuna orady. Bu

görnüşi synlamak Akmyrada barha hoş ýakdy.

Mähri ýigidiň synlaýandygyny duýup has hem aljyrady. Güllerini ýarpy-ýalta ýygnap, daş-töweregine garanjaklady. Goşlar Akmyradyň oturan ýerinde bolandan soň, güllerini goýmak üçin

ýigide tarap ýöneldi.

Synlamanam gör-dä! Hakykatdan hem gülleriň arasyndan täsin bir gudrat ýigide baka ýetip

gelýär. Gyz şeýle gözel hem aljyraňňy. Şemalam onuň garşysyndan. Ýüprek köýnek diýenini

etmän, näzik bedenine syrlaşýar. Ýeňiljek çabydy arkasynda galgap, onuň ýumry döşlerini

ýapmakdan boýun towlaýar. Mähri bolsa döşüni gizlemek üçin çemeneni şeýle gülkünç

ýagdaýda öňüne tutýar. Maňlaýyndaky gyryk saçlaram şemala ykjap, ýüzüne dökülip, ol hem

gyzyň garşysyna elinden gelenini edýär. Mähri ýigidiň gözüni aýyrman seredip oturşyny görüp

has-da aljyrady. Keseräk ýöremäge çalyşdy.

„Göz dikip oturmak aýy-ba”. Ahyr ol depä çykdy. Akmyrat gyzyň utanmakdan hem-de

kejikmekden çym gyzyl bolan ýüzüne seretdi. Özüni has-da oňaýsyz duýan Mähri goltugyndaky

güllerini nirede goýjagyny bilmän kösendi. Büdräp bir taňka suwam agdardy. Akmyrat hezil edip

güldi-de ýerinden galdy. Gowusy şol çemeni maňa beräýiň. Özüm bir alajyny edeýin. Ýogsam

gymmat düşjek. Derýa barmy, bäri-bärde?..

— Dökülen suw bolsun, ýykylan taňka. Gül tapsak, harlamarys. Ol-a derýa, gerek bolsa

deňizdenem suw daşarys. Ýaltanmarys. Gyzyň kakdyrmasana düşünen ýigit bu gezek Mähri

bilen ýürekden degşesi geldi.

— Bagty getiren gül. Deňiz nirräkdekä?! Ugradym.

Mähri gülmän durup bilmedi. Ýöne gülleri banka salyp oturşyna nagt jogap berdi.

— Deňizmi? Derýany uzak görýän aýak deňize ýetermikä?

— Bileje gitsek ýeter.

— Näbileýin. Dört diwara gabap, terk edip giden adamyň uzak ýola ýoldaş bolmaga gaýraty

çatarmyka?

— Çatar, ýoldaş ýolda tanalýandyr.

— Suw içmäge gelen gyzjagazlar Akmyratdyr Mähriniň gürrüňleriniň arasyny kesdi.

Çagalary ugradyp, Mähri goşlary günden kölegä süýşürişdirip ýören ýigide ýüzlendi:

— Ajyksaňyz garbanmaga zat bardyr.

— Myhmana tagam hödür edilende gaş çytylýan däldir.

— Ol myhmana bagly. Uzak garaşdyryp, bimahal peýda bolan myhman hemişe gujak açyp

garşylanaryn öýtse ýalňyşýandyr.

— Kimmişin ol, peýdasyny-zyýanyny bilmeýän kem rygsal myhman. Bileje käýýäli-le şoňa.

Ýigit yzyndanam başga zat diýdi.

— Ýörüň, garşy bolmasaňyz bir sellem gezelenç edeliň.

Güllere goşlardan kölege ýasap, gün düşmez ýaly ýerleşdirenden soň, gyz ýigidiň

gapdaljygyndan haýaljak ädimläp başlady. Ýigidiň dymyp barmagy indi ony darykdyrdy. Ynsan

ömründe kyn pursatlar az bolýarmy? Şu wagt Akmyrat özüne tarap öwrüläge-de: „Hatyňy

aldym, men seni diňlemäge taýyn” diýäýse, Mähri oňa jogap taparmyka?! Ol Akmyrady

duşuşyga çagyrdy ahyryn. Ýüregini ilkinji bolubam açmaly bolar-da. Ol şu pursata sabyrsyz

garaşmadymy näme? Belki, Akmyrat Mähriniň dillenerine garaşýandyr. Gürrüň etjek, içiňi

dökjek bolsaň, şundan amatly pursat barmy näme? Şonuň üçinem ol „gezim edeli” diýendir.

Ýöne Mähri Akmyrada dil bilen aýtmaga zat goýdumyka? Ol düşünmez ýaly tünt däl-ä! Ýaňky

gürrüňlerdenem many alandyr.

Mähriniň içinde harasat gopýandygyndan bihabar Akmyradam häzir öz pikiri bilen başagaýdy.

Gyz ýigidiň ýüküniň ýetikdigini duýanokdy.

Toýdan soň, Akmyrat uzak wagtlap düňle ýaly bolup gezdi. Eden işiniň çig ýerini gözläp

kösendi. „Näme üçin öň sala salnanda çöp döwen ýaly etmediň? Näme üçin, gowşaklyk etdiň?

Sen entek ykballaryny ene-atasyna ynanýan maşgalalaryň, şeýle ýörelgä eýerýän hossarlaryň

bardygyny unutdyň. Unutsaň, saňa ýatlatdylar. Ýatlatsalar, menem olara öz hukugymy goramaga

hakymyň bardygyny ýatlatdym.

Keseki tarapyndan gurlan maşgalany ykrar etmedim. Ony menden başga her bir akylly-başly

adamam şeýderdi. Şol maşgala öýlenibem bilerin, öýlenmänem, munuň üçin hiç kim meni

ýazgaryp bilmez. Onsoňam göwün bermedik, sulhuň almadyk maşgalaň bilen zoraýakdan

ýaşaşjak bolmak, öz goýberen hataňy, ýa-da kimdir biri tarapyndan goýberilen ýalňyşyňy

düzetjegiň ýa ýuwdugyň bolýarmy? Beýle ýagdaý iki tarap üçinem ýeňil bolmaz ahyryn...”

Akmyrat özüni bir garalady, bir aklady, emma beýnisine agram salýan, şol bir pikirlerden gaçyp

gutulmagyň ýoluny tapmady. Onuň obalaryna-da aýagy çekmedi. Ol garrylardan, garrylaram

ondan öýkeledi. Şäherde-de häli-şindi onuň keýpini bozdular. Ýoldaşlarynyň köpüsi diýen ýaly

ony gutlady. Toýa çagyrmanlygy üçin öýkelänem tapyldy. Şeýdip, ýigit maşgalaly adam

hökmünde ykrar edildi. Şundan soň Akmyrat ýa göwün diýen maşgalasyna gabat gelmedi. Ýa-da

oňa birbada ynsaby ýol bermedi. Ol bir zenana-da baş galdyrmady, göwni-de bölünmedi. Ýöne

ol Mährä telim gezek hat ýazmaklyga synandy. Her gezek gyzyň oda düşen kebelek ýaly örtenişi

gözüniň öňüne gelende, özüne jaý tapmady. Şonda ol näme üçindir özüni aklap bilmedi. Gyz

bilen aralarynda dostluk haty gatnap dursa-da, ol ynjaljakdy. Muňa-da onuň bogny ysmady.

Mähriniň has ynjamagyndan gorkdy. Akmyrada düşünmezligi mümkindi. Düşünmese

bagyşlamaz. Ýüzbe-ýüz bolubam onuň agzyndan bir agyz söz alyp bilmedi ahyryn. Mähriniň

soňky ykbaly bilen ol diňe Hojamyradyň hatlary arkaly tanyşýardy.

Akmyrat Mähriniň okuwa gidenini eşidip uçursyz begendi. Emma telim ýyllap gyzyň durmuşa

çykman gezip ýörmegi, ony hem gynandyrdy, hem oýlandyrdy. Ýöne onuň sebäbini Akmyradyň

dostlarynyň, hatda gyzyň iň ýakyň jorasy Heseliň-de düşündirip bilmeýşi ýaly, ýigidiň özi üçinde düşnüksizligine galdy. „Ýa gyz taýyny tapanokmyka? Kim bilýär, belki, birine garaşýandyr.

Ýeriň-gögüň diregi Akmyrat däl ahyryn”. Ýigit onda göwnüniň ýokdugyny hut gyzyň özüne,

onda-da çürt-kesik aýtdy. Onsoň Akmyat öňki pikirinden dänäýende-de, Mährini şeýdip

syňsyradyp goýberenden soň, üstesine-de göwni bölek bir adam bilen ýaşamaklyga razylyk

bermez. Ýöne Akmyradyň hossarlaram ýigit gaty görsün, ýumşak görsün, Mähriden el

çekmediler. Şol ýapyşdylar ýatdylar. Ejes-ä ýüz berilmese-de gudalaryndan aýagyny çekmedi.

Ýigidiň kakasy bolsa, oglundan ymykly göwni galansoň, Akmyrat okuwyny gutarýança bu

mesele bilen bagly gürrüň gozgamady. Şäherde işe başlap arasynda ilkinji gezek öýlerine dynç

almaga gelende welin ýanyna çagyryp, diňe ikije agyz söz aýtdy. „Akylyňa aýlan-da, maşgalaňy

ýygna, çen boldy!”.

Bu gezegem Akmyrat sesini çykarman kakasynyň ýanyndan turup gitdi...

Mähriniň ykbaly her näçe oýlandyrsa-da, uzak ýyllaryň dowamynda Akmyradyň bir zada gözi

ýetdi. Ýigit gyzyň Mährine suwsap, hyýalynda ýekeje gezegem ony gujagyna gysmady. Mähri

bilen gülüp-oýnap oturmak meýli-de Akmyratda döremedi. Şonuň üçin hem ol Mähriniň hatyny

alyp begendi. Bu gezek boýnuna atylan „syrtmagy” sypyrmaklyga mümkinçilik taparyn öýtdi.

Ýöne şol mümkinçiligem Akmyrady ýene oýlandyrdy. Ol-da gyzyň özüni söýmegidi. Şol

söýgini gyz kynlyk bilen bolsa-da boýnuna alypdy. Indi şol hakykata gözi ýetip durka-da,

Akmyrat şu wagta çenli Mährä diňe gussa ýuwutdyran söýgini gyz ýüreginde hemişelik

jaýlamak üçin, duşuşyga barmalydy. Mähriniň iň soňkuja umydyndan-da el üzdürmelidi.

Iki daşyň arasynda galan ýigit gyzyň hatyna jogap ýazyp bilmän, ýaýdanyp gezdi. Bu-da

adamçylyk däldi. Gyz jogaba garaşýardy. Şonuň üçin hem Akmyrat kynam bolsa Mähri bilen

düşünişmegi ýüregine düwdi.

Juwanlar öz pikirleri bilen gümra bolup şol dymyşyp gidip barýardylar. Kä ýerde bolsa,

öňlerinden çykan gülleriň göwünlerine ýaranlaryny eglip alýardylar.

Şu gidişlerine sözleşmän diýen ýaly çagalaryň arasyna bardylar.

Akmyradyň ýüzi şol bada açyldy. Ol Mährini ýalňyz galdyrdy-da, okuwçylaryň baryny bir ýerik

toplady. Soň gyza ýüzlendi:

— Geliň, bir salym çagalygy ýatlalyň!

Ýigit çagalaryň biri-biriniň elinden tutduryp, tegelek halka gurdurdy. Mährem iki çaganyň

arasyndan girdi. Akmyrat çagalara oýny nähili oýnamalydygyny düşündirip durşuna gözleri

ýanyp duran dogumlyja oglany orta çykardy, adyny sorady.

— Sapby bolsaň gaty gowu-da – diýip, Gülälek atly gyzjagazy-da çagyrdy.

Özem çagalaryň arasyna girdi. Gyzjagaz gulpagyny tasadyp gaçyp başlady. Oglan kowdy.

Çagalar „ýet-de, gaç”, bolşup uly goh turuzdylar. Akmyrat hem uly gykylyk edip gyzjagazy

gyssaýardy. Oglana degýärdi.

Gyzjagaz ýadap Akmyradyň ýeňsesinde gelip durdy. Gowur, gykylyk asmana göterildi. Ýigit

gaçyp barşyna penjegini çykaryp, otuň üstüne zyňyp goýberdi. Akmyrat galstugyny galgadyp,

edil çaga ýaly tegelek halka girip çykýardy. Ahyram ol sap atyp barşyna oglanjygyň alnyndan

çykyp tutuldy. Indi oglanjyk gaçyp başlady. Epeý  piýada ýetip gelýärdi. Ol tutuljagyny bildi-de

Mähriniň arkasynda gelip durdy. Gyz gaçjagyny, durjagyny bilmän ýaýdandy. Akmyrat hem ony

kowman, „nädýärkä” diýen manyda oňa seretdi durdy.

Mähri ýylgyrdy-da aýlawyň içine girdi. Ýigit aýlawyň içine girenden ol daşyna çykdy. Mähriniň

tokmak ýaly saçlary, ol gaçanda bir öňüne bir yzyna düşdi. Akmyrat ol saçlara elini ýetirmäge

ejap etdi. Gyzy tutmaga az galanda ol saklandy. Mähri gezegini başga birine berdi. Şeýdip,

Akmyrady oňat ýadatdylar.

Mähri çagalardan aýrylyp gyra çykyp oturdy-da, olary synlap başlady. Çagalar ýadamany,

ýaltanmany bilýärmi näme? Akmyradam olardan kem oturanok. Sapby bilen gidişýär. Biri

yzynda, biri öňünde çagalaryň daşyndan telim öwrüm etdiler.

Mähri goňşy gyzy diňe gapdalyna gelende görüp galdy.

— Halys lütüm çykdy, zordan tapaýdym–diýip, ol Mährä ýüzlendi: –Çagalar aljyratmadylar

dälmi, Mähri jan!

— Ýok-la, heziller edindiler.

Çagalaryň arasyndaky del ýigide gyzyň şol bada gözi düşdi.

— Kim ol, Mähri!

— Akmyrat!

— Hä!..

Goňşusy gözlerini tegeläp, Mähriniň ýüzüne seretdi.

Gyz gyzaryp ondan ýüzüni öwürdi. Mähriniň özi içgin gürrüň bermese-de, Akmyradyň kimdigi

goňşusyna mälimdi. Şonuň üçinem ol begenip, hem geň galyp ýene Mährä syrly garady. Mähri

ýanlaryna gelen ýigidi goňşysy bilen tanyşdyrdy.

Çagalary naharlanlaryndan soň, üçüsem çaýdan kökläp, tä gün gijigýänçä bileje gezdiler.

Kömelek gözlediler.

Akmyrat gyzlara çagalary derýadan geçirişdi-de, tä olar gözden ýitýänçä yzlaryndan seredip

durdy.

Ýigide ýap-ýaňam şeýle lezzet beren, göwnüni göteren gülälekli meýdan birden boşap galana

döndi, tukat göründi.

Mährini sagaldyş öýüne baş lukman edip bellediler. Gyz işe baranda ony gapyda Dmitriý

Wasilýewiç şeýle keýpihon garşylady. „Diýenimi gögerdýändirin” diýen many -da gözlerini

ýeserlik bilen güldürip, Mähriniň ellerini mäkäm gysdy-da, onuň öňüne düşüp uly goh edip jaýa

girdi. Mährini ýerli-ýerden gutlan lukmanlar, gyzyň bagtly bolmagyny arzuw etmegide

unutmadylar.

Mähri giçden soň, sagaldyş öýüniň ulagy bilen öýlerine gaýtdy. Hassahana geçen hepde täze

jaýyna göçüp gelen hem bolsa, Mähri dagy entek ýerlerinden gozganmandy.

Hassahananyň jaýlary giň hem ýagtydy. Onuň tutýan meýdany-da öňkä görä dört esse dagy

bardy. Jaýlaryň gapysyna oturdylan nahallaram eýýäm başlaryny belent tutuşyp gök salyp

otyrdy.

Ynsana ynam bildirilse, hormat goýulsa, ol nähili hoşbagt bolýar. Gyz çaý goýup ýeňiljek

agşamlyk taýynlady, emma gazany täzeden atarmaly boldy. Gyzyň dost-ýarlary, işdeş ýoldaşlary

oslagsyz gapydan girdiler. Bu ýagdaý Mährini çaksyz begendirdi. Gijäniň bir wagtyna çenli

aýdym-saz edip oturdylar.

Şol gün agşam Mähriniň uzak wagtlap ukusy tutmady. Ol daşarda tagta sekiniň üstinde ýatan

ýerinden gök asmana, örän uzakdan görünýän hünji ýaly ýyldyzlara seretdi ýatdy.

Gije şeýle ajaýypdy. Howa iňňän tämizdi, jana ýakymlydy. Asuda howada daş-töwerekdäki

ekinlerden, ot-çöplerden mör- möjekleriň sazlaşykly jürrüldisi eşidilýärdi. Niredendir bir ýerde

traktor üznüksiz tarlaýardy. Mähri kä bu seslere diň salýardy, käte oýlanýardy. Öýdäkiler bir

wagt süýji uka gidipdi. Mähri welin bagtly gününde oýlanyp ýatyr. Ýene sanlyja günlerden

obadaşlary täze oba göçmelidi. Akmyratlaryň obasam şu oba bilen birleşipdi.

Mähriniň ýigit kä ýarym oba gelende oňa duşmagy mümkindi. Ýöne Akmyradyňam şol

gezelençlerinden soň, gülälekli meýdanlara soňam telim gezek aýlanýanyndan Mähriniň habary

ýokdy. Aşgabada gitjek gününiň öň ýanyndaky günem aýlanypdy.

Dogrusyny aýtsa, ýigidiň ilkinji gezek obalaryndan şähere aýagy çekmedi. Mährä baglanan ýüp

indi ony her ýerdenem dartyp başlady. Uçaryň bortunda otyrka-da ümbilmez asman giňişliginden

Mähri şol utanjaň ýylgyryşyny edip gözlerini balkyldadyp seretdi durdy.

Şundan esli wagt geçenden soň Akmyrat obadaşlaryndan hat aldy. Dostlaryndan gelen hatda,

aýratynam ýaşlar guramasyndan gelen gök bukjada Akmyrat uly toýa çagyrylýardy. Oba

adamlary täze ýurda göçýärdi. Bu yigide bahana bolup, rugsat alyp, oba gaýtdy.

Akmyrat entek oýanmanka, ýaşlar guramasynyň başlygy ir bilen olaryň gapysyny kakdy.

Sürüjileriň biri näsaglapdy.

— Sen meni toýa çagyrdyňmy, ýa işe – diýip, ýigit ýyljyraklap başujunda duran ýigide ýüzlendi.

Akmyrat çaýynam gyssanmaç içdi-de ýigit bilen çykyp ugrady.

— Oglum! Özümiz haçan göçeris? – diýip, Nurjemal daýza içersiniň goşlaryny ýygnaşdyryp

ýörşüne bularyň yzyndan gygyrdy:

— Howlukma, eje, ynha gelerin.

Oglunyň bir gitse, agşamdan bäri köwlenmejegini Nurjemal daýza bilýärdi.

Ýigitler uly ýoluň gyrasynda köne ulagy otlap bilmän duran başlygyň ýanynda aýak çekip, oňa

degdiler:

— Saňa-ha täzeje ulag ýeten eken-ow.

— Sylap berenleri-dä şu! – diýip, başlygam güldi.

Başlyk Akmyradyň Aşgabat ýaly ýerden sylap toýa gelenine minnetdarlyk bildirdi-de, agşam

olara salamlaşmaga baryp bilmänligi üçin ötünç sorady.

— Toýda oturşarys – diýip, başlyk eýýäm kabina giren ýigide ýüzlendi.

Ulag otlananyndan, soň Akmyrat ondan böküp düşdi-de, ýoldaşy bilen öz ulagyna tarap ugrady.

Ir bilen goş ýüklenen ulaglar obany uly zenzele edip ýola düşdi. Goňşy obalardanam kömege

gelen ulaglar bardy. Oba adamlarynyň keýpleri diýseň kökdi. Degişýärdiler, gülüşýärdiler. Biribirine kömekleşýärdiler. Egsigräk giden ulaglar beýleki bir öýüňem goşundan atyp, öý eýeleri

biri-birine ýomak atýardy: „Towuga ýükläýmeli goşuňa ulag nämäňe gerek. Daň-da arkaňa”.

„Näteňet aýt, bu zatlaň, Karunyň maly ýaly dünýä syganok. Obaň dört tigirlisiniň baryny özüň

eýelediň how! „Sen nämä gepleýäň. Özüňden habar ber. Seň asyl keýwanyňam bir ulaga ýük-ä”

„Hudaýaty ýaly edip, şol aýalyňam kabina salýaň tigire ýapyşyp gidende bolmaýamy” diýşip

aýal erkek biri-birinden kem oturanokdy.

Akmyrat obadaşlarynyň gürrüňlerine gülüp heziller edinýärdi. Ýigidiň özünem aýap

goýanokdylar. „Heriňiz bir gapyda gezişip ýörmäň-de, birleşiň sizem” diýýärdiler. Şol aladalar

hem ýürekdeş gürrüňler indi Akmyradyň gulagyna hoş ýakýardy.

Günortanlar tama arkasyny berip gunduz ýaly sakgalyny owaçlap oturan ýaşuly öýleriniň goşuny

ulaga ýükleşip duran ýigidi uzak wagtlap göz eleginden geçirdi-de, birdenem ony ýanyna

çagyrdy.

— Bärik gel -le, ogul! Bir zat sorajak welin, aýyplaşma, şu lukman gyz seň gelniňmidir?

Gojanyň garşysynda duran ýigit gyzardy-da näme diýjegini bilmän, aşak bakdy. Köpi gören

duýgur garry, ýene oňa ýüzlendi: — Hany ýüzüme gönüläp seret, oglum! Şonuň ýaly, edenli

ýary bolan akylly ýigit, ýeke gezer ýörermi? Maşgalaňy ýygnasaň bolmaýarmy. Tutuş obaň

sylan maşgalasy, gel-gel, indi saňa ýaranokmy?

Ýaşuly ýene degerli sözleriň birki sanysyny suňşurdy. Onsoň ulaga münmek üçin synyny silkip

ýerinden galdy. Akmyrat başyny götermän ulaga girdi, ulagy otlady.

Täze oba giň hem gözeldi. Güýz oturdylan agaçlar  hatara salnan jaýlaryň öňüni hem yzyny

tutup, hellewleşip otyrdylar. Derýa ýaly giň köçeleriň iki gapdalyndan düzülip gidýän baglaryň

öňüni al-ýaşyl güller tutup töwerege atyr ysyny saçýardy. „Ýurduň garşy alsyn”, „Toýly, gelinli

jaý bolsun” bu sözler uzynly gün täze obanyň ähli ýerinde gaýtalandy durdy.

Akmyrat Mährä gabat gelerin umydy bilen uzyn gün ony gözledi, emma sataşmady. Ertesi

hassahana barmaklygy ýüregine düwüp, giçlik öýlerine gaýtdy. Gelse, bir ýigitdir iki gyzy

ejesiniň ýanyna kömekçi iberipdirler. Goşlar taýýarlanyp ulaga ýükläbermeli edilipdir. Akmyrat

öz öýleriniň goşlaryny-da ulaga ýükledi.

Nurjemal daýza dört otagly giň hem ýagty jaýlarynyň birinde özi ýerleşdi. Beýlekilerini ogluna

goýdy. Sebäbi uly oglunyň özbaşdak jaýy bardy.

Öňem telim gezek görendigine garamazdan, Akmyrat jaýlaryň içine ýene bir laý aýlanyp çykdy.

Giň hem ýagty otagyň edil gapysynda aýak çekdi. Hyýalynda Mähri törde gyýarak bakyp

oturypdyr-da, garamyk ýaly gözlerini gyrpman, adaja ýylgyryp Akmyrada seredýär. Ine-de, ol

dulda asylgy aýnaň garşysynda uzyn saçlaryny daraýar. Akmyrat ýuwaşlyk bilen barýar-da ony

gujaklaýar.

— Akmyrat!

Ejesiniň sesine ýigit ukudan açylan ýaly tisgindi-de, yzyna öwrüldi. Ýadaw garry ogluna Nirde

nämäni goýmalydygyny sala salyp durşuna yrsarady. Bu gezek ejesiniň igençleri ýigidiň

göwnüni göterdi:

— Ne gözel maşgalany biaryz edip, idemän ýörmäge sen utanmasaňam biz utanýas. Halanyňy

edäý, gitjek-de dilejek. „Gelnimi beriň!” diýjek. — Wah, indi oň ýaly maşgala biziň

gapymyzdan garamaz-la! Men bir häki göwnümi aldap ýörendirin-le!

Hemişe gulagyny gazap ýörensoň, Nurjemal daýza bu gezek hem ogly özüni diňlemeýändir

öýtdi. Emma Akmyrat ejesiniň gürrüňlerine ýylgyrdy -da, bälçiredi:

— Eje, maňa tapawudy ýok, isleseň gitde häzir getiräý! Gaýnym haçan gelerkä diýip garaşybam

oturandyr şol.

Nurjemal daýza ýazjak bolup duran halyçasyny düýbe oklap goýberdi-de, dikelip ogluna

çiňerildi:

— Oýun etmegin, ejeň çynydyr. Edil giderdejik getiräýerin.

— Getiräý diýdim-ä.

Nurjemal daýza oglunyň oýnuna, çynyna düşünmän, onuň ýüzünden many aljak bolýan ýaly

hasam içgin seretdi:

— Çynyňmy, oglum?

Akmyrat magnitofony dörjeläp oturyşyna başyny galdyrman seslendi:

— Eje, birinjiden-ä ol seniň gelniň däl, ikinjidenem „haçan eýelik edäýerlerkä?” diýip olar saňa

garaşyp oturandyrlar öýtme.

— Garaşýandyr-da, oturandyr. Şolara at tezegini guratman gatnaýanlaryň ençemesini özümem

bilýän. Şol adamlar bizden ileri bolmasalar, pes adamlar däl. jan oglum! Eneňe-ataňa „hä” diýäý,

şol maşgalany harlasak, döwlet tapmarys.

Hemişe gelni hakynda gürrüň gozgalanda ýüzi çytylýan oglunyň bu günki bolşuny Nurjemal

daýza geňräk gördi. Oglunyň alkymyna dykylyp bardy.

— Jan oglum, eneňe-ataňa „hä” diýäý. Şol maşgalany harlasak döwlet tapmarys.

Ýigit başyny galdyrdy:

— Eje sen indi ogluňa däl-de, gelniňe ýalbarmaly bolaýmasaň?!

— Nurjemal daýza henizem gulagynyň eşidýän zatlaryna ynanman, oglunyň ýüzüne seredýärdi.

Emma Akmyrat oýun edýäne-de, garşylyk görkezýäne-de meňzänokdy. Şol gün Nurjemal daýza

gelnini duluna geçirene döndi. Ökjesi ýeňledi. Ol hut şol günüň ertesi gelniniň yzyndan gitmegi

göwnüne düwdi.

Ejesi bilen aralarynda bolan gürrüňden soň, Akmyradyň has-da ynjalygy gaçdy. Ejesiniň gitjegide, dilejegi-de hakykatdy. Ol Mähriniň göwnüni bilenok, özüne garaýşyny anyklanok. Idejek

bolsaň öň näme işlediň diýmezmi? Muňa ýigidiň ynsaby çatarmyka? Emma başga bir zat

Akmyrady oýlandyrdy. Gülälekli meýdanda ýigide hyrydar garan jadyly gözler uzak ýyllar

didaryna zar bolup, iň soňunda-da ezizine gowşan bagtly adamyň şatlygyndan habar bermedimi?

Elbetde, ol gözler syrlydy hem galagopdy. Emma ol gözler söýgüden, mähirden  püre-pürdi. Her

bir paýhasly adam ony saýgarjakdy. Mundan ençeme ýyl öň gymyldaman, sarsman oturan şol

ajaýyp göwräni-de, belki şol duýgy doňdurandyr, heýjana salandyr.

Şundan soň gyz, ýigde ýedi ýyllap garaşmandygyny özüne ynandyryp bilmeýşi ýaly, hiç kime,

şol sanda Akmyrada-da ynandyryp biljek däldi.

Akmyrat ölçerip-döküp, Mähri bilen ýene bir gezek duşuşmaly diýen pikire geldi. Onuň bilen

ymykly gürleşmegi ýüregine düwdi.

Bir gün Mähri işden gelende ejesi ony alňasak hem galagoply garşylady.

— Garaşdyrdyň-la gyzym – diýip, ol Mähri içerik girmänkä öňünden çykyp aýtdy.

— Saglykmy eje! – diýip Mähri geňirgendi. Hem ejesiniň ýüzüne aladaly seretdi.

— Saglyk-la.

Gyz ejesi galagoplansa-da, ýüzünden onuň özüne bir şatlykly habar aýtjak bolýandygyny duýdy.

Ýöne onuň nähili habardygyny aňşyrmady.

Mähri düşege geçip oturansoň, Dürjemal demlän çäýnegini gyzyna uzadyp, özem gapdaljygynda

oturdy-da:

— Gyzym, olar-a geldiler – diýdi.

Mähriniň ýüzündäki bilesigelijilik şol bada ýitirim boldy. Göwnüne bu söz ejesi tarapyndan

ähmiýet berilmän aýdylyp goýberilen ýaly bolup duýuldy-da şeýle bir ýokuş degdi, ýüzi üýtgedi

gitdi.

Gyzynyň göwnündäkini ýüzünden okap bilýän Dürjemal geň galmakdan ýaňa Mährä aňalyp

galdy. Eýsem gyz telim ýyllap Akmyrada däl-de, kime garaşypdyr. „Garaşmadym” diýip, ol

Dürjemaly ynandyryp biljekmi? Muňa gaty oňat düşünýän Mähri ep-esli salym başyny aşak

salyp oturdy-da:

— Eje, sen olara näme diýdiň – diýdi.

— Senden bimaslahat men olara näme diýjekdim.

— Oňarypsyň eje! Indi geläýseler...

— Hawa näme diýeýin?

Dürjemal gyzynyň jogabyna alňasady.

Göz açyp-ýumar salymyň içinde Mähriniň aňynda onuň bütin geljekki ykbalyny çözýän göreş

gitdi. Akyl bilen duýgynyň çaknyşygy gyzy bir elendirdi. Gyzynyň howsalaly hem gamgyn

ýüzüne aladaly sereden Dürjemalyň ýüregi gyýyldy.

— Olara aýdaý, eje, hawa aýdaý, men olara razy däl, razy däl!

— Saňa näme bolýa, Mährim!

— Eje menden häzir hiç zat sorama, haýyş edýän! Diňe şony diý!

Dürjemal dogrudan hem boz-ýaz bolup oturan gyzyna näme diýjegini bilmedi.

Mähri süňňüni saklap bilmedi-de, içki jaýa girdi. Oturdy-da elini maňlaýyna ýetirdi. „Özüň

gapysyndan ätlemäge namys edipsiň-dä! Bir wagt sulhuň almadyk maşgalaňy terk edip

gideniňde, dogry edipdiň. Şonda seni ýazgarmandym. Häzir welin ýazgarjak. Dogry, Mähri

harlandam, horlandam, ýöne şu güne welin garaşypdy. Akmyrat öýlenýänçä, ol henizem garaşar.

Ýöne „Kör hasasyny bir aldyr, iki aldyrmaz”. Mähri Akmyrady henizem sylaýandyr. Onuň üçin

Akmyradyň ornuny tutup biljek adam başga ýokduram. Şonda-da, Mähri öz sarpasyny

saklaýandyr. Indi onuň başga adamyň sözi bilen seň gapyňdan ätlemejegi çynydyr. Senem muňa

düşünmän duran dälsiň. Belki, Mährini ýene bir gezek synamakçy bolansyň. Oňarypsyň synasaň,

jogabyň nagtdyr!”

Daşky işik açyldy. Ejesiniň aýak sesini eşidip Mähri özüni oňaýsyz duýdy. „Ejem jan, ýene

örtenýäň-dä! Adam etdiň, emma sen meniň azarymdan henizem dynaňok...”

Dürjemal gapydan boýnuny uzatdy.

— Mährim, naharyňam sowady, gel, gyzym, bir çaý içeli!

Gyz ejesiniň aýak sesine diň salyp, az salymdan ýerinden galdy. Çaý başynda Dürjemal gyzyna

göwnündäkini aýtdy.

— Mährim, öň ejeň saňa akylam beripdi, käýýäpdem. Indi saňa akyl bermäge çakym ýok,

gyzym, sen oňa mätäç däl. Ýöne ýanýan ýerim, ejeň bilen derdiňi paýlaşaňok, balam. Paýlaşaýyn

diýsem syr saklaýaň. Keseki däl ahyryn, men! Aýt maňa, araňyzda näme boldy? Sebäpsiz, ol

adam ibermez. Geleniňem indi ondan bidin gapydan ätlemejegine ejeň akyly ýetýär.

Horlandyňam, harlandyňam, balam, ýöne muň üçin ony ýazgarasym gelenok. Bir

adamda  göwnüň bolmasa, özüňem, onam horlap ýaşamakdan ýaşaýyş bolmaz. Wah, bu zatlary

men saňa öwretmeli däl-le! Ýöne janym durman, aýdyp otyryn. Bilýän, gyzym, namys edýänsiň.

Ýöne namys etseňem, sen şu günki güne garaşdyň ahyryn! Gör-dä, ogullarynyň göwni bölek

bolmasa, şu gezek nesihatymy alsaň, oňat görýän.

— Eje, sen menden nägile bolma! Gizläp-gizlemez ýaly mende üýtgeşik syr ýok. Ylalaşyp adam

iberendir öýtseň, ýalňyşýaň. Onsoň nähili düşünseň düşüniber.

Geňirgenip gyzyň ýüzüne sereden Dürjemal näme diýjegini bilmedi. Gyzyna syr bildirmese-de

erbet gynandy.

Eneli gyz Nurjemal daýzanyň ogluna, adamsyna duýdurman begenjinden alňasap gaýdandygyny

nireden bilsinler. Ýöne bu gezek ýigidiň ejesi oglunyň arkan gaýtmajagyna göz ýetirip begenipbegenip gaýdypdy. Habary alynmazam öýtmändi.

Ertesi irden işe baranda Mährä düýn Akmyradyň iki gezek özüni gözläp gelendigini aýtdylar.

Mähri iş bilen şähere gidipdi. Gyzyň ýüki birneme ýeňledi.

Dmitriý Wasilýewiç işdeş ýoldaşlaryny günibirin tam toýuna çagyrdy. Garrynyň iki otaglyja

jaýynyň ikisinde-de stolda uzynlygyna saçak ýazylyp myhmanlar onuň iki gapdalyna

ýerleşipdir.

Lukman ýigitleriň biri ýerinden galyp, Mährä bada orun görkezdi. Emma Dmitriý Wasilýewiç

Mähriniň egninden tutup, öz ýerinde oturtdy. Gyz gözlerine ynanmady. Gapdalyndaky oturgyçda

Akmyrat bilen bir nätanyş ýigit otyrdy.

Öý eýesi mugallyma gyzy stoluň beýleki tarapyna alyp gitdi. „Gyzym, sen bujagaz ýerde otur”

diýip, ony öýlenmedik bir lukman ýigidiň gapdalynda oturtdy-da özem güldi. Oturanlaram

gülüşdiler

— Toý bahanasy bilen etjegiňizi edip ýörsüňiz-le Dmitriý Wasilýewiç – diýip, myhmanlaryň biri

oňa degdi.

— Ýogsam näme. Juwanlar toýda tanyşsa, oňa ýetesi näme bar?

— Mähri, gyzym. – Dmitriý Wasilýewiç bir zatlar diýmek isledi-de, ýadyna düşmedimi nämemi

saklandy. Onsaň: „hawa, sizem tanyşyberiň” diýdi.

Oturanlar gyzyl-gyran gülüşdiler. Mähri birneme gyzardy. Akmyrat bilen nätanyş ýigit bolsa,

hezil edip güldüler.

— Gapdalyňdaky, gaty eýjejik-le. Ýa eýelimi? – diýip, Akmyradyň gapdalyndaky ýigit onuň

gulagyna ýuwaşja pyşyrdady. Akmyrat ol sözleri Mähri eşidendir öýdüp, birbada dymyp oturdyda, çepine öwrüldi:

— Häzir däl. soň aýdaryn.

— Şuny sypdyraýsaň, eşitmedim diýme, Aşgabada barmarsyň.

Akmyrat ýylgyrdy. Ýöne Akmyradyň gürleşinden onuň jyda galagopdygyny ýigit duýdy.

Dmitriý Wasilýewiç myhmanlary ýerleşdirenden soň, özem bir oturgyç getirip, Mähriniň

gapdalyndan ýer alyp oturdy. Onuň bilen myhmanlaryny tanyşdyrdy. Akmyradyň çep

gapdalyndaky saryýagyz ýigit öý eýesiniň uly ogly eken. Ol Akmyrat bilen bile okapdyr.

Häzirem uçarman bolup, onuň bilen işleýän eken.

Öý eýesi naharyň goýluşyny haýal gördümi ýa ynjalmadymy, ýene turup gitdi.

Mähri durşy bilen mähre ugrulan mähek ýalyjak bu garryda birhili özüne ýakynlyk, ýürekdeşlik

duýýardy. Garrynyň şujagaz kiçijik göwresine şeýle hoşamaýlygy tebigatyň beýle bol-elinlik

bilen eçilişine geň galýardy. Muny bir adamda jemlemän, ýaramaz adamlaryň ençemesine

azajykdan paýlanyňda-da, olar ortaça adamlar boljakdy. Onuň elinden ýüzlerçe adamlar dünýä

täzeden gaýdyp gelmedimi? Ähli adam onuň ogly ýa gyzy. Jaýy dolduryp oturan myhman laryň

hemmesi diňe bir onuň işdeş ýoldaşlaram däl ahyryn. Emma olar goja bir-birinden ýakyn. Ikibaka ylgaşlap ýören garra, hersi bir zat diýip degýär. Onuň jogaby bolsa nagtdy.

Ýigitler ony oturdyp özleri hyzmat etjek. Emma öý eýesi hyzmat etmegi keýwanysyna-da

ynanman, özi ylgap ýör. Bahana-da tapýar.

— Keýwanyny ýerinden gozgamak kyn. Dogrusy onuň oturanyny kem göremok. Aşhanamyz

darrak. Ol girse ikinji adama ýer ýok – diýip inedördül aýalynyň ekinine-de daş oklaýar.

Nahardan soň, stollar bir gapdala süýşürilip ýörite boş ýer goýuldy.

Akmyradyň goňşusy ýerinden galdy. Ol stoluň üstündäki akkardiony aldy-da ýene öňki ýerine

dolanyp geldi. Akmyrady goýman orta çykardy-da içerini ýaňlandyryp çalyp başlady.

Akmyrat „Matroskany” şeýle bir ökdelik bilen ýerine ýetirdi weli, ony ikinji gezegem

gaýtalatdylar.

Bu gezek Akmyrat mugallyma gyzy tansa çykardy. Gyzyň gamak ýaly göwresi ýigidiň daşynda

edil guş ýaly pyrlandy. Mähri bilen Dmitriý Wasilýewiç tans edýärdi. Nobaty başga birine berip

Akmyrat gyra çekildi. Uçarman ýigit oňa başyny atyp, ümläp bir zatlar diýdi. Akmyrat

ýylgyrdy-da, jogap bermän başyny ýaýkady.

Tansçylar mazaly ýadanlaryndan soň, ýigit walslaryň birini çalyp başlady. Akmyrat Mähriniň

garşysyna gelip durdy.

— Tans etmerismi, Mähriban!

Ençe ýylyň aýraçylygyndan soň, Akmyrat gyzyň adyny doly tutdy. Muny duýsa-da, Mähri syr

bildirmedi. Ýöne onuň bedeninde ýeňiljek galpyldy peýda boldy. Utanjyndan gyzaryp örän agras

ýerinden galdy.

Iki öwrüm edenlerinden soň, Akmyrat elini gyzyň bilinden aýyrdy-da, onuň arkasynda boýy

bilen tas des-deň bolup duran ýogyn saçyna ýetirdi. Ony emaý bilen gyzyň öňünden goýberdi.

Mähri geňirgenip ýigidiň ýüzüne seretdi.

Akmyrat ýylgyrdy-da, beýlekiler eşitmez ýaly, gyzyň gulagyna ýuwaşja pyşyrdady:

— Ol durmaly ýerini ýalňyşypdyr, Mähriban!

Ýigit mähir bilen gyzyň gözlerine seretdi, berdaşly gollarynyň içindäki näzijek eli ýuwaşja

gysdy-da:

— Ejemi näme öýkeledip goýberipsiň, indi beýtseň, özüm bararyn – diýdi.

Mähri utanyp, ýüzüni ýigidiň döşünde gizledi.